# DÖWLET DOLANDYRYŞYNYŇ NAZARYÝETI

Aşgabat - 2010

**Muhammet Akmyradow.** Ýokary okuw mekdepleriniň syýasaty öwreniş hünäriniń talyplary üçin okuw gollanmasy. - Aşgabat, 2010.

Taryh ylymlarynyň kandidaty M.Hojagulyýewiń ylmy redaksiýasy bilen.

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**© Muhammet Akmyradow.**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

# GIRIŞ

Garaşsyz Türkmenistanyň esasy kanuny - Konstitusiýasynda Türkmenistan demokratik, dünýewi, hukuk we bitarap döwlet diýlip nygtalýar. Şoňa görä-de ähli döwlet edaralarynyň (organlarynyň) ulgamlary bilen bir hatarda dolandyryş ulgamlary hem döwlet dolandyrmakda uly orna eýedirler.

2007-nji ýyl türkmen jemgyýeti üçin ruhy-ahlak taýdan aýratyn joşgunly ýyl boldy. Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurduň Prezidentlige ählihalk tarapyndan saýlanylmagy ýylyň esasy syýasy wakasy boldy. Bu waka garaşsyz, bitarap Türkmenistanyň öz ösüşiniň täze basgançagyna – milletiň beýik Galkynyş eýýamyna gadam urmagy bilen şöhratlandy.

Gurbanguly Berdimuhamedow döwlet baştutanynyň wezipesine girişen gününden başlap, jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryny düýpli özgertmäge başlady. Onuň başlangyjy we ýolbaşçylygy bilen ýurtda demokratiýany pugtalandyrmaga, ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmaga, ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandymaga gönükdirilen ägirt giň gerimli, ösüşli özgertmeler ýaýbaňlandy.

Ýurtda başlanan täze eýýamyň sergin şemalyna halkymyz gowy göz ýetirýär we ony tüýs ýürekden kabul edýär. Munuň özi adamlara ganat bekläp, olaryň ertirki günlerine ynamlaryny artdyrýar, olaryň döredijilik ruhuny ýokary galdyrýar, olary jan aýamazdan, yhlas bilen, ak ýürekden işlemäge atarýar.

Muňa ýurtda geçirilýän durmuş-ykdysady özgertmeler aýdyňlyk bilen şaýatlyk edýär. Şeýle özgertmeleriň netijeleri bolsa her bir ädimde diýen ýaly, jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda – hemme ýerde äşgär görnüp dur. Olar, ilkinji nobatda, bilim, ylym, saglygy goraýyş, durmuş üpjünçiligi ulgamlaryndaky özgertmelerdir, ýurduň ählumumy kompýuterleşdirilmegidir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň öz çykyşlarynda nazaryýeti, syýasaty we tejribäni, öňde durýan wezipelerini hem-de olary çözmegiň ýollaryny bir ýere jemlemegi, syýasy, ykdysady, durmuşy hem-de ruhy meselelere aýrylmaz baglanyşyklylykda garamak bilen, ýurduň mundan beýläkki ösüşinde ileri tutulýan ugurlary kesgitlemegi bellenilmäge mynasypdyr. Ol täze taryhy tapgyrda öz syýasy ýörelgeleriniň esasy ugurlaryny ymykly belledi. Ol ugurlar bolsa şu aşakdakylardyr:

türkmen halkynyň demokratik gymmatlyklaryny nazarda tutmak arkaly döwletiň hukuk binýatlaryny pugtalandyrmak;

ýurduň ykdysady kuwwatyny has-da artdyrmak;

ilata mynasyp ýaşaýyş şertlerini üpjün etmek;

jemgyýetiň ruhy ýagdaýyny kämilleşdirmek, bilimiň, ylmyň we medeniýetiň pajarlap ösmegini gazanmak;

ýurdy halkara bileleşikleri ulgamyna ymykly goşmak.

Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň esasy ugurlar baradaky şu wezipelerini netijeli çözmek, özgertmeleri we jemgyýeti hil taýdan täzelemek meselelerini üstünlikli durmuşa geçirmek üçin ýurduň garaşsyz ösüş ýyllarynda toplan tejribesini we mümkinçiliklerini başarjaňlyk, döredijilik bilen peýdalanmagyň, şeýle hem dünýä ylmynyň we tilsimatynyň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmagyň möhüm ähmiýeti bardyr.

Öňde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmekde döwlet dolandyryş edaralarynyň agzybir, utgaşykly we örän guramaçylykly işlemeli dürli derejeli ýolbaşçylarynyň üstüne aýratyn jogapkärçilik düşýär.[1]

---

[1] Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Tom I. Aşgabat, 2008ý., s.8

# I. Döwlet dolanşygy ulgamlaýyn jemgyýetçilik äheňi.

Dolandyryş adamzat taryhy dowamynda dörändir.Ol adamlar tarapyndan döredilip özleriniñ durmuşuny pikirli dolandyrmak we olaryñ bähbitlerini goramak üçin döredilen.Öz gezeginde maşgala, eýeçilik, ahlak, hukuk, önümçilik, döwlet, habarlaýyş ýaly jemgyýetçilik inistutlary bilen bir hatarda tutulýar.Dolandyryş-latyn sözünde-redere,iñlisçe-control, managanent, fransuz sözünde-edninistnator, nemes-regirung, arabaglanşyk, gatnaşyk hadysasy, bularyñ hemmeside añly başlangyç, bähbit we bilim, maksat we ukyp, adamyñ alyp barşy durýar.Şunuñ bilen dolandyryş derejesi adamyñ potonsial ösüşi bilen baglanşykly, jemgyýet durky onuñ usuly, arzuwlary, gymmatlyklary durýar.Dolandyryş – çylşyrymly kyn, jogapkärçilikli adamlaryñ akyl we amaly ýerine ýetiriş borjydyr.Munuñ bilen jemgyýetiñ ýagdaýy we adamyñ ykbaly ýatandyr.Dolandyrşyñ üsti bilen esasy adamlar birek-birek bilen gatnaşyga girýärler, bileleşip, birleşip kollektiwleýin,jemgyýetçilik durmuşy döredýärler.Dolandyrşy döredýän predmetler bolup adamlaryñ arasynda maddy serişdeler, tehniki serişdeler, tehnologik prosesler, jemgyýetçilik gatnaşyklar, ruhy önümler bolup adamlar durýar.Dolandyryşda hemme zat adamdan gelýär we adama gönükdürlen.Jemgyýet açyk ulgam bolup geljek, geçen döwürden daşda däl, ol adamlaryñ ykbalyna, energiýasyna, guramaçylygyna bagly bolup, özeli adamlar nähili jemgyýetçilik bileleşigini döretseler şolar ýaly hem bolýar.Taryha seredeliñ nesil adamlar tarapyndan maddy çeşme edilip ulanylýan, durmuşy gurmak üçin durmuş gatnaşygynyñ ösüşi bolup, açyk bolýar baha bermekde we mümkinçilikde.Ony hasap etseñem bolýar , boş ýerde döretseñem bolýar. Ony aýowly saklasañam bolýar, saýlowly, iñ gymmatlaryny alsañam bolýar. Şeýdip milli baýlyklary ösdürseñ bolýar. Hemmesi saýlanmaga degişli. Şahsy sosýal

gatnaşyklar her gün, her sagat döreýär adamlaryñ hakyky we öñdebaryjy işi tarapyndan. Bolmasa, haos, anarhiýa, priuwal, dorgat bolýar.Şeýle şertlerde-jemgyýetiñ anyklygy bilen, dolandyryş wajyp jemgyýetçilik inistuty bolup. Özüni goraýar, döretýär, şahsy durmuşam.

Dolandyryş jemgyýetçilik hadysa hökmünde, işlenilen adamlar tarapyndan öwredilen durmuşy meseleleri çözmek üçin, köptaraplaýyn häsýete eýedir, ol köpdürli elementlerden we arabaglanşyklardan ybaratdyr.Munuñ sebäbi:dolandyryşda subýekt we obýekt hem bolup dolandyryş täsiri bolup adam çykyş edýär.Adam-çylşyrymly, biososýal tebygatyñ we jemgyýetiñ önümi. Dolandyryşa, jemgyýet, tebygat we adam aragatnaşyk mehanizmi täsir edýär.Filosofýa edebýatynda (К Поппер , К Ясперс ве баш.) dolandyrşy barlag-analiz edenlerinde jemgyýetde öz-özi dolandyryş esasynda bardygyny belleýär.Ony taryhy ösüş fenomenleri bilen baglaşdyryp, tebygatyñ, jemgyýetiñ we añyñ, pikirlenşiñ diolektiki kanunlary bilen gollaýar.Dolandyrşyñ filosofik nazatýeti düzgüni, netijeleri metodologiki we gözýetimi ylmy esasyna döredýarler, täze ugra gönükdürýärler.

Dolandyrşyñ wajyp ugurlary sosýalogik garaýşlarda bar.Ylmy akym döredi “dolandyryş sosýalogýasy” onuñ çäklerinde dolandyryş çylşyrymly mehanizm synplaryñ, gatlaklaryñ, sosýal gatlaklaryñ we professional toparlaryñ, dürli halklaryñ wekilleriniñ arasynda.Şonuñ bilen bir hatarda sosýalogik bilimler jegyýetçilik durmuşuñ şöhlelendirýär, dolandyrşyñ nazarýetine we amalyna edip görkezýär. Bu bolsa dolandyryş elementleriñ we aragatnaşyklaryñ häsýetnamasyny çuñlaşdyrmaga mümkinçilik berdi.

Dolandyrşyñ esasyny öwrenmekde we amaly ýerine ýetirmekde ykdysady barlaglar durýar.Ykdysadyýetçileriñ tagalasy bilen menedjment döredildi-biznes dolandyryş tagalasy, telekeçilik öndürjilik, hyzmat ediş. Ykdysady we tehnalogik bilimleriñ sintezi (garyşygy) G.Ford, F.Feýleron,

G.Emersonyñ, A.Faýolem we başga belli hünärmenler, XX asyryñ tejribesi subut etdi, dolandyryş hökmany integrirleýji funksýa bolup köpçülikleýin ykdysady işdi, zähmet öndürjilik we hyzmat edip bilen. Ykdysady barlaglar dolandyryşda ýörite üns önümçilik güýçleriñ işleýşine, olam öndürji zähmetiñ ösmegi bilen baglanşykly.Öndürji güýçler bilen önümçilik gatnaşyklaryñ arabaglanşygyna,dolandyryşda erkin bazaar ykdysadyýetiniñ , döwlet ykdysady maksatnamasy bilen baglanşyklydyr. Ykdysady taýdan dolandyrşyñ özi öwrenilýär, bir tarapdan uly çydaýjylary talap edýär özüniñ düzümine we ýerine ýetirilşine (ruhy we maddy), başga tarapdan obýektiw netijeler bermeli jemgyýete peýdaly, jemgyýetçilik effect bermeli. Her bir adama , köpçülige, jemgyýete ykdysady bahany bellemek zerur Dolandyryşda –peýda bilen, çözülen mesele.

Dolandyrşda adamlar alyp barýar özleriniñ bähbitleri, maksatlary, ideýalary, gymmatlyklary, erkleri, sebäpleri (motiwii) düzgünler we başgada pisihologik elementler bilen. Şu takyk elementler çözgütli, aýgytly rol oýnaýar dolandyryşda, onuñ mazmuny kesgitleýär, netijesini we usuluny.Dolandyrşyñ pisihologik ugruna psihoonaliz ideýalar bilen.

3.Freýd girizdi.Ol dolandyrşy örän çylşyrymly we derwaýs mehanizm adamlaryñ arasyndaky diýip belleýär.

Şahsy, kollektiw, umumy erkiñ çeşmeleri we usuly açyldy, Munuñ netijesinde deñ köptarapyñ adamyñ añyny öwrenende dolandyryş režimi we takyk dolandyryş usuly tapylýar.

Dolandyryş medeni usul hökmünde etiki we pedogoki tarapdan häsýetlenýär.Dolandyrşda adamlaryñ ahalak tarapy uly orun tutýar, özüçe ahlak tarapdan analiz we baha berilýär. Ahlak tarapdan uly çeşme bolup dolandyryş meseleleri edebýat, teatr, kino, çeperçilik sungat we arhetektura dolandyrşyñ mümkinçiligini görkezýän adamlaryñ häsýetli suratlandyrýar

we durmuşy gymmatlyklary berýär. Muña Magtymguly, Azady, Seýdi, Görogly, Gorkut ata uly eserler mysal bolyp mdolandyrşy çeperleşdrenok.

Dolandyryş, dolandyryş täsiri esasynda amala aşyrylýar özünde pedogogik güýje eýedir:ol adamlary terbiýeleýär we öwredýär, dünýägaraýyş we häsýet kemala getirýär, bilimler bilen baýlaşdyrýar tejribe berýär.

Dolandyrşyñ uzak wagtlaýyn kemala geliş taryhy bar. Dolandyrşyñ taryhy ugry özünde amaly we teoretiki bilimlerden mazmundan durýar, sebäbi dolandyrşy dürli basgançakly adamzat swilizasýasynda görmek bolýar, dürli sosýal, milli meselelerde.Dolandyryş barada köp oýlanşypdyrlar we barlaýardylar özlerini şahsy tejribesinde hökümdarlar döwlet işgärler, serkerdeler, akyldarlar gadymy Hytaýda, Wawilon, gadymy Müsür, gadymy Rim. Taryhy barlaglar anyk subutnama berýär, dolandyryş-dürli taryhy döwürlerde, dürli millimedenýetlerde –tapawutly çylşyrymly köptaraplaýyn häsýetde.

Ylmy edebýatlarda dolandyryş dürli ugurlarda seredilýär.

1).Dolandyryş termini “deatelnost-iş” bu termin adamlaryñ işi bilen baglanşykly, dürli usullaryñ üsti bilen. Manysy buýruk (administratiw) berijilik bilen baglanşykly. Kanunlary berjaý etmäge gönükdirlen, hukuk aktlaryñ döredilmegi, guramaçylykly tagallalary bilen bagly. Bu görnüş býurokratýny begendirýär. Sebäbi nädip ýerine ýetirilşi, sorag berilýär, obýektiw baha berijilik ukyp gaçýar dolandyrşyñ ugry gaçýar. Dolanşykda adamlaryñ işjeñligi bilen bagly ýöne guramaçylyk meseleleri, dolandyrşyñ jemgyýetçilik dolanşygyny görkezeno adamlaryñ durmuşdaky ornuny.

2).Dolandyrşyk gatnaşyk hökmünde suratlanýar, jemgyýetçilik gatnaşyklaryna syrykýar. Dolandyryş belli bir tarapyndan gatnaşyk, adamlar arasyndaky gatnaşyklar bolup durýar.

3).Tertip (wozdeýstwýe), täsir etmek oña, terbiýesine, işine adamlaryñ. Dolandyrşa esaslanyp bilim, akyl, adamyñ erk islegi.

## II. Jemgyýetçilik prosesleri döwlet dolandyrşynyñ obýekti hökmünde.

Ylmy publikasýalarda döwlet dolandyrşynyñ dolandyrýan obýektleri barada birnäçe garaýşlar,pikirler bar.Köp wagytlap döwlet ähli jemgyýetçilikproseslerini dolandyrmaly adamlaryñ añyny ,özüni alyp barşyny we işini kesgitlemeli diýen pikir goldanylyp gelindi.Bu hili total synanşyk hem totalitarizme eltdi .Köplenç adam bilen birlikde döwlet dolandyrşynyñ obýekti hökmünde territoriany,tebygaty we onuñ resurslaryny,zähmet serişdelerini,tehnikany we biologiki elementleri hasaplaýarlar .Elbetde ,dolandyryşda ýeketäk hereket edýän şahs adam bolup durýar.Şonuñ onuñ ýagny dolandyryşda ýa subýekt ya-da obýekt hökmünde onuñ statusyny kesgitlemekde kynçylyk ýüze çykýar.Dolandyrşyñ subýektleri bilen obýektleriniñ arasynda prinsipýal tapawut bardyr.Ol bolsa dolandyrşyñ dürli hili ýagdaýlarda ýüze çykmagyndandyr. Tapawut bu ýerde 3 sany esas boýunça geçýär:

1).Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyñ häsýetine we görnüşüne görä – bu sistemada adam çykyş edýär .Ykdysady,sosýal,ruhy gatnaşyklarda çykyş etmek bir zat,syýasy gatnaşyklarda çykyş etmek bir zat,üçünji bolsa gös-göni dolandyrşda çykyş etmek.Ähli ýerlerde adamlaryñ dürli zerurlyklary,bähbitleri we maksatlary bar we şonuñ bilen hem olaryñ gatnaşmalarynyn netijeleri dürli ýagdaýlarda ýüze çykýar.

2).Işiniñ häsýeti we görnüşi boýunça her bir işiñ görnüşi üçin belli bir bilim,zähmet serişdesi gerek.Adamyñ işi tebygata

biologiki barlagyna görä we adamlaryñ biri-birleri bilen gatnaşygyna görä dürli –dürli bolup biler .
3).Adamyñ ýerine ýetirýän sosýal roly boýunça ;Adamyñ ýerine ýetirýän sosýal roly onuñ indiwiduwal we köpçülügiñ birleşmegi netijesinde ýüze çykýar.Şol sebäpli hem adamyñ şahsy mümkinçilikleri we bahbitleri jemgyýet tarapyndan Kabul edilýär ,goldaw tapýar we ykrar edilýär. Şol bir adam şol bir wagtyñ içinde dürli hili sosýal rollary ýerine ýetirip bilýär .

Dolandyrýan obýektleriñ bölünmegiwe olara teoretiki taýdan düşünmek üçin,bu babatda birnäçe zada salgylanylýar:
1.Dolandyrýan obýektler döwlet dolandyrşynyñ subýektlerinin öñündeprioritetden peýdalanýarlar.Maddy we ruhy önümuñ hem-de sosýal şertiñ döremegi adamyñ ýaşaýşy üçin ilkinji we esasy zat bolup durýar.Döwlet dolandyrşynyñ subýektleriniñ çäklerinde dürli reformalary ýa-da rewalýusýon öwrülşükleri geçirip bolýar.Emma dolandyrýan obýektlerde hiç hili ösüp bolmasa onda ol öwrülşukleriñ peýdasy ýok.
2.Dolandyrýan obýektler adaty tebygy we jemgyýetçilik – taryhy şertleri we kanunalaýyklary gös-göni Kabul edýärler.Adam tarapyndan tebygatda ýok bolan ,asla ýok bolmadyk zatlar gurlan emma adamyñ ähli maddy we ruhy medenýetde döreden zady belli bir kanunlara boýun egýär .
3.Dolandyrylýan obýektler guramaçylykly formalarda rosýanal we effektiw funksýany ýerine ýetirýärler.Her bir işiñ ,şeýle hem sosýal rollaryñ köpçülükleýin ýerine ýetirilmegi üçin guramaçylyk grek.
4.Dolandyrýan obýektler jemgyýetçilik häsýetli bolany üçin we jemgyýetçilik gymmatlyklarynyñ ulanylmagy we öndürilmegi bilen bagly bolany üçin ýuridiki taýdan doly kesgitlenilmegine mätäçdir.

Şeýlelikde döwlet dolandyrşynyñ subýektiniñ we obýektiniñ tapawudy ,şeýle hem onuñ gurluş –funksýonal häsýeti wajyp metodologiki mazmuna eýe bolýar.

Adam dolandyrÿan obÿektlerde zatlar ,jemgyÿetçilik gymmatlyklary babatda özüniñ pikirini,garaÿşyny arientasÿasyny añladÿar we amala aşyrÿar hem-de özünüñ maksatlary, delilleri esasynda çykyş edÿär .Dolandyrÿan obÿektleriñ adamçylyk mazmunyndan ugur alyp olaryñ şu hillerini tapawutlandyrmak bolar.

Olaryñ birinjisi özişjeñlikdir.Ÿagny dolandyrÿan obÿektleriñ özişjeñligi (самоактивность)diÿlende içki hususy sebäpleriñ netijesinde öz hereketiñe düşinilÿär.Dolandyrÿan obÿektleriñ öz işjeñligi dürli formalarda amala aşyrylÿar:ol daş töwerekdäki şertleriñ üÿtgemegi we olaryñ komponentleri bilen arabaglanşykda bolup biler.

Ikinji häsÿet dolandyrylÿan obÿektlerde adamlaryñ öz işjeñligi maksada okgunlygy häsÿet bilen tapawutlandyrylÿar.maksada okgunluk belli bir predmet,emele gelme netije bilen baglylykda ÿüze çykyp biler.

Dolandyrylÿan obÿektleri 3-nji häsÿeti onuñ tebigatyñ we ÿaşaÿşyñ sosÿal faktorlaryna we şertlerine uÿgunlaşypdyr.Uÿgunlaşma adamyñ tebigy we jemgyÿetçilik sredada özüni goramak we ösdürmek üçin dürli ÿagdaÿlara öwrenşÿändigini görkezÿär.Uÿgunlaşma adamyñ güjine we aktiw hem–de possiw häsÿetlerine baglydyr.

Dolandyrylÿan obÿektleriñ 4-njisi öz durmuşuñ ,öz ösüşüñi öz-özüñ dolandyrmaga bolan ukyplylykdyr .Adamyñ işinde öz-özüñi dolandyrmak esasan obÿektiw hakykata añ ÿetirmekde bolÿar.

Dolandyrylÿan obÿektleriñ 5-njisi jemgyÿetçilik durmuş işlerinden onuñ obÿektiw şertlerinden we faktoryndan garaşlylygydyr.

Dolandyrylÿan obÿektleriñ hilleriniñ kompleksi esasan hem öz işjeñlilik ,maksada okguluk,uÿgunlaşmaklyk,öz-özüñi dolandyrmaga bolan ukyp , döwlet tarapyndan dolandyrylÿan täsirleriñ çäresini kesgitleÿär.Dolandyrylÿan obÿektler näçe ösen bolsa olaryñ hili näce güÿçli we rasÿonal ÿagdaÿda ÿüze

çyksa şonçada olar döwlet dolandyrylşyna öz ýagdaýda mätäç bolýarlar ç dolandyryş hem”ýumşak”häsýete geçýär.

Dolandyrýan obýektler şu görnüş toparlaryna bölünýärler:ykdysady,sosýal we ruhy.

Belli bir derejede syýasy obýektler hem dolandyrylýana degişlidirler .Emma munuñ özünüñ inçe taraplary bar .Sebäbi syýasy gatnaşyklar.ýüze çykmalar we prosesler bir tarapdan dolandyrylýan ikinji tarapdan bolsa döwleti dolandyrýan bolup çykyş edýärler .

Ykdysady taýdan dolandyrylýan obýektlerde adamyñ gös-göni işçi güýjüniñ birikmeginiñ netijesinde amala aşyrylýar .Onda tebygy resurslar,önümçülük serişdeleri,işçi güýji ulanylýar.Bu obýektlere:tebygy sreda,tebygy resurslaryñ düzümi we hili önümçülük güýçleriniñ ösüşüniñ derejesi,ylmy-mehaniki proses,jemgyýetçilik gatnaşyklarynyñ tipi we derejesi,zähmet ,sosýal we akyl taýdan adamyñ ösüş derejesi we beýleki dürli momentler täsir edýär.

Sosýal taýdan dolandyrylýan obýektler adamyñ janynyñ we saglygynyñ abatlygyna gönükdürlen ,onuñ fiziki taýdan ösüşüne ,mekdebe çenli we ýörite zähmet terbiýesi,ýaşaýyş,communal we durmuş işlerine gönükdirlendir.

Ruhy taýdan dolandyrylýan obýektlere ruhy-teoretiki işi amala aşyrýan pikirleriñ we garaýşlaryñ ,dünýägaraýyşly pikirler,estetiki we etiki gymmatlyklar.Ruhy ,durmuş-döwlet dolandyrşynyñ köp taraplaýyn we spesifiki (özboluşly) obýektdir.

Syýasy taýdan dolandyrylýan obýektler birnäçe sebäpler bilen şertlenendir.

Birinjiden syýasy sfera we döwlet dolandyryş sferasy biri-biri bilen doly laýyk gelýärler:syýasy bähbitler diñe bir döwlet dolandyrşy tarapyndan amala aşyryp bolýar.

Ikinjiden ,döwlet we jemgyÿetçilik dolandyrşyna gönükdirlen syÿasy iş syÿasy sferada adamyñ syÿasy añynda syÿasy propaganda we agitasÿa wagyz-nesihat geçirmekdir .
Üçinjiden,syÿasy iş özünüñ "fundamenti" boÿunça raÿat jemgyÿetinde amala aşyrylÿar we döwlet gatnaşygynda özbaşdak çykyş edÿär.

## III. Döwlet dolandyryşynyň alnyp barylmagy

Döwlet dolandyryşynyň subýekti hökmünde bütewi döwlet çykyş edýär. Ýöne bu onuň ähli organlarynyň, guramalarynyň we edaralarynyň gönüden-göni dolandyryşa gatnaşýandygyny aňlatmaýar. Döwletiň funksiýalarynyň köpugurlylygy, onuň jemgyýet bilen gatnaşyklarynyň dürliliginiň maksadalaýyklygy, işiň dürli häsiýetliligi,dürli döwlet organlarynyň, olaryň bölümçeleriniň we gullukçylarynyň, döwlet-dolandyryş tärleriniň düzülmegine we amala aşyrylmagyna olaryň gatnaşygynyň dürli çägini we dürli usullaryny belli edýär.

Döwlet dolandyryşynyň guramaçylykly gurluşy - bu aýratyn bir döwlet-hukuk hadysasy bolup, jemgyýetçilik syýasy tebigaty, sosial-funksional orny, jemgyýetde döwlet dolandyryşynyň maksatlary we mazmunlaryň bilen şertlendirilendir. Ol özünde belli bir düzümi adam çeşmeleriniň guramaçylykly we durnykly özara baglanşygyny, döwlet-dolandyryş täsirleriniň düzülmegine we durmuşa geçirilmegine we dolandyryş subýektiniň özüniň işjeňligini saklap galmak üçin jemgyýet tarapyndan aýratynlandyrylýan we harçlanýan tehniki we beýleki serişdeleri özünde jemleýär. Onda döwletiň aglaba sosial we gurmaçylyk hilleri jemlenýär. Bu ýerden hem döwletiň guramaçylyk gurluşynyň döwletiň we jemgyýetiň köpdürli gatnaşyklarynyň we onuň ýörite düşünjesi gelip çykýar.

Döwlet dolandyryşynyň guramaçylykly gurluşynyň ulgamy emele getiriji elementi hökmünde döwlet-dolandyryş täsirleriniň

düzülmegi we amala aşmagy bilen baglanşykly bolan döwlet organy (ýa-da döwletiň organy, köplenç hukuk edaralarynda tapawutlandyrylýar), şunlukda olaryň düzümleýin ýüze çykmagynyň umumy birliginde boluşy ýaly, aýratyn ýüze çykma boýunça-da, belli bir maksada gönükdirilen, guramaçylyk we kadalaşdyrma-da çykyş edýär.

Ylmy işlerde döwlet organynyň dürli häsiýetnamasynyň üstüni açmak bolýar, **funksional**, munda ol gurluş görnüşinde açylyp görkezilýär, döwletiň belli bir funksiýalaryny ýerine ýetirýär; **sosiologik**, ýagny ony döwlet işiniň degişli sferasynda jemgyýet tarapyndan jemgyýetçilik zähmet bölünşiginiň tertibinde aýratynlandyrylan we üstüne goýlan döwlet wezipeleriniň ýerine ýetirilmegi üçin adamlar topary hökmünde seredilýär; **hukuk**, wajyp ygtyýarlykly (funksiýalaryň we ygtyýarlyklaryň jeminde) belli bir gurluşyň (adamlar toparynyň) bölünmeginde döwlet-häkimýetiniň ygtyýarlygynda gönükdirilýär; **guramaçylykly** berlen (aýratynlandyrylan, özbaşdak ) döwlet apparatynyň gurluşynyň esbaplaryna, onuň içerki gurluşyna elementleriň we olaryň özara baglanşygyny guraýan, şol durkuna täsir edýär. **Gurama** - ABŞ-ly alymlaryň belleýişleri ýaly, bu adamlaryň toparyndan has ulurak bir zatdyr. Bu indiwidleriň toparydyr, olar öz aralarynda guramaçylyk ýörelgeleri, gyzyklanmalary, proseduralary, şahsyýet gymmatlyklary, şeýle-de ygtyýarlyk we jogapkärçilik görnüşleri bilen birleşendir. Guramany aşakdaky görnüşde häsiýetlendirmek mümkin:

- ✓ bu **resmi hadysa** bolup, ol onuň belli bir böleginden haýsydyr bir umumylygyny onuň üstüne bütewi funksiýalaryny ýüklemegiň aýratynlandyrmak ýoly bilen emele getirilýär;
- ✓ bu **elementleriň özara baglanşygy** bolup, ol onuň içinde boluşy ýaly, onuň daşynda-da, üstüne ýüklenen bütewi funksiýalaryň amal edilmegi maksatlydyr;
- ✓ bu elementleriň **durnukly** (wagt we giňişlik taýdan) **özara gatnaşygy** bolup, şol elementlere belli bir şekili we oňa berklik üçin onuň güýjine ýöriteleşmeginiň we

kooperasiýasynynyň (zähmeti guramagyň aýratyn görnüşi) mümkinçiliklerini berýär;

Gurmaçylykda esasy zat, ony emele getirýän elementleri düzýän toplumda, mukdarda we hilde bolman, eýsem olaryň **özara gatnaşyklarynda** we **özara baglanşyklaryndadyr**. Hasaplamalara görä, eger gurama 4 elementden ybarat bolsa (ýolbaşçy goşmaça üç sany garamagyndaky işgär), onda onuň düzüminde (potensialynda) 18 özarabaglanşyk döreýär, 6 elementiň barlygynda (1+5) – 100, eger 8(1+7) – 490, eger 10(1+9)-2376 we şeýle ösýän tertipde – hakykatda geometrik progressiýa laýyklykda ösdürilýär. Elbetde, hemme bar bolan baglanşyklar „özleşdirilmeýär“, olaryň hemmesi deň ölçegde ähmiýetli däldir, olaryň hemmesi guramanyň maksatlarynyň we funksiýalarynyň amala aşyrylmagy üçin şol bir roly ýerine ýetirmeýärler, ýöne hut olaryň ähli̇si guramanyň ýüze çykmalarynyň köpdürliligine **täsir etmäge mümkindirler** we olar onuň seljermesinde we baha kesmeginde hasaba alynmalydyr.

Şeýlelik bilen, **döwlet organy** (sinonimleri: döwletiň organy, döwlet häkimýetiniň organy, ýerli öz-özüňi dolandyryş organy) **özbaşyna häkimýet gurluşynyň birligini, ýagny döwlet tarapyndan onuň dowamynda berkidilen maksatlaryň we funksiýalaryň durmuşa geçirilmegi üçin döwlet tarapyndam resmi ýagdaýda döredilendir**. Döwlet organyny döwlet eýeçiliginiň bazasynda ykdysady işi amala aşyrýan döwlet kärhanasyndan, düzgün boýunça sosial we ruhy hyzmatlary bermek bilen baglanşykly döwlet edaralaryndan, adatça jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlarynda guramaçylyk funksiýalaryny ýerine ýetirýän döwlet guramasyndan tapawutlandyrylmalydyr. Ilki bilen dolandyryş çözgütleri we hereketleri döredilýär we durmuşa geçirilýär, galanlarynda bolsa – maddy, sosial we ruhy hyzmatlaryň harytlary we hyzmatlary bolup durýar. Häkimýetiň konstutision bölünşigi bolup geçen döwletde: dikligine - kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimýetine, ýagny olaryň salykatlylyklary we ters gelmeleri we keseligine- (federalizmiň we öz-özüňi

dolandyryşyň ýörelgeleri)-federal, häkimýetiň Federasiýasynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryşy

-döwlet dolandyrylyşynyň guramaçylykly gurluşy özboluşly konfigurasiýa eýe bolýar, ol dürli görnüşli döwlet organlaryny we jemgyýetçilik ulgamynyň böleklerine demokratik esasda dolandyryş proseslerini döredýär. Çünki demokratik şertlerde döwlet dolandyrylyşynyň guramaçylykly gurluşy halkyň (ýurduň ähli ilatynyň) häkimýetiň ýeketäk çeşmesi we özbaşdaklygyny göteriji bolup durýandygynyň hakyky barlygyny üpjün etmeklige ýöriteleşendir.

Döwlet dolandyrylyşynyň guramaçylykly gurluşynyň „özeni özünde saklaýan“ – esasyny - **ýerine ýetiriji organy** düzýär. Jemlenip, olar özbaşyna döwlet apparatynyň has göwrümli we çylşyrymly bölegi hökmünde çykyş edýärler, özlerinde döwlet mejbur etmesiniň gönüden-göni dolandyryş täsirlerini we wajyp serişdelerini tutuşlaýyn üpjün edýärler. Beýle hili ýerleşik obýektiw taýdan olaryň jemgyýetçilik proseslere, düşünjä, özlerini alyp baryşlaryna we adamlaryň alyp barýan işlerine gönüden-göni dolandyryş täsirlerini ýetirmäge ukyplydygy bilen şertlendirilýär. Şonuň üçin hem ýerine ýetiriji häkimýet hökmany şahalandyrylan we „ýiti“ dik çyzygy bolmalydyr, ýagny ol geçişi, differensiasiýany we dolandyryş habaryň takyklaşdyrylylmasyny, aýratyn-da, direktiw, hökmany, ýagny häkimýetiň iň ýokarky nokadynda kabul edileninden başlanan, döwlet häkimýetiniň we ýerli öz-özüňi dolandyryş organlarynyň ýerine ýetiriji iýerarhiýasy, onuň ýerine ýetirijä ýetirlimegi we degişli hukuk namalara degişdirilmegini üpjün edýär.

Köpler her hili ýagdaýlar bilen ýerli öz-özüňi dolandyryş organlaryny döwlet häkimýet oraganlaryndan aýratynlandyrylmagyny isleýärler we şonuň bilen birlikde ýerine ýetiriji dik çyzygy „ýumurulýar“. Çekişmä berilmezden öňinçä, berlen meselä seredip geçmek üçin aşakdaky pursatlary göz öňünde tutulmalydyr:

a) ýerli öz-özüňi dolandyryş (onuň dürli görnüşlerinde) bu demokratiýanyň, hadysasy, halk häkimýetiniň görnüşidir we ony demokratiýanyň we ulgamynda ýaýbaňlandyrmak zerurdyr we halka häkimýetiniň esbaplaryny üpjün edijilik ýörelgesidir;

b) ýerli öz-özüňi dolandyryş öz başyna döwletiň we jemgyýetiň arasynda serhet hadysasy bolup ýüze çykarylýar we ol olary öz aralarynda baglanşdyrýarlar; onda jemgyýetçilik görnüşleriniň (guramaçylykda) we häkimýet ygtyýarlyklarynyň (dolandyryş çşzgütleriniň hukuk güýjünde) agzalanmagy ýer alýandyr;

c) ýerli öz-özüňi dolandyryş dolanşyk hadysasynyň hataryna girizilýär, ol jemgyýetiň işjeňligini gönükdirmeli, guramaly we onuň gözegçili guralmalydyr;

d) ýerli öz-özüňi dolandyryş başlangyçlaryň amal edilmegi we özbaşdak alnyp barylýan işleriň hakykatda durmuşa geçirilmeginiň serişdeleri bolup durýar, ilatyň ýaşaýyş ýerine baglylykda döredijilik hyjuwynyň we jogapkärçiliginiň aýdyň şöhlelenmesidir; bu – adamyň we raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň durmuşa geçirilmeginiň bir görnüşidir;

Döwlet dolandyrylyşynyň guramaçylykly gurluşynda ýerli öz-özüňi dolandyryş özüniň dolandyryş obýektleri , ygtyýarlylyklary, kadalary we gurmaçylyk görnüşleri maddy-maliýe üpjünçiligi, işgärleriň iş tehnologiýasy we beýleki elementleri bolan aýratyn podsistema görnüşindedir. Ýöne bu diňe podsistema, ýagny „aşakdan“ ol – häkimýetiň göterijileri we çeşmeleri bolup durýan ilat bilen baglanşykda bolýar; „ýokardan“ bolsa ol Federasiýanyň döwlet häkimýet organlarynyň subýektleri we tutuş Federasiýa bilen baglanşyklydyr. Hut şu zatlaryň kömegi bilen döwletiň ulgamlylygy, jemgyýetiň ulgamlylygy we döwlet dolandyrylyşynyň ulgamlylygy saklanyp galýar.

Dürli golaýlamalar döwlet häkimýetiniň wekilçilikli we ýerli öz-özüňi dolandyryş organlarynyň we oňa –dikligine degişli – ýerine ýetirji organlaryň arasyndaky guramaçylyk baglanşyklaryndaky **baha** bermekde hem duýulýar. Demokratik,

hukuk döwletinde wekilçilikli organlarynyň arasyndaky guramaçylyk boýun egdirmesi gatnaşmaýar, ähli zat hukuk gatnaşyklary bilen çäklenýär, olara laýyklykda ýokarda durýan organ ýokarda durýan organyň kanuny hukuk namalaryny saklanylmalydyr. Kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimýet bölünendir, ýagny olaryň hersiniň aýratynlykda öz işlerini guraýan mehanizmleri bardyr. Bu aýdylan zatlaryň ählisinden bir netije gelip çykýar, oňa laýyklykda  döwlet häkimýetiniň wekilçilikli we ýerli öz-özüňi dolandyryş organlary göýä döwlet dolandyrylyşynyň işine gatnaşmaýarlar we hat-da ýerine ýetirji organlara hem täsir edip bilmeýärler. Ady agzalan guramaçylyk baglanşyklarynyň duşündirmesi bilen ylalaşmak mümkin däl. Birinjiden, kadr meselelerini çözeniňde we kanunlary kabul edeniňde aýratyny duýulýan saklanmalaryň we garşylyklaryň mehanizmleriniň özara baglanşygynyň üsti bilen ýüze çykýar. Ikinjiden, wekilçilikli organlar ýerine ýetirji organlara býudžetiň, şeýle-de maliýe, kredit, salgyt we gaýry gözegçilikleriň üsti bilen juda uly täsir edýär; bu ýagdaýda olar köp babatda ýerine ýetirji organlary ugrukdyrýarlar. Üçünjiden, wekilçilikli organlar kanunlary we gaýry kadalaşdyrylan hukuk namalary kabul etmek bilen jemgyýetçilik durmuşynyň hukuk esasyny emele getirýärler we ýerine ýetirji organlaryň işleri üçin normatiw bazany emele getirýärler. Şeýle görnüşli özara baglanşyklary hasap etmezlik (äsgermezlik), gorizontal gurmaçylyk gatnaşyklarynyň ähmiýetine kembaha garamak – diýmek, döwlet dolandyrylyşyny çylşyrymly, ulgamlaýyn jemgyýetçilik hadysasy hökmünde ony peseltmekdir we ugruny gaçyrmakdyr (garyplaşdyrmak). Ine, hut şu zatlar bilen hem döwlet dolandyrylyşy güýçden gaçyp başlaýar, çünki hyzmatdaşlyklaryň, özara goldawyň  ornuna bäsdeşlik we gapma-garşylyk gatnaşyklary emele gelýär.

Döwlet dolandyrylyşynyň we kazyýet ulgamynyň baglanşygy hakynda ýeketäk bir umumy nukdaýnazar ýok. Häkimýetiň bölünmeginiň absolýutizasiýasy köpleri bir garaýyşa ýakynlaşdyrýar, ýagny kazyýetler (prokuraturalar hem)

dolandyrylyş täsirleriniň düzülmegine we durmuşa geçirilmegine gatnaşmaýarlar. Bir seredäýmäge ähli zat dogry ýaly, ýöne eger kazyýetleriň şikaýat arzasyny berilen tertibinde dolandyrylyş çözgütlerini saklamaga we ýatyrmaga we raýatlaryň ýüz tutmalary netijesinde dolandyrylyş çözgütlerinden tapawutlanýan we hat-da ters gelýän öz hukuk namalaryny çykaryp hem bilýärler. Dolandyrylyş çözgütleriniň kanunylygyna hukuk gözegçiligi prokuratura tarapyndan berkidilendir. Hukuk döwletinde, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň tekstiniň subut edişi ýaly, kazyýet goragynyň göwrüminiň giňligine görä hem kazyýet hukuk namalarynyň-da abraýy ýokarydyr. Kazyýet we prokuratura organlarynyň döwlet-dolandyryş proseslere giň täsirini duýmazlyk maksadalaýyk bolmasa gerek.

Şeýlelikde, döwlet dolandyrylyşynyň guramaçylykly gurluşy düşünjesinde kada görä, diňe dolandyryş bilen meşgul bolan ýerine ýetirji organlaryň jemi hakynda bolman, eýsem, dolandyryşa täsirini ýetirýän guramaçylyk baglanşyklarynyň ulgamyna hem düşünilýär. Ýöne bu gurluşyň dolandyrylyşa (dolandyryş proseslerine içginleşdirýän) birikdirýän dürli ýüze çykmalar, taraplar, garaşlylyklar, umuman, döwlet häkimýetiniň we ýerli öz-özüňi dolandyryş organlarynyň tutuş ählisine, ýagny döwlet-dolandyryş täsiriniň düzülmegine we ýerine ýetirilmegine ol ýa beýleki bir derejede gatnaşýan diýilip düşünmeli.

***Döwlet dolandyrylyşynyň guramaçylykly gurluşynyň düzülişi***

Döwlet dolandyrylyşynyň guramaçylykly gurluşy takyk sudury, elementleriň ýerleşişini we özara täsirini, olaryň dik we kese garaşlylygyny, baglanşyk görnüşlerini we olaryň mümkinçiligini köpsanly obýektiw we subýektiw şertleriň we faktorlaryň täsiri netijesinde alnyp barylýar. Olar dürli ýurtlarda öz hususy aýratynlyklaryna eýedirler, şonuň üçin hem olary hasaba almazdan ol dolandyrylyşynyň gurluşynyň näme üçin şeýle uly köpdürliliginiň bardygyna düşünmek çylşyrymlydyr. Döwlet dolandyrylyşyndan hamala daşda (çetde) durýan şertleriň we sebäpleriň içinde aýratyn ähmiýete ozal ady agzalan obýektiw

şertleriň toplumyna degişlidir, onuň çäginde we esasynda bu berlen döwlet hereket edýär. Hususy obýektiw şertlere uýgunlaşmagymyz göçürilen döwlet dolandyrylyşynyň guramaçylykly gurluşyna zerur bolan netijeliligi berip bilmeýär.

Döwlet dolandyrylyşynyň guramaçylykly gurluşyna güýçli, köp babatda aýgytly täsiri dolandyryş obýektleriniň ýagdaýy we ýerleşişi ýetirýär. Dolandyryş subýekti (döwlet apparaty) özünde jemgyýetçilik ulgamynyň ähli elementlerini we özara baglanşyklaryny jemlemegi hökman däldir. Aktual dolandyryş obýektleriniň bölünmegi we olaryň dolandyryş çäginde täsirliligi üpjün etmeklik ýeterlikdir

Döwlet dolandyrylyşynyň guramaçylykly gurluşyna gatnaşykda obýektiw görnüşde döwletiň jemgyýetçilik funksiýalary çykyş edýär, ýagny onuň alyp barýan döwlet syýasatyny we olaryň esasynda döreýän döwlet dolandyrylyşynyň maksatlary we wezipeleri çykyş edýärler. Elbetde, döwlet dolandyrylyşynyň guramaçylykly gurluşynda döwletiň jemgyýetçilik funksiýalarynyň syýasy, sosial, ykdysady we halkara – her biriniň raional, doly we netijeli durmuşa geçirilmegi üçin şunça gurmaçylyk mümkinçilikleri bilen üpjün edilmelidir. Kesgitli guramaçylyk üpjünçiliginde döwlet syýasatynyň her bir esasy ugry mätäçlik çekýär. Elbetde, belli bir guramaçylyk mümkinçiliklerine döwlet dolandyrylyşynyň maksatlary we wezipeleri daýanmalydyr döwlet apparatynda ýerleşendir, syýasy we administratiw döwlet wezipelerini çalşyrýarlar.

Dolandyryş kadrlarynyň gowşak taýýarlygy we az derejede ygtyýarlylygy adatça bu berlen hadysalaryň öwezini doldurmagyň zerurlygy döwlet dolandyrylyşynyň guramaçylykly gurluşyna artdyrylmalary we çylşyrymlaşmalary getirýär. Bu - döwlet dolandyrylyşynyň habar üpjünçiligidir, ol bir tarapdan dolandyrylýan obýektleriň dolandyryş taraplarynyň we gyzyklanmlarynyň biri-birine meňzeşliginiň şöhlelenmegine eýe bolýar., beýleki bir tarapdan bolsa, döwlet dolandyrylyşynyň maksatlarynyň we wezipeleriniň hakykatda durmuşa geçmegi

ugrunda dolandyryş çeşmeleriniň dolandyryş subýektiniň düzümidir we ugrudyr. Habar dolandyryşynda obýektiwi hem-de subýektiwi birleşdirmäge niýetlenendir we haýsy-da bolsa dolandyryş proesiniň obýektiwizasiýasy we obýektiwizasiýa hakynda ynamdar maglumatlary özünde jemlemelidir. Haçan-da şeýle habar bolmadyk ýagdaýynda, onda döwlet dolandyrylyşy hiç zatsyz we köp sanly kemçilikler bilen funksionirlenýär. Bu döwlet dolandyrylyşynyň **demokratizmidir**, ol jemgyýete döwletiň öňünde öz meselelerini we sowallaryny erki hem-de hemişe talap etmäge, dolandyrylyşa öz intellektual mümkinçiliklerini girizmäge, ygtyýarlyklary bermäge ukyplydyr, döwlet organlaryna bolsa gönüden-göni özleriniň dolandyryş täsirleriniň jemgyýetçilik peýdasyna hyzmat etmegine ýardam edýär.

Ahyrda-da, bu – döwlet dolandyrylyşynyň usulydyr, onda dolandyryş kadrlarynyň döwrebap ylmy usullary we dolandyryşyň tehniki serişdelerine uýgunlaşmagy öz beýanyny tapýar we olary jemgyýetçilik proseslerini dolandyrmak işinde has-da rasional we netijeli maksatlarda ulanmaga itergi berýär.

Döwlet dolandyrylyşynyň guramaçylykly gurluşynyň **gurluş** ülňüsini we oňa kybapdaş gelýän **guramaçylyk esaslaryny** saýlamakda wajyp ähmiýete guramanyň belli bir jmgyýetçilik hadysasynyň häsiýetliligi we şol bir wagtyň özünde şol jemgyýetçilik hadysasynyň mümkinçilikleriniň çeşmesi „generatory“ hökmünde düşündirilýär.

Köp zatlar, şeýle-de, döwlet dolandyrylyşynyň hut özünde bar bolan içerki şertler we sebäpler bilen belli edilýär. Bu – adam kuwwatydyr.

Haçan hem bolsa bir wagt başy başlanan köpsanly derňewleri umumylaşdyryp, bir netijä, ýagny gurama bu- özara baglanyşan elementleriň toplumydyr, oňa aglaba ýagdaýlarda aşakdakylary degişli edip öňe çykarýarlar:

- Birinjiden, bu maksat, wezipe (wezipeler);
- Ikinjiden, maksatlaryň durmuşa geçirilmegi we wezipeleriň belli-belli iş görnüşlerine bölünmegi, ýagny çäreler

ulgamynyň işlenilip düzülmegi bilen baglylykda guramanyň içinde belli bir adamlara tabşyrylandyr;

- Üçünjiden, degişli bölümçelerde aýratyn işleriň integrasiýasy bolup, olary dürli serişdeler bilen sazlaşdyrmakdyr we bu ýere resmi we iýerarhik strukturany hem goşmalydyr;
- Dördünjiden, guramanyň agzalarynyň garaýyşlary, boluşlary, özara gatnaşyklary, esaslandyrmalary bir tarapdan çäreler bilen aýdyňlaşdyrylýarlar, olar maksatlaryň durmuşa geçmegine gönükdirilen bolup, şahsy häsiýete we tötänleýin häsiýete eýedirler;
- Bäşinjiden, şeýle prosesler çözgütleriň, kommunikasiýalaryň, habar akymlary, gözegçilik, giňeldilme we jeza görnüşinde bolup, olar guramanyň maksatlaryny ýerine ýetirmekligi üpjün etmek üçindir;

Şeýlelikde, döwlet dolandyrylyşynyň guramaçylykly gurluşynyň guralmagy we döwrebaplaşdyrylmagy üçin saýlawlar (saýlamalar) alnyp barylýar, munuň netijesinde gurmaçylygyň düzümine girizilýän ençeme şertler we faktorlar, şeýle-de elementler hem bardyr. Saýlap alynan we döredilen guramaçylyk gurluşynyň ülňisinden soňra döwlet dolandyrylyşynyň oýlanyşyklylygy we netijeliligi bagly bolup durýar. Döwlet organy döredilende (özgerdilende), onuň uzagyndan döwlet dolandyrylyşynyň guramaçylykly gurluşynyň düzümindäki **ýagdaýyny** görjek bolmaly we şunuň bilen baglylykda, ýerine ýetiriji häkimýeti durmuýa geçirýän döwlet organlarynyň toparlaryna ýolbaşçylygy berk guralmalydyr. Döwlet dolandyrylyşynyň guramaçylykly gurluşy köpsanly dýwlet organlaryndan ybaratdyr, olar öz aralarynda tapawutlanýarlar we şol bir wagtyň özünde-de bir az owlak umumylyklary bardyr, deňderejeli, adaty. Döwlet organlary, bir ýagdaýy we durmuşa geçirýän dolandyryş funksiýalaryna laýyklykda, „döwlet dolandyrylyşynyň ulgamynyň bölegi“ diýilip, atlandyrylýarlar. Döwlet dolandyrylyşynyň guramaçylykly gurluşynyň bölekleri hökmünde seredilmelileriň hataryna: Türkmenistanyň Prezidentini, Türkmenistanyň Hökümetini, döwlet ministrliklerini, ýerine ýetiriji

häkimýetiň beýleki merkezi organlaryny, ýerli öz-özüni dolandyryş organlaryny goşmak mümkindir.

Döwlet organynyň **gurluşy** diýlende, adatça onuň ähli bölünmeleriniň jemine düşünilýär, olarda bolsa wezipeleri, olaryň aralaryndaky, ýagny organa ýüklenen borçlaryň, funksiýalaryň we ygtyýarlyklaryň paýlanylmagyna düşünilýär. Döwlet organynyň gurluşy organyň döwlet dolandyrylyşynyň guramaçylykly gurluşynda ýerleşen ýerine, göwrümine we esasan, onuň jemgyýetçilik proseslerine dolandyryş gatnaşygy göz öňünde tutulýär. Hökmany suratda dürli döwlet organlarynyň arasyndaky bar bolan özara baglanşyklar hasaba alynmalydyr. Döwlet organynyň gurluşyny gurmakda hem döwlet dolandyrylyşynyň guramaçylykly gurluşynyň guralmagyndaky şol bir esaslar ulanylýar.

## IV.Türkmenistanyň döwlet dolandyryşy.

XX asyrda Türkmenistanyń özygtyýarly, täze döwletiniń ösüş prosesi we onuń döwlet giirluşy kop sanly möhüm sosial-syýasy we hukuk sebäpler bilen häsiýetlendirilýär. Hemmämize mälim bolşy ýaly, Türkmenistan ilki 1990-njy ýylyń 22-nji awgustynda döwlet özygtyýar-lygyny, 1991-nji ýylyń 26-njy oktýabrynda öz garaşsyzlygyny umumy halk geńeşinde yglan etdi. Şeýlelik bilen, döwlctimiziń özygtyýarlygy we garaşsyzlygy - täze döwlet-hukuk gurluşyna syýasy-hukuk esas boldy.

Türkmenistan öz garaşsyzlygynyń ilkinji günlerinden başlap demokratik, hukuk we dünýewi döwletini gurmaga tarap ugiir aldy. Türkmen halkynyń baý taryhy mirasyna, onuń syýasy we hukuk medeniýetine esaslanan we şol bir wagtda-da döwlet gurluşynyń öndebaryjy pikirlerini we meýillerini nazara alýan türkmen döwletliliginiń häzirki zaman ösüşleri bilen baglanşyklydyr.

Türkmenistanyń döwlet-hukuk gurluşynyn strategiýasy has takyk 1991-nji ýylyń 27-nji oktýabrynda kabul edilen 'Türkmenistanyń garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyn esaslary" diýen Konstitusion kanunda beýan edildi.Sonra, onuń düzgünleri 1992-nji ýylyń 18-nji maýynda kabul edilen Konstitusiýada we 2008-nji ýylyň sentýabr aýynda kabul edilen Konstitusiýamyzyň täze redaksiýasynda kadalaşdyryldy. Esasy kanunymyzyň täze redaksiýasy Galkynyş eýýamynyň syýasy-hukuk resminamasy bolup ýurtda güň-günden ýaýbaňlandyrylýan reformalaryň üstünlikli öňe ilerlemeginiň binýady, umuman ýurtda geçirilýän özgerşikleriň kepilnamasy bolup hyzmat edýär. Ýagny, döwletimiziń Baş Kanunynyń 1-**nji maddasynda** *"Türkmenistan demokralik hukuk we dünýewi döwletdir"* diýip yglan edilýär. Türkmenistanyń Hemişelik Bitaraplyk statusy Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan 1995-nji ýylyń 12-nji
Dekabrynda yglan edilenden soń, Konstitusiýanyn 1-nji we 6-njy maddalaryna Türkmenistanyń Mejlis tarapyndan kanun esasynda üýtgeşikler girizildi. Ýagny, Konstitusiýanyn 1-nji maddasyna BMG-yn Baş Assambleýasynyń kabul eden Rezolýusiýasynyn mazmuny goşmaçahökmündc girizildi. 6-njy maddada Türkmenistanyń bitaraplygynyń algamlary kesgitlendi. Has takyk aýdanymyzda, bitaraplygyń teonýasyndaky we praktikasyndaky öńdcn gelýän halkara ulgamlary Türkmenistanyń milli hukugynyń ulgamy bolup berkidildi. Şona görä-de, Konstitusiýanyn 1-nji maddasynda biziń döwletimize täze häsiýetnama berilidi: *"Türkmenistan demokratik, hukuk, dünýewi we bitarap döwletdir"*.

Bitaraplyk dine bir Türkmenistanyń daşary syýasatynda däl-de, eýsem döwlet-hukuk gurluşynda we içerki syýasatda hem aýgytly roly oýnaýar.Ondan başga, bitaraplyk içerki hukukda hem uly orný tutýar. Bitaraplygyń ulgamlary biziń milli hukuk düzgünlerimiziń ulgamy boldy. Mysal üçin, Konstutisiýanyń 6-njy maddasynda "beýleki ýurtlaryň içeń işlerine gatyşmazlyk, güýç

ulanmazlyk we harby bileleşiklere we birleşmelere gatnaşmazlyk, sebitiń ýurtlary we ähli dünýäniń dowletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitü gatnaşyklaryń Ösmegine ýardam bermek ýörelgeler"Türkmenistanyń milli hukugynyń esasy ugurlary we ulgamlary boldy. Halkara hukugynyń ösüşinde uly roly wajyp ähmiýetli Türkmenistanyń "Adam hukuklary barada halkara borçnamalary" diýen Jarnama oýnaýar. Jarnama görä, Türkmenistan hemişclik bitarap döwlet hökmünde adam hukuklaryny kepillendirmekde goşmaça borçnamalary öz üstüne aldy.

Türkmenistanyń bitaraplygy döwletimiziń daşary syýasatynyń konsepsiýasynyń hem esasy boldy. Bitaraplyk türkmen halkynyń taryhyna, geopolitik we etno-medeniýetimize gabat gelýär. Türkmenistanyń täze halkara-hukuk tertipliligi içerki kanunçylygyń ösdürilmegine hem ońat şert döredýär. Türkmenistan halkara hukugynyń kadalaryny we ulgamlaryny öz kanunçylygynda ileri tutýar. Ona Türkmenistanyń kanunlary şaýatlyk edýär (mysal üçin, Raýat kodeksiniń 7-nji maddasy we ş.m).

Konstitusiýa döwlet gurluşynyń syýasy-hukuk strategiýasy we düýbi bolup çykyş edýär. Ýagny, ol esasy kanunyń tabynlygynda türkmen halkynyń döwlet gurluşygynda milli aýratyniyklary galkyndyrdy. Diýmek,
Konstitusiýada Türkmenistanyń döwlet gurluşynyn prinsipial taýdan täze syýasy we hukuk şertleri bellenýär, olar "demokratik , hukuk we dünýewi döwleti ” emele getirýän ýörelgelerden ybaratdyr. Bu şertler milli we daşary ýurtlaryn döwlet gurluşynyn hem aýratynlyklaryny, tejribelerini öz içine alýar. Şolaryń arasynda "Ýewropa”(roman-germań), "amerikan", "ińlis-sakson" we "aziýa" modelleri bardyr. Daşary ýurt döwlet-hukuk gurluşygynyn modelleriniń seljerişinden görnüşi ýaly, hiç bir regionda döwlet gurluşynyn ýeke-täk we meńzeş nusgalary, hukuk sistemasynyń birmeńzeş görnüşleri ýokdyr. Ýone hemme ýurtlaryn döwlet gurluşy üçin esasy hukuk şertleri bardyr. Olar demokratik we hukuk

döwletiniń kemala gelmegi, graždan jemgyýetiniń aktiw ösüşinden, sosiýal döwletiniń gurulmady, demokratiýanyń görnüşlerini, halk häkimiýetiniń hukuklarynyń gińeldilmegi, adam hukularyny we azatlyklaryny döwlet tarapyndan kepillendirilmegi bilen baglanyşyklydyr. Şońa görä-de, Türkmenistan döwlet gurluşynda özüniń *"türkmen modelini ”* seçip alyp, milli gymmatlyklary we türkmen halkynyń bähbitlerini, ata-babalarymyzyń agzybir, ońşukly ýaşamak hakyndaky wesýetlerini maksat edip, dünýäde ýeke-täk BMG tarapyndan yglan edilen bitarap döwleti hökmünde halkara jemagadyń öńünde çykyş edýär. Her bir raýatyń hukuklaryny hem azatlyklaryny kepillendirip, jemgyýetiń asudalygyny hem milli agzybirligini üpjün edýän demokratik hukuk we dünýewi döwletini gurmak - türkmen döwlet gurluşynyn esasy sosial we hukuk wezipesidir, onuń kemala gelme-giniń ýolundaky aýgytly, täze ädimdir. Şońa görä-de, biz türkmen döwlet gurluşygynyn modeline ýene-bir gezek täze nazarýet bilen analiz etmelidiris. Ýagny, *"Türkmenistan — demokratik döwlet", "Türkmenistan — hukuk döwleti", "Türkmenistan — dünýewi döwlet", "Türkmenistan — bitarap döwlet ”* diýen kadalara biz nähili düşünmelidiris? Olaryń mazmuny nähili umumy adamzat gymmatlyklaryndan ybarat bolmaly? Biziń pikirimiz boýunça, olaryń mazmuny milli adatlar, däpler, dessurlar we umumy adamzat gymmatlyklardan (mysal üçin, adam hukuklaryny we azatlyklaryny erkin amala aşyrmak, jemgyýetiń iń gymmatly hazynasy adamdyr diýip beýýan etmek) ybaratbolmalydyr. Onuń esasynda öz milli ýolumyzyń aýratyn-lyklary, türkmen halkynyń taryhyndan gadymy döwürden gelýän jemagat häkimiýetiń dolandyrmagynyń görnüşlerini öwrenmeli we peýdalan-malydyrys. Garaşsyzlyk we Konstitusiýa biziń halkymyza özygtyýarlylyk häsiýetleri gaýdyp berdi. Türkmen halkyna öz ykbalyny çözmäge özbaşdak ygtyýar berdi. Bu babatda Hormatly Prezidentimiziň sözlerini getirmegi makul bildik: *"Biz özümiziń ýörelgelerimize eýermegi hiç kime ündemeýäris, biz diňe näme üçin özümiziń bu ýolumyzy seçip alandy-gymyzy we buýoluń nämedigini aç-açan, tüýs yürekden düşündirmäge çalyşýarys ".*

Ýokardaky meseleleri göz öňünde tutup, biziň pikirimiz boýunça, häzirki zaman döwlet gurluşynyň özboluşly *"türkmen modeli "* şu aýratynlyklardan ybaratdyr:

*&).Türkmenistanyň döwlet-hukuk gurluşynda halk demok-ratiýasyny berkitmek. "Türkmenistanyň özygtyýarlylygyny halk amala aşyrýar, halk döwlet häkimiýetinin ýeke-täk gözbaşydyr. Halkyň hiç bir böleginiň, hiç bir guramanyhýa-da aýry-aýry adamyh döwletde häkimiýeti eýelemäge haky ýokdur " diýip* Konstitusiýanyň **2 maddasynda** beýan edilýär. Döwlet häkimiýetinin daýanjy halkdyr. Halk döwlet häkimiýetinin esasy çeşmesidir. Döwlet häkimiýet edaralarynyň (mysal üçin, Prezidentiň, Mejlisiň deputatlynyn, geňeşleriň saýlawlaryna) düzülşine halk gös-göni gatnaşýär. Ýagny, Konstitusiýa laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti halk tarapyndan saýlanýar **(55 madda).** 1990-njy ýylyň 27-nji oktýabrynda we 1992-nji ýylyň 21 -nj i iýunynda döwletimiziň Prezidentiniň saýlawlary geçirildi. Şol saýlawlarda Saparmyrat Ataýewiç Nyýazow (Saparmyrat Türkmenbaşy) Türkmenisatanyň Prezidentligine saýlandy. 2007-nji ýylyň 11-nji fewraldaky saýlawlarda Gurbanguly Berdimuhamedow Prezidentlige biragyzdan saýlandy. 2007-nji ýylyň 11-nji dekabrynda Mejlisiň deputatlarynyň saýlawlary geçirildi we 125 deputat saýlanyldy . Mundan başga-da Türkmenistanyň Esasy Kanunynda ilkinji gezek konstitusion tertipde halk häkimiýetinin ýerli täze görnüşi hökmünde geňeşler döredildi
**(85-nji madda).** Geňeş agzalarynyň saýlawlary Türkmenistanda 2008-nji ýylyn 27-nji iýunynda geçirildi we 618-e golaý geňeşler döredildi, agzallyga 10 000-den hem gowrak adam saýlandy.

Geňeşler şol bir wagtda öňki sowetlerden prinsipial taýdan tapawutlanýarlar. Has takyk aýdanda, olar täze halk häkimiýetiniň görnüşi hökmünde çykyş edýärler. Geneşleriň hukuk tertipliligi Türkmenistanyn "Geňeşler barada" 1997-nji ýylyň 25-nji noýabrynda kabul edilen ýörite kanunynda

bellenýär. Şoňa görä, geňeşler öz hukuk çäklerinde ykdysady, durmuş hem medeni taýdan ösdürmegiň esasy ugurlaryny kesgitlemek, ýerli salgytlary hem ýygymlary we olary almagyň tertibini bellemek, ýerli býüjeti we onuň ýerine etirilişi hakyndaky hasabaty tassyklamak we başga meseleleri çözýärler. Geneşleriň häzirki wagtda oýnaýan rolyny göz öňünde tutup, 1998-nji ýylda Türkmenistanyn Mejlisinde geneşleriň işini parlament tarapyndan dolandyrmak barada ýörüte bölüm döredildi. Oba ýerlerde arçynlaryň hem borçlary artdyryldy.

b).*Türkmenistanyn Konstitusiýasynda halk häkimiýetiniň has netijeli görnüşi šala salyşyklar (referendum) hem ilkinji gezek berkidildi* **(94-nji madda).** Bu babatda hem häzirki wagtda Türkmenistanda birnäçe tejribe toplandy. Mysal üçin, 1991 -nji ýylyň 26-njy oktýabrynda garaşsyzlyk barada, 1994-nji ýylyň 14-nji ýanwarynda Türkmenistanyn Prezidentiniň ygtyýarlylygyny saýlawsyz ýene-de 5 ýyllyk dowam etmeküçin ähliha lk šala salyşyklary (referendumlar) geçirildi. Olaryň netijelerini türkmen halky doly makullady. Ähliha lk šala salyşyklygy (referendum) geçirmek öňki SSSR-iň döwlet-hukuk gurluşynda beýan edilmedi we demokratiýanyň ifi ýokary görnüşi hökmünde syýasy-hukuk ylymynda kabul edilmedi, inkär edildi.

*c).Konstituşiýada ilkinji gezek adam hukuklarynyň ýokarylygy yglan edildi.* Türkmenistan XX asyrda eýýam üç konstitusiýany 1927,1937,1978 ýyllarda başyndan geçirdi. Emma syýasy-hukuk we döwlet gurluşy nukdaýnazardan, dine 1992-nji ýylyň Konstitusiýasy real taýdan türkmen halkynyň bähbidini berkidýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň Konstitusiýasynda dine bir raýatlaryň däl, eýsem adamyň hukuklary we azatlyklary yglan edilýär. Esasy Kanunyň **3-nji maddasynda** *"jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr "* diýilýär. Döwlet raýatlaryň öňünde jogapkärdir we şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şertler döretmelidir. Baş

kanunyń **16-44-nji maddalarynda** adam we raýat hukuklary, azatlyklary we borçlary gińişleýin anyklaşdyrylýar. Esasy kanunyń **16-njy maddasynda** *"adamyń hukuklaryna el gatybam bolmaz, olary elinden alybam bolmaz. Adamy haýsydyr bir hukugyndan we azatlygyndan mahrum etmäge ýa-da onuń hukuklaryny çäklendirmäge hiç kimiń haky ýokdyr. Beýle ýagdaýa dine Konstitusiya we kanuna laýyk gelýän mahalynda ýol berilýär"* diýilýär. Şol maddanyń mazmunyndan ugur alyp, Türkmenistanyn Prezidentiň Permany bilen 1999-njy ýylyn 1-nji ýanwaryndan ölüm jezasyna moratoriý (togtatma) girizildi. 1999-njy ýylyn 27-nji dekabrynda Halk Maslahatynyń, Mejlisiń, Milli Galkynyş hereketiniń we Ýaşulularyń gatnaşmagynda gecirilen bilelekdäki mejlisde ölüm jezasy doly ýatyryldy we ömürlik gadagan edildi. Şol hukuk düzgüni Konstitusiya goşmaça hökmünde girizildi. Ýagny, Konstitusiýanyń **20-nji maddasynda** indiden beýläk: *"Türkmenistanda ölüm jezasy doly ýatyrylýar we ömürlik gadagan edilýär "* diýip yglan edilýar. Agzalan üýtgeşikler - milli döwlet-hukuk gurluşynyń uly üstünligidir. Bu dereja özüni ösen demokratiýaly döwlet diýip öz konstitusiýasynda yglan eden döwletler kepil bolup bilenoklar. Şu babatda Hormatly Prezidentimiziň sözlerini getirmek, biziń pikirimiz boýunça, zerurdyr: *"Dine öz raýatlarynyń hukugyny we azatlygyny goramaga ukyply bolan döwleti hukuk döwleti diýip atlandyrmak bolar".*

d).*Konstitusiýanyń* ***4-nji maddasynda*** *"Döwlet häkimiýeti kanun çykaryjy häkimiýete, ýerine ýetiriji häkimiýete we sud häkimiýetine bölünýär" diýilip nygtalýar.* Bu syýasy we hukuk ulgamy dine garaşsyzlyk döwründe mümkin boldy we mundan beýläk-de häkimiýeti demokratiýalaşdyrmak we Türkmenistanda hukuk döwletini gurmak üçin edilýän aýgytly ädimdir. Häkimiýeti şeýle görnüşlere bölmek
dine milli döwlet gurluşynyń täze konsepsiýasynyń esasynda amala aşyrmak mümkin boldy. Daşary ýurtlaryń syýasy we hukuk tejribesine görä, döwlet häkimiýeti bütewi we bölünmez häkimiýetdir. Bu kada

döwlet gurluşyny öwrenýän meşhur alymlaryń we dünýä ylmy konsepsiýalaryń belli hukuk kesgitlemesidir. Onun esasy mazmuny *"häkimiýiet köp dürli döwlet, hukuk görnüşlerinde we beýleki görnüşlerde bolup biler",* diýilýän ulgamdan ybarat. Emma, gynansak-da, ozalky SSSR-iń döwlet-hukuk tejribesinde beýle taglymat we tejribe ýokdy. Bu tejribe *"buržuaz ideologiýasynyń taglymaty"* diýilip sowet konstitusiýa hukugynda doly inkäredildi.

Şońa görä-de, Konstitusiýada ilkinji gezek döwlet häkimiýeti üçe bölünýär diýilip berkidildi. Ol bizin döwletimiz üçin täze hukuk tertiplilik, çünki öńki SSSR-iń şertlerinde döwlet häkimiýeti bütewi we ýeke-täk diýilýän ulgama ideologik nazardan garalýardy we şona laýyklykda ähli Sowetler gurluşy gyşarnyksyz bir hukuk tertiplilikde garalýardy. Bu tejribe dine Türkmenistan öz garaşsyzlygyny alandan soń mümkin boldy.

Häzirki wagtda Türkmenistanda kanun çykaryjy häkimiýet bolup Mejlis **(62-nji madda),** ýerini ýetiriji häkimiýet bolup Türkmenistanyń Prezidenti we Ministrler Kabineti **(54-nji, 75-nji maddalar),** sud häkimiýeti bolup Ýokary kazyýet **(99-njy madda)** çykyş edýärler.

e).*Türkmenistanyń Konstitusiýsy ilkinji gezek emläk gatnaşygynda hususy hukugy kadalaşdyrdy* **(9-nji madda).** Mysal üçin, Esasy Kanunda şeýle berkidilýär: *"Eýeçilik eldegrilmezdir, Türkmenistanda önümçilik serişdelerine, ýere, beýleki maddy hem ruhy gymmatlyklara hususy eýeçilik hukugy ýöreýär ".* Bu tejribe hem öńki SSSR-iń şertlerinde bolup bilmedi, sebäbi ýokarda görkezilen ulgamlar sowet ideologiýasy tarapyndan jemgyýete zyýanly diýip güşündirilýärdi. Sowet jemgyýeti dine döwlet eýeçiligini yglan edýardi.

Şońa görä-de, hususy eýeçilige kapitalistik zyýanly ykdysady şert hökmünde seredilýärdi. Emma ol öńki sowet döwletiniń we jemgyetiniń geçmişidir. *Şonuń üçin, Konstitusiýadaky berkidilen milli döwlet-hukuk gurluşyndaky ýörelgeler, demokratik, hukuk, dünýewi we bitarap döwletini gurmak dine Türkmenistanyń Hormatly Prezidentiniň*

*tagallalary, syýasy we ylmy taglymatlarynyń esasynda mümkindir.* 2007 -nj i ýyllardan başlap Türkmenistanda 30-dan gowrak ykdysady kanun kabul edildi. 2009-njy ýylyń 1-nji ýanbryndan bäri milli manadymyz denominasiýasy başlandy, maliýe dolandyrylyşygyna girizildi we milli manadymyz pugtalandyryldy. Täze bank reformasy geçirildi. Onuń netijesinde Merkezi Bank we aksioner-kommersiýa (hususylaşdyrylan) banklar döredildi. Kanunlaryń kabul edilmegi eýeçilik meselesiniń çözülişini doly üýtgetdi.

Hususy eýeçilik meselelerinde we onuń kepillendirilmeginde 1998-nji ýylyń 17-nji iýulynda kabul edilenwe 1999-nji ýylyń 1-nji martyndan güýje girizilen Türkmenistanyń Raýat kodeksi uly roly oýnaýar. Ýagny, Raýat kodeksiniń **2-nji maddasynda** *"Graždan kanunlary graždan dolanyşygyna gatnaşyjylaryh hukuk ýagdaýyny, eýeçilik hukuklarynyń ýüze çykmagynyń esaslaryny we şol hukuklary amala aşyrmagyń tertibini kesgitleýär, şertnamalaýyn borçnamalary wegaýry borçnamalary, şonuń ýaly-da beýleki emläk gatnaşyklaryny hem şolar bilen baglanyşykly emläk gatnaşyklary dal şahsy gatnaşyklary düzgünleşdirýär"* diýip nygtalýar. Raýat kodeksiniń **11 maddasynda** graždan hukuklaryny goramagyńusullary kesgitlenýär. Mysal üçin, olaryń hatarynda: 1) .hukugy ykrar etmek arkaly; 2). hukugyń bozulmasyndan öń dowam edip gelen ýagdaýyny dikeltmek we hukugy bozýan ýa-da hukugyn bozulmak howpuny döredýän hereketlerin öńüni almak arkaly; 3). geleşigi hakyky däl diýip ykrar etmek we şol geleşigiń hakyky däldigiriiń netijelerini ulanmak arkaly; 4).döwlet edaralaryń ýa-da ýerli öz-özüni dolandyryş edaralaryń aktyny hakyky däl diýip ykrar etmek arkaly; 5). borjy bolşy ýaly ýerine ýetirmäge mejbur etmek arkaly; 6). raýat hukuklaryny öz-özüń goramak arkaly; 7). ýetirilen zyýany töletmek arkaly; 8). puşmana puluny töletmek arkaly; 9). moral (ahlak) taýdan ýetirilen zyýanyń öwezini dolmak arkaly; 10). hukuk gatnaşyklaryny ýatyrmak ýa-da üýtgetmek arkaly; 11). döwlet edarasynyń

## V. Döwlet gurluşunyñ we döwlet dolandyrşynyñ formalary.

Özbaşdaklyk çylşyrymly sosýal emele gelmeleriñ hataryna degişlidir. Ol taryhda örän gapma-garşylykly we köpdürli roly oýnapdyr we oýnap gelýär. “Özbaşdaklyk” terminini ykdysadyýetiñ, sosýal durmuşyñ, syýasy proseslerıñ, milli toparlaryñ, we hatda adamyñ statusynyñ her hili sypatlaryny añlatmak üçin ulanýarlar.

Döwlet garaşsyzlygy taglymatyny ideology “Respublika barada syýasy kitap” atly uly işiñ awtory fransuz Źan Baden (1530-1596) hasaplanylýar. Ol özbaşdaklygy döwlet häkimeti bilen baglanşdyrýar we ony döwlet häkimýetiniñ iñ ýokary we garaşsyz güýji hökmünde görkezýär.

Döwlet garaşsyzlygy diýen düşünje özüniñ dörän wagtyndan bäri takyk mazmuna eýedir we takyk ugra gönükdirlendir: ol döwürde döwlet garaşsyzlygy baradaky ylym papa häkimýetiniñ (din) tabynlygyndan boşap dünýewi döwlet häkimýeti üçin göreşiñ delili bolup durýardy. Bu hili konttekstde rus akyldarlarynyñ syýasy we hukuk garaýşlaryna seredip geçmek we baha bermek mümkindir. Olardan F.Prokopowiç (1681-1736), W.N.Tatişewa (1686-1750), I.T.Posoşkowa (1652-1726) dagylar rus düýewi, ösen obolýutizimiñ ykrar edilmegi üçin köp işler bitirdiler.

Halk garaşsyzlygy diýen düşünjäniñ esaslandyrylmagyna fransuz Źan Źak Russo öz goşandyny goşdy. Halk garaşsyzlygy obsolýutik monarhiýa häkimýetine garşy urşda, “3-nji”soslowiýa (buržuaziýa) hukuklarynyñ ykrar edilmegiprosesde ýüze çykdy. Halk garaşsyzlygy boýunça döwlet häkimetiniñ çeşmesi hökümdaryñ (Imperatoryñ,Korolyñ)
Islegi bolmaly däl-de, halkyñ islegi-erki bolmalydyr. Bu bolsa döwleti halk bilen baglanşdyrýardy we demokratýanyñ esaslandyrjy momenti bolup çykyş edýärdi. Russonyñ pikiriçe,

garaşsyzlyk hemişe halka degişlidir we hiç hili kanunlar bilen çäklendirlip bilinmez.

Halk garaşsyzlygy diýen ideýalar halklaryñ azat edijilik göreşi döwründe, kolonýadaky tabyn adamlar özbaşdaklygy, döwletligi talap edip başlan döwürlerinde ýüze çykýar. Onuñ mazmuny her bir halka döwletini döretmäge mümkinçilik bermekden ybaratdyr. Milli garaşsyzlyga we onuñ syýasy-hukuk formada amala aşyrylmagy netijesinde umumy demokratik prosese organiki bölek hökmünde girdi we bir tarapdan imperiýanyñ dargamagyna (Awstro-Wengrýa, Britan, German, Osman, Rossiýa), ikinji tarapdan şu gün Birleşen Milletler Guramasyny düzýän täze milli döwletleriniñ döremegine getirdi.

Özbaşdaklygyñ üç görnüşiniñ taryhy olaryñ özbaşdaklygyny, dürli hili tertipdedigini we biri-birine garaşsyzdygyny añlatmaýar. Döwlet jemgyýetiñ häkimlik güýji hökmünde öz içinde we daşynda özbaşdaklyk bilen häsýetlendirilýär. Halk döwleti döredýär we bu kondtekstde döwlet özbaşdaklygyny saklaýjy hökmünde çykyş edýär.
Bşga sözler bilen aýdanymyzda, döwlet garaşsyzlygy halkyñ döwlet erkiniñ ýagdaýyny añladýar. Demokratik gurluşly döwletde halk özbaşdak, garaşsyz bolmaly we iñ ýokarda durmaly. Döwletiñ aýratyn regionyñ, territoriýasyny ýa-da syýasy ýa ykdysady emele gelmeleriñ erk-iaslegi däl-de döwlete birleşen bütin ilatyñ erk-islegi ileri tutulmaly.

Ylmy edebýatlardaky we syýasy dokumentlerdäki döwlet özbaşdaklygyna degişli ideýalary we düzgünleri öwrenip şeýle netije çykarmak mümkin:
a). Özbaşdaklyk-onuñ beýleki jemgyýetçilik emele gelmelerinden tapawudyny belläp geçmek bilen aýratyn hem döwletliligi häsýetlendirýär. Diñe döwlet öz işlerini alyp baranda özygtyýarlygy bilen, daşarky we içerki güýçlerden garaşsyzlygy bilen, normatiw kadalaşdyrlanda ýokary erk-islegi ýüze çykarmakda beýikligi bilen tapawutlanýar.

b). Özbaşdaklyk-özüniñ territoriýasy bolan halkyñ erk-islegi bilen baglydyr we ony öz hususy elementlerinde saklaýar. Diñe döwletiñ ähli rollarynyñ umumy erk-islegi döwlet garaşsyzlygyny saklaýjy hökmünde seredilip biliner.
Ç). Özbaşdaklyk-halkara hukuk gatnaşyklarynda aktiw hakykat bolup durýar we ol hiç kimiñ ýuridiki taýdan tassyklanmagyna mätäç däldir, emme onuñ dürli döwlet-hukuk ýüze çykmalarynda esas hökmünde ulanmaklaryny göz öñüne tutýar.

Islendik döwlet, goý ol unitar ýa-da federatiw gurluşly bolsun bir we ýeke-täk döwlet özbaşdaklygyndan peýdalanýar. Ol özbaşdaklyk ony düzýän halkyñ (ilatyñ) erk-islegi netijesinde emele gelýär we döwlet häkimýeti bilen amala aşyrylýar.

Her bir döwlet özüniñ emele gelmeginiñ we ösmeginiñ taryhynda ilatynyñ migrasýasy, etniki prosesleri we beýleki ýüze çykmalary onuñ häzirki zaman milli düzümini emele getirdi. Öz gezeginde, döwlet dolandyrşynyñ mazmunynda we mehanizmde añladýan milletara gatnaşyklarynyñ ýagdaýyny, derejesini we meselesini kesgitleýär. Russiýa imperiýasynyñ eýeleýän territoriýasynda SSSR döwründe onuñ Slowýan, Orta Aziýaly, Zakawkazýaly, Pribaltikalydygyna garamazdan köpmilletlilik esasynda döwletlilik döredi, ösdi. Şol territoriýada köp döwletleriñ taryhy watany bar. Olaryñ käbirleri dürli döwürlerde adamzadyñ ösmeginde yz galdyran özleriniñ döwletlerini döretdiler. Her bir halkyñ geçen taryhy ýoly onuñ milli ýatlamasy bolup galýar we hemmeler tarapyndan hormatlanmaga degişlidirler.

Döwlet gurluşy hemişe adam bilen häkimýeti ýakynlaşdyrmalydyr, ol her bir adama onuñ milli alamatlaryndan başgada häkimýet gatanaşyklarynda we döwlet dolandyrşynda aktiw çykyş etmäge mümkinçilik bermeli. Raýat jemgyýeti-milli prosesleriñ akyp geçýän meýdanydyr. Bu näçe tiz, çalt añlanylsa, şonçada çalt demokratik döwletlilik berkär we raýat jemgyýeti dörär.

Eger-de jemgyýetde tapawutlandyrma, çäklendirme bolmasa, ýagny ýagşy bilen ýamany, ahlaklylyk bilen ahlaksyzlygy, adalatlylyk bilen betnebisligi, hukuk bilen jemgyýetçiligi tapawutlandyrýan çäklendirmeler bolmasa adamlaryñ arasynda kadaly gatnaşygy ýola goýup bolmaz. Şonuñ üçinem adamzat taryhynda millilik üçin ençeme ganlar döküldi, müñlerçe pidalar getirildi.

Haçan-da bir halkyñ (onuñ wekilleriniñ) düşunjelligi we özüni alyp barşy beýleki halkyñ hem onuñ bilen deñhukuklygyny ykrar etse we praktikada (tejribede) görkezse onda adamzat ösüşiniñ konstruktiw çeşmesi bolup hyzmat edýän millilik emele gelýär. Bu T.Gobbsyñ "altyn" düzgüninde şeýle beýan edilýär: "Özüñe edilmegini islemedik zadyñy başga birinede etme" (Türkmenlerde özüñe rowa görmedik zadyñy başga birinede rowa görme). I.Kant hem bu babatda şeýle diýýär: "Başga bir adama öz maksatlaryña ýetmek üçin serişde hökmünde däl-de, şol maksadyñ özi hökmünde seret".

Bir halkyñ beýleki halkyñ üstünden genetiki, taryhy, fiziki, intellektual, jynsy we medeni taýdan belli bir derejede höküm, agalyk etse onda millilik milletçilige öwrülýär. Milletçilik-bu haýsy millet şoña ýakyn bolsa şol millet üçin hem totalitarizimiñ formsydyr. Milletçilik şol halky başga bir halka garşy goýýar, ol şol halky umumy dünýä prosseslerinden, şol sanda medeni, tehnalogiki oblastlarda yza galdyrylýar we şol milleti awtokratýa, konserwasýa kem-kemden bolsa şol milletiñ ýok bolmagyna ýagny ýagny öz-özlerini ýok etmegine getirýär. Şol bir wagytda milletçiligiñ ösmeginde hakyky alada bolup durýar.

Milli prossesleri dopolitizirlemek we olary raýat jemgyýetiniñ derejesine geçirmek, uly wezipeleriñ biri bolup durýar. Hakykatdan hem hakyky milletçilik bir halkyñ özüniñ "Milletiniñ atasyny" döretmeginde we ony maddy we ruhy taýdan üpjün etmeginde ýüze çykmaýar. Ol şu ýagdaýlarda: ýagny adam özüniñ şahsy islegi boýunça belli bir dilde

gepleýär, özi üçin belli bir maral we dini gymmatlyklary we ideýalary ykrar edýär, özüniñ islendik durmuş obrazyny ýöredýär, islendik adamlary bilen erkin sözleşýär-diñe şu ýagdaýlarda millilik hakyky häsýetde ýüze çykýar.

Raýat (graždanin) barada liriki we syýasy we ylmy taýdan köp işler ýazylandyr. Gadymy Gresýa we Rim döwürlerinde raýatyñ statusy şekillendirlipdir. Raýat barada Beýik Fransuz rewalýusýasynda uly galmagally ýagdaý ykrar edilýär. Ikinji jahan urşundan soñ BMG we beýleki halkara we regional guramalar bu mesele boýunça köp sanly wajyp dokumentleri kabul etdiler.

Raýatyñ statusy adamyñ we döwletiñ ýuridiki arabaglanşygyny häsýetlendirýär.

Eger-de demokratik döwletde häkimýetiñ çeşmesi halk-ýagny raýatlaryñ toplumy bolsa onda raýatyñ statusyny häkimýetiñ ähli strukturalarynyñ emele gelmeginde we özaraçäklerinde sistemany emele getirýän faktor bolup çykyş edýär. Emma köplenç bu strukturalar özara çäklidirler we biri-birine garşy gelýän wagtlary hem bolýar.

Taryhdan belli bolşy yaly raýatyñ statusynyñ amala aşyrylmagy döwletde hakyky syýasy režim bilen kesgitlenilýär. Döwletiñ, jemgyýetiñ derwaýs we doly hukuk esaslarynyñ bolmagy, döwlet organlarynyñ ähli zerur sistemsynyñ hereket etmegi entek adamyñ hukuklarynyñ we azatlyklarynyñ üpjün edilmegini añlatmaýar. Ilki bilen güýçliç abraýly we garaşsyz sud sistemasy we oña jogap berýän raýata hukuk hyzmatyny edýän (notoryat, adwakatura) ulgamlar.

Raýatyñ islendik jemgyýetçilik gatnaşyklarynda statusynyñ saklanmagy üçin üç sany düzgüni belläp geçmek zerur:

1. Milletine we beýleki spesifiki alamatlaryna garamazdan ähli adamlar deñhukuklydyr. Olar durmuşyñ ähli sferasynda deñhukuklardan, azatlyklardan peýdalanýarlar we birmeñzeş borçlary çekýärler.

2. Ähli halklar özüniñ sanyna we ösüş derejesine garamazdan deñhukuklydyrlar.
3. Adamyñ hukuklary we azatlyklary bilen halkyñ hukuklarynyñ we azatlyklarynyñ arasynda ber arabaglanşyk bar. Adamyñ hukuklary bozulýan halk erkin bolýan däldirç halkyñ hukuklary gysylýan ýagdaýynda hem adam özüni erkin duýýan däldir.

Raýatyñ emele gelmegi, onuñ döwletiñ subýekti hökmünde çykyş etmegi-çylşyrymly, kompleksleýin prossesdir.

Häkimýeti merkezleşdirip, konsentrirläp, ýokarda aşaklygyna ýa-da aşakdan ýokarlygyna gurup boýar, emma islendik ýagdaýda ol bir hili görnüşde amala aşerylmalydyr. Muny bolsa diñe raýat edip biler. Raýatyñ öz üstüne häkimýetiñ agyrlygyny alyp bilmeklige ukyplylygy we taýýarlygy döwlet dolandyrşynyñ demokratizasýasynyñ çuñlugyny we dinamikasyny obýektiw kesgitleýär.

## VI. Döwlet dolandyrşynyñ guramaçylyk gurluşy.

Döwlet dolandyrşynyñ subýekti öñ bellenilip geçilşi ýaly umumy döwlet çykyş edýär.Emma bu onuñ ähli organlarynyñ, kärhanalarynyñ, guramalarynyñ we edaralarynyñ dolandyrşda hökman çykyş edýändigini añlatmaýar. Döwletiñ funksýasynyñ köpdürliligi, onuñ jegyýet bilen gatnaşygynyñ dürliligi döwlet organlarynyñ işiniñ dürli ugulydygyny we dürli häsýetlidigini kesgitleýär.

Döwlet dolandyrşynyñ guramaçylykly gurluşy-bu aýratyn döwlet hukuk ýüze çykmasy bolup, döwlet dolandyrşynyñ jemgyýetde jemgyýetçilik-syýasy tebygaty, sosýal funksýonal roly we mazmuny bilen şertlenendir.

Döwlet dolandyrşynyñ guramaçylykly gurluşynyñ sistemany kemala getirýän elementi hökmünde döwlet

dolandyryş täsiriniñ emele gelmegi we amala aşyrylmagy bilen bagly bolan döwlet organy çykyş edýär.

Ylmy işlerde döwlet organynyñ dürli häsýetdäkisini görmek bolar:

Funksýonal-döwletiñ kesgitli funksýalaryny ýerine ýetirýän, ony struktura hökmünde açyp görkezýän organlar;

Sosýalogiki-döwlet işiniñ degişli sferasynda, jemgyýetçilik zähmet bölünşigi netijesinde döwletiñ birnäçe wezipeleri ýüklenen we adamlaryñ köpçüligi hökmünde ykrar edilen organlar;Ýuridiki-zerur kompotensýa ýa-da döwlet häkimlik ygtyýarlyklary bolan organlar;
Guramaçylykly-döwlet apparatynyñ strukturasynda özbaşdaklaşan, elementleriniñ guramaçylygy we olaryñ arabaglanşygy bilen tapawutlanýan organlar.

Gurama-bu adamlaryñ ýöne toparyndan uly bir zatdyr diýlip  ABŞ-nyñ alymlary belläp geçýär. Bu guramaçylykly ýörelgeler, bähbitler, preseduralar, şahsy gymmatlyklar, şeýle hem ygtyýarlyklarynyñ we jogapkärçilikleriniñ formalary boýunça birleşen indiwidleriñ toparydyr.

Şeýlelikde, döwlet organy ( sinonimleri; döwlet organy, döwlet häkimetiniñ organy, ýerli öz özüñi dolandyrşyñ organy ) döwletiñ maksatlaryny we funksýalaryny amala aşyrmak üçin döwlet tarapyndan döredilen häkimýetiñ ýeke täk strukturasyny ( gurlusuny ) añladýar. Döwlet organy döwlet eýeçiliginiñ bazasy esasynda ykdysady işi amala aşyrýan döwlet kärhanasyndan tapawutlandyrmalyç döwlet organy sosýal we ruhy hyzmat edýän döwlet edaralaryndan tapawutlandyrmaly; döwlet organy jemgyýetçilik durmuşynyñ dürli ugurlarynda guramaçylyk funksýasyny ýerine ýetirýän döwlet guramasyndan tapawutlandyrmaly.

Döwlet organynda dolandyryş çözgütleri we hereketleri döredilýär we amala aşyrylýar. Ýkarda deñeşdirlen beýleki organlarda bolsada maddy, sosýal we ruhy önümler hem-de hyzmatlar döredilýär we amala aşyrylýar. Demokratik

şertlerinde döwlet dolandyrşynyñ guramaçylykly gurluşy şu hakykaty, ýagny halkyñ döwlet özygtyýarlygyny göterji we häkimetiñ ýeke-täk çeşmesi bolmalydygyny üpjün etmelidir.

Döwlet dolandyrşynyñ guramaçylykly gurluşunyñ esasyny, özenini ýerine ýetiriji häkimýetiñ organlary düzýär. Jemlikde olar döwlet apparatynyñ Uly we çylşyrymly bölegini emele getirýärler. Olar jemgyýetçilik prosseslerine, adamyñ añyna, özüni alyp barşyna we işine gös-göni täsir edýär.

Döwlet dolandyrşynda bolmadyk daşky şertleriñ we faktorlaryñ içinde obýektiw şertlere esasy orun degişlidir. Dolandyrşyñ subýekti jemgyýetçilik sistemasynyñ arabaglanşygyny we ähli elementleri özünde döretmeli däldir.Döwlet dolandyrşynyn guramaçylykly gurluşunda obýekt esasa laýyklykda dolandyryş organlarynyñ "bloklaryny" tapawutlandyrýarlar:

a).Ykdysady prosesler;

b).Sosýal-medeni prosesler;

ç).Administratiw-syýasy prossesler;

Bu aspektde ähli zat dolandyryş obýektleriñ dolandyryş zerurlyklarynyñ strukturasyna baglydyr. Döwlet dolandyrşynyñ guramaçylykly gurluşy babatda obýektiw hökmünde döwletiñ jemgyýetçilik funksýalary çykyş edýär. Şol esasda döwlet syýasaty alynyp barylýar we onuñ esasynda döwlet dolandyrşynyñ maksatlary we funksýalary emele gelýär.

Döwlet dolandyrşynyñ maksatlary we funksýalary kesgitli guramaçylykly mümkinçiliklere daýanmalydyr. Döwlet dolandyrşynyñ özünde köp zat içki şertler we faktorlar bilen kesgitlenilýär.

Döwlet dolandyrşynyñ guramaçylykly gurluşynyñ modemini saýlamak üçin we onuñ üçin guramaçylyk esas bolup hyzmat edýän gurama düşünjesi kesgitlenen jemgyýetçilik ýüze çykmasynyñ hili we şol bir wagtda hem şol bir jemgyýetçilik ýüze çykmasynyñ mümkinçiligi bolup çykyş edýär. Guramaçylykly gurluşy guramagyñ modeli saýlananda we

modernizasýa hem-de gurluş prossesi dowam edende gurama degişli bolan köp şertler we faktorlar, şýle hem elementler göz öňünde tutulýar. Guramaçylykly gurluşuň saýlanan we döredilen modeminden netijede rosýanallyk we döwlet dolandyrşynyň effektiwligi baglydyr.

Döwlet organynyň döwlet dolandyrşynyň guramaçylykly gurlyşynyň sistemany dorediji elementi hökmünde ykrar edilmegi onuň içki guramasynyn emele getirýän tipleýin daşary aragatnaşyklary ýörite seretmekligi talap edýär.

Döwlet organy döredilende onuň döwlet dolandyrşynyň guramaçylykly ýagdaýyny bilmek zerurdyr we döwlet organlarynyň hereket edýän klossifikasýasyna goldanylmalydyr esasan hem ýerine ýetirji häkimetiň funksýasyny amala aşyrýan döwlet organlaryna goldanmalydyr. Döwlet dolandyryş sferasynda döwlet organlarynyň ýeke-täk klassifikasýasy ýokdur. Emma birnäçe kriteriýalar esasynda olaryň bolmak mümkinçilikleri bellenendir. Şol kriteriýalar:

Kompetensýanyň terrotorýal masştaby, şoňa laýyklykda organlar federal (merkezleşen) organlara, federasýanyň subýektleriniň organlaryna, şeýle hem öz-özüňi dolandyrşyň oraganlaryna bölünýärler.

2).Oraganlaryň öz aralarynda biri-beýlekisine tabynlygy-şonuň netijesinde hem olar aşakda duranlara we aşakda duranlara bölünýärler;

3).Organlary döretmekligiň tertibi-şonuň netijesinde olar döredilýänlere (ýokarda dürli organyň kompetensýasynyň çäginde) we saýlanylýanlara (ilat tarapyndan, ýa-da wekilçilikli organ tarapyndan) bölünýärler;

4).Kompetensýasynyň häsýeti we mazmuny boýunça-şonuň netijesinde organlar umumy, pudaklaýyn we pudaklara kompotensýaly diýlip bölünýärler;

5).Kompetensýa meselelerini çözmek tertibi-kollegýal organyñ we ýekeleýin organlaryny tapawutlandyrmak üçin hyzmat edýär;

6).Malýe çeşmesi boýunça-ýagny býudjet we ykdysady özbaşdak organlary tapawutlandyrýarlar. Emma döwlet dolandyrşynyñ organlary ýagny häkimýet bilen bagly organlar diñe býudjede duran baolmalydyrlar.Döwlet doladyrşynyñ guramaçylykly birnaçe döwlet organlarynyñ köpçülüginden durýar. Birmeñzeş ýagdaýy we amala aşyryş daolandyryş funksýasy birmeñzeş bolan döwlet organlary “döwlet dolandyryş sistemasynyñ zwenosyny” emele getirýär.

Döwlet dolandyrşynyñ guramaçylyk gurluşynyñ zwenosy hökmünde: Prezidenti, Hökümeti, ministirligi, beýleki merkezi ýerine ýetirji häkimeti, döwlet subýektiniñ baştutanlary, döwletiñ subýektleriniñ hökümetleri, Döwlet subýektleriniñ ýerine ýetirji häkimetiniñ beýleki organlary, ýerli öz-özüñi dolandyryş ýerine ýetirji organlary.

Döwlet organlary dolandyrylýan sistema babatda ol ýa-da beýleki alamatlary boýunça birleşen ýöriteleşen aragatnaşykda we arabaglanşykda çykyş edýärler. Bu hili jemlik döwlet dolandyrşynyñ guramaçylykly gurluşynyñ organlarynyñ degişli podsistemasyny emele getirýär.

**bn**Döwlet organynyñ gurluşy (strukturasy) diýlende adatça onuñ bölümleriniñç ondaky wezipeleriñ toplumyna düşünilýär şeýle hem olaryñ arasyndaky funksýalara we ygtyýarlyklara bölünmegine, şol bölümleriñ we wezipeleriñ özara gatnaşyklarynyn sistemasyna düşinilýär. Döwlet organynyñ strukturasy döwlet dolandyrşynyñ guramaçylyk gurluşynda organyñ tutýan ornuna, onuñ kompetensýasynyñ göwrümine we mazmunyna, şeýle hem jemgyýetçilik prosesleri bilen dolandyrşyndaky roluna baglydyr. Ol bütinleýin döwlet organynyñ kompetensýasynyñ amala aşyrylmagyna tabyndyr we ýokardan aşaklygyna gurlandyr.

Dürli döwlet organlarynyñ strukturasynyñ arasynda guramaçylykly özara guramaçylykly öazaragaraşlylyk hereket edýär. Ýönekeý we çylşyrymly strukturaly organlaryñ arasyndaky gatnaşyklar aýratyn hasplanýar.

S.Kawlewskiý şu aşakdaky faktorlary tapawutlandyrýar:

1.Tabşyrlan meseleleri kesgitleýän faktorlar: ýerine ýetirmek üçin hünärmenleriñ toparyna tabşyrlan meseleleriñ wajyplygy, meseleleriñ kynlygy; meseleleriñ köpdürliligi; koordinasýa; Üns berilmesiz netijeleri döreýän meseleler;

2. Ýolbaşçynyñ şahsyýetine bagly bolan faktorlar:
ýolbaşçynyñ özbaşdaklygynyñ derejesi;
kömekçi persenal;
ýolbaşçylyk bilen bagly bolmadyk iş;
dolandyryş metody;
planlaşdyrmak;

3. Personala bagly bolan faktorlar:
personalyñ kwaliwikasýasy;
zähmet integrasýasy;
formal bolmadyk toparlaryñ işi;
gepleşigiñ medenýeti;

4. Tehniki häsýetdäki faktorlar:
ýolbaşçylygyñ wertikal diapazony baglanşyk;
meseleleriñ ýerine ýetirilmek endikleri;
enjamlaşdyrmak;
edaranyñ gurluşy (strukturasy);
sosýalistiki elementler;
işiñ deñ derejeli tempi;
kontrol;
informasýon ulgam (sistema);
habarlary işleýän tehnika;

Şonuñ üçin döwlet organynyñ strukturasyna rosýanallyk we effektiwlik taýdan çemeleşseñ onda onuñ degişli kompetensýasy barada netije çykarmak üçin biri-birine garşy gelýän birnäçe faktorlary sanap geçmelidir.

Döwlet dolandyrşynyñ guramaçylykly gurluşynyñ kesgitleýji problemasy-döwletiñ we onuñ apparatynyñ rosýonal, dinamiki we effektiw funksýonirlenen sistema öwrülmegi bolup geçýär. Şol sistemada her bir element we her bir arabaglanşyk jemgyýet üçin, adam üçin zerur bolan zady üpjün eder ýaly.

## VII. Döwlet dolandyryşynda kanunçylyk

Kanun- bu deňagramlaşdyrylan parasatdyr diýip, Aristotel aýdypdyr. Ýöne kanunylyksyz, ýagny kanuny durmuşa ornaşdyrmasaň, ol gury sözdügine, peýdasyz parasatlygyna galýar. Kanuny durmuşa ornaşdyrmak üçin iň bolmanda jemgyýetiň aglaba köpçüligine hukuk düşünjesiniň ýeterlik bolmagy hökmandyr. Döwlet dolandyrylyşynyň üsti bilen hakykat ýüzüne geçirlende şol kanunlar adamlaryň aňynyň, özüni alyp baryşynyň işjeň hereketiniň esasy sebäbine faktoryna we düzüm bölegine hakykatdan-da öwrülende hakyky agrama eýe bolýar. Ýagny jemgyýetiň we döwletiň düzgün-tertip galyby adamlaryň aňyna, häsiýetine we durmuşa ornaşmasa ol ýönekeý jansyz sesligine galýar. Köplenç ähli emele gelýän näsazlyklar kanunlaryň durmuşylygyndan we pesliginden ýüze çykýar. Eger-de kanunlar kämil bolan ýagdaýynda, onda olar awtomatizirlenen ýaly ýerine ýetirilýär. Alymlaryň arasynda dolandyryş edaralarynyň kämilligi we olaryň aşakdakylar bilen üpjün edilýändigi bilen bagly deliller getirilýär:

1). Onuň güýçden gaçmagyny;

2).Milletiň pikirine hakyky bähbitlerden aýrybaşgaçalamaga ýol bermezligini;

3) Raýatlar hem-de hökümet üçin birmeňzeş hem-de hemmeleriň dykgatyna ýetirlen ölçeglik diýip kabul

edilen hereket ediş ýollaryndan sowulmaga ýol bermeýän häkimýet zerurlyklarynyň bolmagy;

Islendik hereketiň, gatnaşygyň, hadysanyň hukuk taýdan tertipleşdirilmegi eger-de ol häkimýetiň güýji bilen berkidilmese, onda ol öz manysyny ýitirýär. Bu güýç häkimýetiňki hem bolup biler. Adat, däp-dessur, şahsy abraý, jemgyýetçilik pikirleri bolup biler, çünki kanun kanunalaýyksyz asla hereket edip bilmez. Sebäbi ol kanuny durmuşa geçiriji guraldyr. Elbetde kanun adamlaryň özüni alyp baryşyny we işjeň hereketlerini kesgitlemegiň aňrybaş oňat görnüşi däldir. Ýöne adamzat medeniýetiniň ösüşi häzirki güne çenli ýüridiki (hukuk) kanunyň öwezini tutup biljek zady hödürläp bilmeýär. Has takygy bolsa, ol muny özüniň möhüm gazanan açyşy hökmünde görkezmegi dowam etdirýär. Hakyky mesele durmuşy we öňdebaryjy kanunlary öwrenmekde, ýagny kanun döredijiligi kanunlary yzygiderli durmuşa ornaşdyrylmagyna baglydyr. Döwletiň we jemgyýetiň demokratik bolmagy kanuny bähbitleriň belli bir derejede deňagramlaşdyrylmagynyň, ylalaşdyrylmagynyň dowamy bolup durýar. Ol jemgyýetiň käbir umumy bähbitlerini, zerurlyklaryny we maksatlaryny öz içine alýar. Şeýlelikde kanunlaryň iş ýüzünde amal edilmegi bu gapma-garşylyklaryň we düşünişmezlikleriniň hukuk nukdaýnazaryndan düzedilmegini jemlemekdir. Bu diňe bir kanunylygyň däl, eýsem onuň aňyrsynda duran döwletiň hem resmi tarapy däl.

**Kanunylyk-bu kanunlaryň we gaýry hukuk namalarynyň durmuşa geçirilmegini üpjün etmek üçin niýetlenen döwlet birlikleriniň, ygtyýarlyklarynyň, berlen kadalarynyň we kepilnamalarynyň ulgamydyr.**

Kanunylyk-hakyky hadysa hökmünde döwlet dolandyrylyşy we ýerli dolandyryşy öz içine alyp, ol ýerli öz-özüňe degişlidir we hökmandyr. Kanun adamlaryň hereket edýän we biri-biri bilen aragatnaşyk saklaýan ýerinde bitewidir we bölünmesizdir. Kanunlaryň maksady bolsa, kanuny ýollar

bilen gazanmakdyr. Eger kim kanuna boýun bolup, ondaky aýdylanlardan çykmaýan bolsa, onda ol adam parasatly we dogry hereket edýändir. Kanunylygy adamlar we jemgyýet tarapyndan gözlenilýän arzyly ýagdaýa getirmäge diňe jemgyýetiň, her bir adamyň agzybirliginde, birleşen erjelliginde ýardam edip biler.

Döwleti dolandyrmakda kanun möhüm alamatdyr we içki gözegçilikdir. Ol döwlet dolandyryş we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda, ýagny ýörite wezipeli adamlar tarapyndan ýerine ýetirilýär we hut şol adamlar tarapyndan amala aşyrylýar. Demokratik döwletde döwleti dolandyrmagyň esasy agramly bölegi jemgyýetiň üstüne düşýär. Jemgyýetçilik guramalary we raýatlaryň beýleki gurluş birlikleri köpçülikleýin habar beriş serişdeleri özleriniň Konstitusiýalarynda kepillendirilen hukuklaryny we azatlyklaryny doly öwrenmäge endik edinmelidirler. Zulumy ahlumumy agzybirlik bilen derbi-dagyn edip bolar. Birleşmeleriň häsiýeti zuluma garşy ýeketäk hukukdyr, häkimýeti jemgyýetiň has giň köpçüligine berip geçip bolar. Düzgün-nyzam bolsa jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň bir görnüşi bolup durýar.

Döwleti dolandyrmagyň normatiw modeli, ýagny konstitusiýalarda, kanunlarda we ol baradaky gaýry hukuk namalarynda kesgitlenen. Döwletiň we jemgyýetiň normatiw modeli hem konstitusiýalarda we kanun çykaryjylaryň aktlarynda öz beýanyny tapandyr we döwleti dolandyryşda durmuşa geçirilyär we olar haçan-da adamlaryň aňynyň, özlerini alyp baryşlarynyň we işleriniň esasy düzüm bölegi, ugrukdyryjysy we faktory bolan ýagdaýlarynda doly ähmiýete eýe bolýarlar. Köplenç ähli mesele kanunlaryň aktuallygynda we olaryň hilinde, ýagny olaryň barlygynda diýip tassyklaýarlar. Eger şeýle kanunlar (ýa-da gaýry normatiw hukuk namalary) bar bolan ýagdaýynda, onda olar awtomatiki ýagdaýda ýerine ýetirilip bilner.

Bu mesele toplumlaýyn häsiýete eýe bolup, sosiologik, syýasy, hukuk we gaýry, hat-da adamlaryň ýaşaýyş –iş durmuş derejelerine eýe bolup biler. Baryp gadymy rimliler: „prudenter agit gui praecperto  legis obtemberat (kanuna boýun bolan paýhasly hereket edýär)“-diýip hasaplapdyrlar, emma biziň günlerimizde-de kanunylyk ýagdaýy gowulyga tarap iterýär. Uzak taryhyň dowamynda kanunylygy üpjün etmeklik üçin, hat-da, döwlet dolandyryşynda-da ýola goýmak maksady bilen dürli usullar, görnüşler we düzgün-kadalar ulanylyp görüldi, olaryň hersi hem öz ýerinde mümkinçilkleriniň çäklidigini aýdyň görkezdiler. Has takygy, şeýle ýagdaýyň döremegi, degişli şerişdeleriň zerur energiýa, yzygiderlilik, esasan bolsa ulgamlaýynlyk bilen ulanylmanlygyndadyr.

Şoňa görä-de, kanunylyga gözlenilýän (adamlaryň, jemgyýetiň) ýagdaýyny bermeklik, diňe tutuş jemgyýetiň, her bir adamyň tagallalar ulgamynyň ylalaşylmagy arkaly, olaryň hukuk üçin „göreş“ serişdeleriniň  ummasyz  toparynyň ulanylmagy bilen amala aşyrylyp bilner. Şeýle serişdeleriň arasynda ***döwlet häkimýetini gurmaklyga*** ileri tutulýan ähmiýet berlip, bir tarapdan, onuň bölünişi dikligine (kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji, kazyýet) we keseligine (federal, federasiýanyň subýektleri, ýerli öz-özüňi dolandyryş), beýleki bir tarapdan bolsa – onuň podsistemalarynyň arasynda wajyp bolan takatlylyk ýagdaýlary we garşylyklary, şeýle-de gatnaşyklaryň özara gözegçilik ýagdaýyny emele getirmek mahsusdyr. Kanunylyk ýagdaýy, haçan-da häkimýetiň hiç bir düzüminiň kanundan güýçli bolmazlygy we eger şeýle ýagdaý ýüze çykaýanda-da, beýleki düzümleriň kömegi bilen onuň garşysyna durlan halatynda döredilip bilner. Hut şu pikirden hem köplenç ýatdan çykarylýan, ýagny häkimýetiň beýik bölünişik mazmuny gelip çykýar. Has takyk  nukdaýnazar bilen seredilende, her bir podsistemanyň özüne berlen ygtyýarlyklaryna laýyklykda özbaşdak hereket edýändigi, olaryň biri-biri bilen baglanyşyklarynda,  Konstitusiýa we

kanunlara deň derejede eýerýändikleri wajyp bolman, wekilçilikli organlaryň (ähli derejeli) ýerine ýetiriji organlary gözegçilik edip bilmekleri, olaryň bolsa öz gezeginde ilkinjileriň gelen çözgütlerine weto goýmaklyga hukuklarynyň bolmagy wajypdyr. Hut şu ýerden hem kanunylygyň we kanunlaryň hem-de beýleki hukuk namalarynyň amatly çözgütlerini gözlemegi talap edýän kompromislere eltýän ylalaşyk kadalary ýüze çykýar.

Hukuk döwletinde döwlet dolandyrylyşynda kanunylygy üpjün etmekde kazyýet häkimýetine wajyp orun berilýär. Bu häkimýet organlarynyň esasy wajyp statusy, döwletiň olary beýleki podsistemalaryndan garaşsyz edip belläp, ony dolulygyna kanunylygyň goragçysyna öwürmegidir. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda (6 b., 99 m,.) şeýle diýilýär: ***„Kazyýet häkimýeti raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, kanun arkaly goralýan döwlet we jemgyýetçilik bähbitlerini goramaga niýetlenendir“.*** Şeýlelikde kazyýet häkimýeti adalatly ýagdaýda konstitusion, raýat, administratiw we jenaýat sud işlerini çözmekligiň üsti bilen kanunylygyň çözgütlerini we döwlet häkimýetiniň organlarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş organlarynyň we wezipeli adamlaryň işlerinde ýüze çykýan jedelleri we dawalary çözmekligiň instansiýasy diýlip seredilýär. Elbetde bu ýerde köp zat kanuny hukuklary we azatlyklary kimdir biri tarapyndan çäklendirilen şol düzümleriň (döwlet ýa jemgyýetçilik) we raýatlaryň pozisiýalaryna we özlerini alyp baryşlaryna bagly bolup durýar. Hukuk döwletinde döwlet dolandyrylyşynda kanunylyga kazyýet gözegçiligini ýaýbaňlandyrmak bu meselede ***prokuraturanyň*** roluny peseltmän, tersine ony ýokarlandyrýar. Çünki kanunylygy, şol bir babatda adamyň ýa-da raýatyň kemsidilen hukuklaryny we azatlyklaryny dikeltmek üçin kazyýete ýüz tutmaklyk, başlangyç häsiýete eýe bolup, oňa degişlilikde bikanun hereketler we işler gozgalan bolsa şol hukuk subýektiniň (döwlet organynyň, jemgyýetçilik

birleşmesiniň, şahsyýetiň) islegine we işjeňligine baglylykda guralýar. Köp ýagdaýlarda şeýle subýekt asla dawa goşulmak islemän, kanun bozulmalary bilen ylalaşýar we öz gyzyklanmasyny kanagatlandyrýan başga ýollary agtaryp başlaýar. Prokuror gözegçiligine döwlet dolandyrylyşynyň namalarynyň kanunylygyna gözegçilik etmek girizilendir we oňa ***hökmany ýerine ýetirilmegi*** ýüklenendir. Bu prokuraturanyň gulluk borjy bolup, hemişe ondan tagallalary we kwalifisirlenen hereketleri talap edýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda aýdylyşy ýaly (7 b., 111 m.,): ***„Prokuratura operatiw-agtaryş işiniň kanunylygyna hem-de jenaýat işleriniň derňelişine gözegçilik edýär“*** diýlip bellenendir.Şeýlelikde prokuraturanyň döwlet dolandyrylyşynda kanunylyga gözegçilik etmek mümkinçilikleri şoňa laýyklykda öwrenilmelidir.

Elbetde, döwlet dolandyrylyşynda kanunylygy goldamakda wajyp orun ***ýerine ýetiriji häkimýete*** degişlidir. Bu babatda kanunlaryň ýerine ýetiriji häkimýeti çäklendirýändigi we olara hiç hili üns bermeýändigi ýa-da olary bozýandygy baradaky köne garaýyşlardan el çekilmelidir. Hukuk döwletinde ýerine ýetiriji häkimýet döwlet dolandyrylyşynda kanunylygyň berkidilmegine obýektiw gyzyklanma bildirýär. Ýola goýlan kanunydöredijilikde köp ýagdaýlarda ýerine ýetiriji häkimýet organlarynyň hut özleri olaryň özi tarapyndan hödürlenilýän syýasaty şöhlelendirýän we üpjün edýän kanun taslamalarynyň başyny başlaýjylary we işläp düzüjileri bolup çykyş edýärler. Kabul edilen kanunlar olaryň öz kanunlary bolup, soňkusynyň durmuşa geçirilmeginde olar has ynjalyksyzlanýarlar, çünki kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimýetleriň tarapyndan hem ol ýa beýleki bir meseleleriň çözüliş usullarynda düşünişmezlikler, gapma-garşylyklar we dawalar ýüze çykyp biler. Ýerine ýetiriji häkimýet tarapyndan kanunlary äsgermezlik etmeklik, onuň hut özi üçin howply kararlara getirip bilýär, ýa bolmasa şoňa meňzeş ýagdaýlar

onuň normatiw hukuk namalary bilen ýüze çykyp bilýär. Ýerine ýetiriji häkimýetiň ulgamynda döwlet dolandyrylyşynda kanunylygy üpjün etmek maksady bilen dürli serişdeler ulanylýar. Olaryň anyk mazmuny şol ulgamda ýörite gözegçilik mehanizmleriniň ýola goýulýandygy we şol mehanizmleriniň üsti bilen dolandyrylyşyň çözgütlerine we hereketlerine hut öz kanunlarynyň we hukuk namalarynyň nukdaýnazaryndan seredilmegine mümkinçilik berýändigindedir.

Gürrüň ilki bilen, ýerine ýetiriji häkimýet ulgamynda bir döwlet organynyň beýlekisine gatnaşygynda amal edýän ***daşky gözegçiligi*** hakynda bolup durýar, çünki ýerine ýetiriji häkimýet köpbasganççaklylylykda bolup, onda ýokary organlar özleriniň hukuk statuslaryna baglylykda aşaky organlaryň dolandyryş işleriniň kanunylygyna gözegçilik edýärler. Bu ***umumy gözegçilik*** diýlip atlandyrylyp, ol her bir döwlet organynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş organynyň ýola goýlan ygtyýarlylyklarynyň durmuşa geçirilmeginiň kanunylygynyň gullugynda durýar. Eger-de ol ygtybarly we yzygiderli hereket eden bolsa, onda ýerine ýetiriji häkimýetiň ulgamynda kanun bozulmalary az bolardy. Ýöne tejribäniň görkezişi ýaly, bu ýerde umumy gözegçiligiň pesdigi we oňaýsyz ýagdaýdadygy barada habar berýär.

Mundan başga-da, döwlet organlarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş organlarynyň belli bir dolandyryş işlerinde ***ýöriteleşen*** daşky gözegçilige hem ýer bellenendir. Döwlet dolandyryş işlerinde kanunylygy ýola goýmaklyk üçin ***içerki*** gözegçilik möhüm bolup durýar. Ol döwlet organlarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş organlarynyň ýolbaşçylary, şeýle-de hut şu maksatlar üçin aýratynlandyrylan wezipeli adamlar ýa-da olaryň bölümçeleri (hukukkonsultantlyk wezipeler, toparlar, gözegçilik sektorlary) tarapyndan amala aşyrylýar. Içerki gözegçilik özleriniň dolandyryş çözgütleri ýüklenen ýa olary taýýarlamakda we ýerine ýetirmäge gatnaşýanlara ýüklenendigi üçin köp babatda ygtybarly däldir. Bu ýerde has takygy ähli zat

degişli ygtyýarlyklar üstüne ýüklenen adamyň psihologiki ýagdaýyna bagly bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, döwlet emeldarlarynyň we döwlet işgärleriniň hukuk medeniýetiniň kemala gelmegi, tutuş döwlet dolandyryş işleriniň ýagdaýyny berkitmekde we içerki gözegçilige položitel täsir etmäge ukyplydyr. Döwlet dolandyryşynda kanunylygy ýola goýmakda,esasan hem demokratik döwletlerde ähmiýetli „kynçylyk“ ***hut jemgyýetiň öz üstünde*** ýatandyr. Raýatlaryň jemgyýetçelik birleşmeleri we özge düzümleri, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, kärdeşler arkalaşyklary, zähmet toparlary, sosial gatlaklar we hünär taraplary özleriniň kanuny gyzyklanmalaryny, konstitusion kepillendirilen hukuklaryny we azatlyklaryny we şonuň bilen baglylykda, döwlet dolandyrylyşyndan, ýerli öz-özüňi dolandyryşdan, olaryň ýolbaşçylaryndan we gaýry wezipeli adamlardan kabul edilýän çözgütleriň we amal edilýän hereketleriň kanunylygyny talap etmäge we bellenilen kadalardan çykylan ýagdaýynda işjeňlik bilen goramaga uýgunlaşmalydyrlar. Elbetde, hemişe olara belli bir anyk ýagdaýda ol ýa beýleki kanunyň, hukuk namalarynyň hukukgatnaşyklaryny dikeltmek mümkin bolmaz. Ýöne bu ýerde, esasy zat ***pozisiýa,*** hat-da utulyşyň görnüp duran hallarynda-da kanunlaryň berk saklanmagy üçin prinsipial taýýarlyk wajyp bolup durýar, çünki diňe köpçülikleýin jemgyýetçilik çykyşlary kanunyň we kanunylygyň haýryna ýokarda bellenilen ýagdaýlary kem-kemden üýtgedip bilýär. Ir bolsun giç bolsun, jemgyýet bir zada anyk göz ýetirmeli, ýagny kanunylyk iňňän zerur ***durmuşy gymmatlyk*** bolup, onuň ykrar edilmezliginde köp zatlar ýitirilýär. Döwlet we jemgyýetçilik institutlarynyň arasynda „hökmany“ diýlen düşünjä esaslanan iň soňkusy diýip, ýöne özüniň içki energiýasy we döwlet dolandyryşynda kanunylygy ýola goýmaklyga gatnaşýan ***adamy*** aýtmalydyrys. Hemme „formulirlenen“ institutlar onuň pikiri, duýgusy we bolşy bilen herekete getirilýär. Eger adam (ýönekeý raýat we iň „ýökary“ wezipeli adam) kanuna we

özüniň daş-töwereginde bolup geçýän zatlara başarnyksyz, perwaýsyz, hormatsyz bolsa, onda kanunyň durmuşyň bir bölegi hökmünde amala aşmagynda, kanunylygyň bolsa kimdir-biri tarapyndan goldanylmagyna garaşyp oturmak hem gerek däl.

Ýüz ýyl töweregi mundan ozal tanymal nemes hukukçysy Rudolf Iýering özüniň meşhur „Hukuk üçin göreş“ işinde ençeme pikiri orta atdy we olar hemişe-de aktuallygyna galar. Olar gönüden-göni kanunylyk meselesi bilen bagly we hemmeler tarapyndan özleşdirilmäge mynasypdyr. Olardan birnäçesini görkezmekçi:

- hukugyň ýaşaýşy bolan göreş halklaryň, döwlet häkimýetiniň, gatlaklaryň, indiwidumlaryň göreşidir;
- hukuk ugrundaky göreş doly ygtyýarly adamyň öz-özüne gatnaşygyndaky borçlarydyr;
- hukuk ugrundaky göreşde şygryýetiň häsiýeti bar;
- hukuk şahsyýet üçin onuň bar bolmagynyň ahlak şertidir, onuň goraglylygy bolsa-onuň hut özüniň ahlak esasydyr;
- hukuk goraglylygy jemgyýetiň öňündäki borçdur;
- her kim bütin jemgyýetiň gyzyklanmalary ugrundaky tebigy göreşijidir;
- göreş hukugyň bakylyk işidir[2].

Döwlet dolandyrylyşynda kanunylyk döwletiň, jemgyýetiň we adamlaryň eýeläp bilýän ähli serişdeleriniň, formalarynyň, usullarynyň, metodlarynyň, operasiýalarynyň we ş.m. ***ulgamlarynyň*** maksady üçin ulanylan ýagdaýynda ýetip boljak närsedir. Bu meselä ulgamlaýyn we işjeň çemeleşme zerurdyr,

[2] **Iýering Rudolf.** Hukuk ugrundaky göreş. Nem.dil.ter. M.,1991.5,16,33,37,64 sah.,

has takygy bolsa, Konstitusiýada we kanunlarda ýola goýlan gatnaşyklaryň we psihologiki ýörelgeleriň kemala gelmegine, hem-de näme bilen düşündirilende-de, näme bilen aklanylanda-da onuň bozulmalarynyň kabul edilmezligi has wajypdyr.

Döwlet dolandyrylyşynda kanunylyk salgymlar (koordinatalar) torunda emele gelýär: bu bir tarapdan islenilýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ***logiki taýýarlanmasy*** we ony kanuny çäkde (özüňi alyp baryşyň düzgünlerinde) berkitmek, beýleki bir tarapdan – ol hukuk düzgünleriniň hakykatda durmuşa geçirilmeginiň netijesi bolup durýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ***hakyky*** (faktiki) ***ýagdaýýdyr***. Bu aýdylanlaryň soňkusy ***„hukuk düzgüni“*** düşünjesi bilen aňladylýar we ***hukuk arabaglanşyklarynyň we gatnaşyklarynyň durnukly ulgamy*** hökmünde seredilýär. Ol döwletde, jemgyýetde, adamlaryň arasynda dowam edýän, olaryň isleglerini, gyzyklanmalaryny we maksatlaryny kanagatlandyryp,jemgyýetiň ösüşini deňagramlaşdyrmaga we rasionallaşdyrmaga ýardam edýär. Hukuk düzgünini hukugyň amala aşyrylmagynyň ahyrky nokady diýip hasaplamak ýerlikli bolar.

Hukuk düzgüni-bu onuň hut özüniň seljermelerinde we baha kesmelerinde hasaba alynmaly kyn hadysa bolup durýar; ol köp ýagdaýlaryň we hereket edýän güýçleriň täsir etmeginde döreýär we belli bir häsiýete , derejä ýetýär. Hukugyň adamlaryň hökmany, zerur, adalatly, ynsanperwer, taryhy taýdan maksadalaýyk hasap eden düşünjeleriniň gö-gönüden-göni hadysasy ýaly hem aýdylýar. Bu meselede takyk funksiýalary ahlak,däp-dessurlar, kadalar, maşgala ýerine ýetirýärler. Bu ýerde wajyp ähmiýet ruhy medeniýetiň önümlerine, bilim ulgamyna, terbiýä we hünär taýýarlygyna, köpçülikleýin habar beriş serişdelerine degişlidir. Şonuň üçin hem, hukuk düzgünleriniň tassyklanmagynda kanunyň we kanunylygyň ornuny öňden ***häsiýetlendirilen çäklerde*** seredilmelidir, olaryň aň-düşünjä, adamlaryň özlerini alyp

baryşlaryna täsir edip bilýän, döwlet-hukuk institutlaryny döredýän we işjeňleşdirýän, has takygy bolsa, döwlet dolandyrylyşynyň hut özüniň içinde kanunyň we kanunylygyň hukuk düzgünlerini düzgünleşdirmäge itergi berýän hökmünde seredilýär.

Kanunylygyň we maksada laýyklyklygyň ***„çaknyşygy“*** we esasan soňkusynyň aýratynlygy stereotipi (tipografik ýygymyň metaldan, rezinden ýa-da plastmassadan nusgasy) bolup galypdyr. Köp ýagdaýlarda döwlet dolandyrylyşynda kanunyň we kanunylygyň bozulmasynyň maksada laýyklyklygy diýip düşündiriliýär, emma aslyýetinde bolsa, eger ýagdaý içgin öwrenilse, onda betnebis ugurlar ýüze çykyp başlaýar. Bu ýerden hem döwlet dolandyrylyşynyň rasionallygy kanunylyga garanyňda maksada laýyklyk bilen has oňat üpjün edilýär, çünki ol (rasionallyk) köplenç unikal ýagdaýlardaky takyk ulgamlardan düzülýär.

Bu sowal örän köptaraply we ol özüne dürli jähtlerden: sosiologik, syýasy, hukuk, habar, sosial-psihologik we ş.m. seredilmegini talap edýär. Gadymy latyn dana sözi bar we ol terjimede şeýleräk eşidilýär: „Her kim üçin amatly eger köpçülik üçin gowy, peýdaly bolan kanunyň çykarylmagy mümkin däldir“. Kanun, bütin jemgyýetiň ***hukuk zerurlygyny we gyzyklanmalaryny*** kanagatlandyrmak maksatlary üçin döwlet häkimýeti tarapyndan döredilýär we üpjün edilýär. Elbetde, jemgyýet erkin, öz talaplary we gyzyklanmalary bolan, ýöne hukuk taýdan däl, şahsyýetlerden ybaratdyr. Şonuň üçin hem jemgyýetçilik-maksada laýyklyklyklarynyň we şahsyýet-islenilýänleriň arasyndan saýlamaly bolýar. Çünki şahsyýet jemgyýetden ýokarda durýar, ýa-da jemgyýet şahsyýetler köplüginiň jemidir we ol olaryň hersiniň öz mümkinçiliklerine laýyklykda öz-özüni açmaga we öz-özüniň kämilleşmegine ýardam edýär diýen tezis kabul ederlik däldir. ***Gatnaşyk*** traktowkasyna esaslanan kanunylygyň, rasionallygyň we hukuk düzgüni ýagdaýlarda döwlet dolandyrylyşynda hem

taryhy „kesişide“ hem-de häzirki zaman ýagdaýynda aglaba meseleleriň seljermesiniň açary bolup öňe çykýar.

Döwlet dolandyrylyşynda rasionallygy zerur derejede saklaýan we olaryň belli bir maksat üçin çalşylýanlyk nukdaýnazaryndan ***„Kanun çykaryjylyk-kanunylyk-hukuk düzgüni“*** ulgamyndaky elementlerine we özaragatnaşyklaryna çynlakaý seredilmegine garaşylýar. Häzirki wagtda jemgyýetçilik düşünjesi territoriýasyny köplenç çykgynsyz ýagdaýa salýan, görkezilen ulgamyň mümkinçiliklerine we hiline ýaramaz täsir edýän gapma-garşylyk döredi.

Ýokarda aýdylanlardan ugur alnyp aşakdaky ylmy nukdaýnazaryň göz öňünde bolup ir-u-giç çözülmegi möhüm bolan birnäçe meseläni getirmek mümkin:

***A.*** Türkmenistan döwletiniň Konstitusiýasynyň gaýragoýulmasyz, göni hereket edýän, häzirki kanunçykaryjylygyň üýtgewsiz bazasy, türkmen hukuk giňişliginiň ulgam emele getiriji faktory hökmündäki ornuny ***ýokarlandyrmaga***;

***B.*** Kanunydöredijiligiň usulyýetiniň we tehnikasynyň , normatiw hukuk namalarynyň usullarynyň we tehnikasynyň, normatiw-hukuk namalarynyň elýeterliligini we aýdyňlygyny ***kämilleşdirmäge***;

***C.*** Kanunylyk ulgamyny oňa laýyk gelýän we ony tassyklaýan, kepilendirýän we goraýan guramaçylyk, habar, ahlak, sosial-psihologik we gaýry mehanizmleri bilen ***kämilleşdirmek***;

***D.*** Bozulan hukuklary dikeltmek üçin güýç bilen etdirmeklik bilen bagly bolan hukuk goraýjy edaralaryny ***güýçlendirmek***. Global masştaba ýeten jemgyýetçilik yzasy bolan jenaýatçylygyň ýokarlanmagy bu organlaryň öňünde adaty bolmadyk wezipeleri goýýar we olary işini has aktuallaşdyryp, her bir adama gerekli edýär;

**E.** Döwletiň we jemgyýetiň birleşen tagallary bilen, döwlet we ýerli öz-özüňi dolandyryş organlarynda boluşy ýaly, dolandyryşyň beýleki görnüşlerinde, degişlilikde adamlaryň özlerini alyp baryşlarynda hukukbozmalaryny **peseltmeklik**;

**F.** Halkara normatiw hukuk namalarynyň we milli kanunçykaryjylyk ulgamyny ***ýakynlaşdyrmak***, öňdebaryjy ýurtlar tarapyndan deňeşdirilip goldanylýan kanunçykaryjylyk,kanunylyk we hukuk düzgünli unifisirlenen hukuk ülňilerine geçmek.

**G.** Döwlet apparatynyň nukdaýnazaryndan hukuk we dolandyryş kadrlarynyň üsti bilen ilatyň hukuk düşünjesini artdyrmak, raýatlaryň hukuk habarlylygyny we hyzmatyny gowulandymaga ýardam edýär;

Bir wagtlar A. Eýnşteýniň „Näme üçin uruş?“ diýen hatyna Z. Freýd beren jogabynda ýokarda aýdylan meselere degişli : „Sütemi birlik bilen yumrup bolýar, birleşenleriň güýji bir sütemedijiniň garşysyna hukuk bolup galýar. Biziň görşümiz ýaly, hukuk bu birleşmäniň güýjidir“. Döwlet dolandyrylyşynda kanunylyk we hukuk düzgünlilik döwlet apparatynyň işgärlerini jebisleşdirip, olaryň arasynda hökmany resmi we resmi däl gatnaşyklary döredýär, dolandyryş işleriniň koordinasiýasynda dürli derejelerini we görnüşlerini güýglendirýär we umuman alanyňda döwlet dolandyrylyşynyň rasionallygyny güýçlendirýär. Bu döwlet apparatynda bolup geçýän, şeýle-de onuň jemgyýet bilen gatnaşyklarynda bolup geçýän ähli zadyň ulgamlylygyna „işleýän“ delillerdir. Diňe bir kanunylyga we hukuk düzgünlilige mejbur etmek däl-de, eýsem bar bolan ýagdaýlara-faktorlara düşünmek we olara düşünip akyl ýetirmek wajypdyr. Bu ýerde köp zat döwlet dolandyrylyşynda düzgün-tertibiň ýagdaýyna baglydyr. Düzgün-tertip öz mümkinçilklerine görä, döwlet

dolandyrylyşynda kanunylygy, hukuk düzgünliligi we rasionallygy üpjün edýär we öz üsti bilen bütin jemgyýete hem täsirini ýetirýär.

Düzgün-tertip **jemgyýetiň baglanşygynyň görnüşi bolup**, ol adam tarapyndan özüne buýrulan we şol adam tarapyndan ykrar edilen arkalaşykly düzgünleriň, kadalaryň, özüňi alyp baryş tertibiniň, aragatnaşygyň, takyk bir (onuň özüne buýrulan) işleriň ýerine ýetirilmegine şaýatlyk edýär. Ol kanunylyk bilen berk baglanşykly bolup, onuň belli bir mazmunynda ony üpjün edýän serişdeleriň biri hökmünde hem seredilýär. Şol bir wagtyň özünde-de düzgün-tertibiň özüniň özbaşdak mazmuny, ýagny elementler ýygyndysy we olaryň gurluşy, ýeri we ulanyş netijesi bolýar. Kanunylyk bilen bilelikde bolsa **segment** 1)tegelegiň duga bilen hordasy arasynda galýan bölegi; 2)käbir haýwanlaryň organizmini hasyl edýän uzaboýuna ýerleşen bogunlarynyň biri; 3)käbir organy, beden bölegini we ş. m. emele getirýän birmeňzeş uçastoklaryň biri; **„meýdanyny“**, ýagny onuň çäklerinden daşarda her biri öz funksiýasyny ýerine ýetirýär. Bu barada ýatdan çykarmaly däldir.

Döwlet dolandyrylyşynda tertip-düzgün barada iki düşünje bar: olaryň biri **kada-kanun** nukdaýnazaryndan dolandyryş ulgamynda işläp düzülen we tassyklanan hem-de onda hereket edýän ýa oňa galtaşýan her bir adam tarapyndan berjaý edilmeli kadalaryň, düzgünleriň, tertipleriň, talaplaryň jemi bolup, beýlekisi bolsa dolandyryş proseslerine gatnaşýan adamlaryň özlerini hakyky manysyndaky alyp baryşlarynyň üsti bilen açylýar. Olaryň arasyndaky özaragatnaşyga, maksadalaýyklyga garamazdan **döwlet dolandyryşynda döwlet apparatyndaky işgärleriň hakyky özlerini alyp baryşlarynyň tapawutly aýratynlygy bolup durýar we ol dolandyryş çözgütlerinde we hereketlerinde, şeýle-de dolandyryş (gulluk) aragatnaşyklarynda öz beýanyny tapýar.** Bu döwlet dolandyryşynyň ýerine ýetirilmegi üçin diňe

bir wagtlaýyn we hukuk tertipleriniň berjaý edilmegi bolup, bu köplenç formal häsiýete-de eýe bolup bilýär, ýöne esasan, döwletiň we jemgyýetiň, döwlet organlarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş organlarynyň, olaryň we belli bir jemgyýetçilik guramalarynyň we raýatlaryň arasynda olaryň öz meselelerini çözýän „janly“, önjeýli hyzmatdaşlygy ýola goýmak maksatlydyr. Gysgaça aýdylanda, jemgyýetiň ösüşi ugrunda bar bolan köp sanly gatnaşyklary we aragatnaşyklary ygtybarlandyrmak we ulanmak hem-de döwlet organlarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş organlarynyň dolandyryş işinde döredilýärler.

Düzgün-tertip döwlet dolandyryşynyň esasy görkezijilerini kesgitleýär: **ulgamlylyk**, çünki ol köpsanly birlikleriň arasynda özara täsiri guraýar; **oýlanşyklylyk**-bu öz ýerinde dolandyryş tagallarynyň we resurslarynyň önjeýliligini ýokarlandyrýar; **effektiwlik**, ol dolandyryş täsirini dolandyryp sazlaşdyrýar we olaryň adamlara täsirini güýçlendirýär. Döwlet dolandyrylyşynda düzgün-tertibiň talaplarynyň aňly-düşünjeli we döredijilikli ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

Düzgün-tertip **ýerine ýetirijilik** mazmunyna eýedir. Ol döwlet organlarynda (ýerli öz-özüňi dolandyryş organy) zähmet çekýänler degişli ýolbaşçylaryna tabyn bolýarlar, dolandyryş çözgütlerini berjaý edýärler we öz wezipeleýin funksiýalaryna we ygtyýarlyklaryna jogapkärçilikli çemeleşmäge çalyşýarlar. Döwlet dolandyrylyşynda düzgün-tertibiň gatnaşyklarynyň ýaýbaňlanmagynda hem döwlet işgäriniň şahsyýetiniň kemala getirýän we „hökmany“ talaplar ulgamynyň çeşmeleriň we faktorlaryň **utgaşdyrylmasy** wajypdyr, ýagny olar hemişe onuň indiki ýerine ýetirjek hereketlerini belli bir gözegçilikde saklap durýarlar.

Döwlet dolandyrylyşynda düzgün-tertibiň gatnaşyklaryndan logiki gelip çykýan birnäçe düzgüni ýatlatmak ýerliklidir:

- **Birinji**- döwlet dolandyrylyşynyň iýerarhiýasyndaky kabul edilen kadalar we tertipler, däpler we dessurlar, ahlak talaplar we hat-da etiket kanunlary, bularyň hiç biri hem wezipeli adamlaryň we döwlet gullugyndaky işgärleriň hiç biri üçin kadadan çykma ýagdaý bolup bilmez. Düzgün-tertibiň gatnaşyklaryny hiç bir zat: ikiýüzlülik, ýüzgörüjilik, seçip aýyrma, ikitaraplylyk hem ýykyp bilmez;
- **Ikinji**- düzgün-tertibiň nukdaýnazaryndan her bir ýokary wezipeli adamyň özüni alyp barşy hökman gowy bolmaly, özüniň aýratynlygy we mynasyplygy bilen düýpli tapawutlanmaly;
- **Üçünji**- adamyň düzgün-tertibe görä özüni alyp barşyny psihologik taýdan giňeltmek we berkitmek, hemişelik ýaýbaňlandyrmak zerur bolup durýar;

Düzgün-tertip döwlet dolandyrylyşynda **özüniň ugrukdyrylyşy we mazmuny ölçegleri boýunça**: maksatnamalaýyn, şertnamalaýyn, maliýe (uzagyndan agzalaýyn), gulluk, ştatlaýyn, statistiki-hasaplaýyş, zähmet, okuw we ş.m. bölünýärler. Bu ýerde gürrüň dolandyryş işlerininiň diňe belli bir görnüşlerindäki hakyky özüňi alyp baryş barada barýar.

Döwlet dolandyryşynyň nähili formasion jemgyýetde durmuşa geçirilýändigine garamazdan düzgün-tertibiň maksada laýyklygynda-da meýilnama laýyklygynda-da we goldawlylygynda bolmadyk halatynda-da amala aşyrylyp bilinmez. Hat-da azatlygy söýüji amerikan filosofy Erih Fromm hem özüniň iň soňky eserinde „ählumumy meýilnama laýyklykda bir tarapdan desentralizasiýanyň ýokary derejesinde *( 1)merkezi organlaryň käbir wezipelerini ýerli organlara bermek arkaly dolandyryş sistemasy; 2)merkezleşmegi birleşdirmek ýa-da gowşatmak)*, beýleki bir tarapdan „erkin

bazaryň ykdysadyýetinden“ ýüz döndermegiň, ýagny köp babatda fiksiýa *(belli bir maksat üçin peýdalanylýan, hakykata dogry gelmeýän toslama)* öwrülenden soň ýüz döndermegiň zerurlygyny, ykrar etmegiň wajyplygyny nygtapdyr“. Taryhy döwrüň çäklerinde jemgyýet bilen özara gatnaşykda bolan döwlet hiç bir zady öňünden berk prognozirläp (çaklap), maksatnama edip we meýilnamalaşdyryp ygtybarlaşdyrylman durmuşa geçirmeli däl. Häzirki zaman şertlerinde has giň we agyr hilinde maliýe düzgün-tertibi öňe çykýar. Ol býudžet kadalary, pul alyş-çalyşlary, bank işleri, salgytlar, kreditleri, pul maýa goýumlary, zähmet tölegleri, pension üpjünçilik, gümrük salgytlary we döwletiň durmuşynyň we jemgyýetçiligiň gaýry sosial-ykdysady hadysalary bilen baglanşyklydyr. Maliýe ulgamy umumy alanyňda-bu janly bedeniň gangeçiriji ulgamydyr. Maliýe düzgün-tertibi döwlet dolandyryşynda esasy ähmiýete eýedir, ýa-da onuň barlygyna we praktiki hereketine görä degişli dolandyryş çäkleri maddy elementleri döredilýär; maliýanyň we maliýeleriň üsti bilen döwlet dolandyryşynda rasionallygy we effektiwligi belli edilýär; olar sosial peýdany ölçeýärler we jemleýärler . Ýöne maliýe düzgün-tertibiniň işleri özüne çekiji däldir, bu işleriň netijesinde bolsa döwlet we jemgyýet ägirt uly zyýan çekýärler.

Gulluk düzgün-tertibi bu-döwlet wezipesinde eýeleýän funksiýalary we ygtyýarlyklary, öz wezipelerini we döwlet gullugyny sap ýüreklilik we jogapkärçilik bilen ýerine ýetirmek bolup durýar.

Ştatda bar bolan düzgün-tertibi bu- esasan döwlet organyndaky ýolbaşçylara, döwlet we ýerli öz-özüňi dolandyryş organlaryna degişli bolup durýar.

## VIII.Döwlet dolandyryşynda kanun esaslary.

Döwlet dolandyryşynda kanunylyk, parasatlylyk we hukuk tertipliligi. Hukuk teklipliligi (düzgün) hukugy durmuş a geçirmegiň iň soňky nokadydyr. Hukuk düzgüni - bu çylşyrymly hadysadyr. Ol köp ýagdaýlaryň we herekete getiriji güýçleriň täsiri bilen döreýär we kesgitli häsiýete we derejä eýe bolýar, Onda adamlaryň hukuk barada hökmany, zerur, adalatly, ynsanperwer, taryhy maksadalaýyk zatdygy hakyndaky düşünjesiniň gös-göni täsiri has ýiti duýulýar. Has belli işleri ahlak, däp-dessurlar maşgala ýerine ýetirýär. Möhüm orunlar munda ruhy medeniýetiň eserlerine, bilim ulgamyna, terbiýä, hünär teýýarlygyna, köpçülikleýin habar beriş serişdelerine degişlidir.

Kanun-kadalaşdyryjy hukuk nama hökmünde anyklaşdyrmaga, takyklaşdyrmaga näçe ýykgyn etse-de adamlaryň näbelli topary tarapyndan, näbelli ýagdaýlarda ulanmak üçin niýetlenen özüňi alyp barşyň düzgünleriniň kadalarynyň umumy jemlemesini aňladýar.

Köplenç şonuň üçinem kanunlygyň we maksadalaýyklygyň çaknyşmasy bolup geçýär. Köp halatlarda kanunlaryň we kanunylygyň döwlet dolandyryşynda bozulmagy maksadalaýyklyk bilen düşündirilýär. Yogsa hakykatda ýagdaýy has çuňňur öwrenilende nebis sebäpli bulajylyk we adaty eden-etdilik ýüze çykýar. lne şundanam döwlet dolandyryşynda parasatlylyk maksadalaýyklyk bilen kanunylyga garaňda has oňat üpjün edilýär diýen pikir gelip çykýar.

Hemişe umumylygyň, ýoriteligiň we ýekebarlygyň, özboluşlylygyň, taryhylygyň gabat gelmezligi bolupdyr. Ýöne olaryň hemmesi biri-birine baglanyşyklydyr. Onsoňam, umumy taryhylyk, şol pursatlaýyn, ýekebaralaýyn, özboluşlaýynlygyň jemi hökmünde döreýär. Ýene-de nämä-

de bolsa umumy taryhy meňzeşlige öwrülip, soňra ýekeligiň hözirini we geljegini kesgitleýär.

Kanunylygyň gymmatyna durnuklylygyň, tertip-düzgüniň, adamlaryň hereketlerinde we çözgütlerinde düşünmeklik ilki bilen döwlet dolandyryşynda ýüze çykýar.

Gadymy latyn tymsaly şeýle diýýär:

„Hemmeler üçin amatly kanuny kabul edip bolmasa gerek, ýöne ol köpçülik üçin gowy bolsa, diýmek ol peýdaly".

Kanun jemgyýetiň bütewilikde hukuk isleglerini we bähbitlerini kanagatlandyrmak üçin döwlet tarapyndan döredilýär we üpjün edilýär. gowşak hukuk tertibine esas bolup döwlet diolandyryşynda uzak wagt dowam edýän býurokratiýa, hukuk adamparazlygy (ýagny garyndaş, tanyşparazlyk), döwlet gullukçylarynyň nadanlygy, dolandyryş işlerini harsal alyp barandygy üçin hakyky jogapkärçiligiň bolmazlygy we birnäçe beýleki ýaramazhadysalar hyzmat edýärler.

Köplenç kanunlar durmuşa geçirilende jemgyýeti maksadalaýyklyk bilen şahsy islenýän zadyň arasynda. Olaryň birden-birinesaýlamaly bolýar. Jemgyýetden şahsyýetiň ýokardadygy hakynda nazaryýeti doly kabul etmek asla mümkin däl. Sebäbi hemgyýetde örän köp şahsyýetler bar. Özem jemgyýet olaryn her birine kämilleşmäge we öz-özüni berkarar etmäge mümkinçilik berýär. Edilýän hereketleri kanunlygyň talaplaryna tabyn etmek maksadalaýyklyga we parasatlylyga tarapiň gysa hen sada ýoldur. Çünki nähili atlandyrylýandygyna garamzadam jemgyýet barada alada, öz çagalaryň, agtyklaryň geljegi, galyberse-de hut öz geljegiň barada aladadyr.

Döwlet dolandyryşynda parasatlylgy berkarar etmek üçin „kanunçylyk - kanunylyk - hukuk düzgüni atly ulgam" täzeden gözden geçirilmelidir.

Munuň üçin näme etmeli:

a) Yurduň hukuk giňişligini ulgamlaşdyrýan hadysa, kanunçylygyň ýykylmajak binýady: göniden-göni hereket edýän resminama hökmünde Konstitusiýanyň abraýyny galdyrmaly.
b) Kadalaşdyryjy - hukuk maglumatyň düşnükliligini we elýeterliligini üpjün etmeli. Kanundöredijiligiň usulyýetini we tehnologiýasyny kämilleşdirmeli.
c) Kanunylygyň ulgamyny guramaçylyk, maglumat ahlak, durmuş - psihologik taýdan üpjün etmeli we olaryň biri-birni goramagyny gazanmaly.
d) Hukuk goraýjy edaralary berkitmeli.
e) Adamlaryň özüni alyp barşynda, döwlet dolandyryşynda, ýerli öz-özüňi dolandyryşda hukuk bozulmalaryň azalmagyny gazanmaly.
f) Halkara kada hukunamalaryň we milli kanunçylygyň ýakynlaşmagyny gazanyp, hukuk taýdan ösen ýurtlaryň yzynda ýetmeli.
g) Ilatyň hukuk düşünjesini kämilleşdirmeli. Döwlet apparatynda medeniýetli hünärmenlere orun bermeli.

Zigmint Freýd Eýnşteýna ýazan hatynda şeýle belleýär: „Zulumu agzybirlik bilen kül-peýkun edip bolar. Birleşenleriň häkimiýeti - zuluma garşy ýeke-täk hukukdyr". Häkimiýeti jemgyýetiň has giň köpçüligine bermek bilen ýeňip geçip bolar. Döwlet dolandyryşynda düzgün-tertip onuň esasy görkezijilerini emele getirýär.

Ulgamyny - sebäbi köp birlikleriň agzybir hereket etmegi guraýar.

Parasatlylygyny - sebäbi dolandyryş güýçleriniň we ätiýaçlyk kuwwatlarynyň öndürijiligini artdyrýar.

Täsiirliligini - sebäbi dolandyryş täsirlerini sazlaşdyrýar we olaryň adamlara edýän täsirini güýçlendirýär. Düzgün-nyzam - bu jemgyýetçilik aragatnaşygynyň bir görnüşi bolup adama tabşyrylan işleriň ýerine ýetirilmeginiň ylalaşylan düzgünler, kadalar boýunça alnyp barylmagyny aňladýar.

Düzgün-nyzamyň ýerine ýetirijilik mazmuny bolýar.ol döwlet edarasynyň gullukçylarynyň ýolbaşçylaryna tabyn bolmagy we dolandyryş çözgütlerini ýerine ýetirmekde öz ygtyýarlyklaryna, wezipelerine jogapkär çemeşmekleri bilen aňladylýar. Ýerine ýetirmek adamyň özüne, ýagny onuň ynsabyna, häsiýetine we şeýle-de ençeme daşky şertlere bagly bolup durýar.

Düzgün-nyzam gatnaşyklarynda döwlet dolandyryşynda şy aşakdaky kadalar ýuze çykýarlar.

1) Döwlet dolandyryşynda kabul edilen däp-dessurlar, kadalar, özüňi alyp barmagyň düzgünleri wezipe basgançagynyň islendik derejesindäki adamlaryň hemmesine degişli bolmagy.

2)Yokarda duran wezipeli adamyň özüni alyp barşy golastyndaky adamdan has gowy, beýik we görelde alarlyk bolmaly.

3)Hemişe adamyň döwlet dolandyryşyndaky düzgün-nyzama bolan psihologik gatnaşygyny ösdürip, kämilleşdirip, berkidip we höweslendirip durmaly.

Diýmek umumy jemläp aýdanyňda: Gulluk düzgün-tertibi - bu eýeleýän döwlet wezipäň boýunça işleriňi we ygtyýarlyklaryňy, şeýle-de öz borçlaryňy jogapkär hem ynsaply ýerine ýetirmekdir.

Şu ýerde düşünmeli iň esasy zadam demokratik, hukuk döwletiň kanunylyksyz ýaşap bilmejekligidir. lne şu ugur boýunça-da hereket etmelidir. Özem aýgytly hereketleri etmelidir.

**„Kanun** - bu deňagramlaşdyrylan parasatdyr" diýip Aristotel aýdýar. Ýöne kanunylyksyz, ýagny kanuny durmuşa ornaşdyrmasaň, ol öli sözlügine - peýdasyz parasatlygyna galýar., Kanunyň durmuşa ornaşdyrylmagy üçinem, iň bolmanda hemmeleriň bolmasa-da jemgyýetiň aglaba köpçüliginiň hukuk düşünjesiniň ýeterlik derejede bolmagy hökmanydyr. Dine hukugyň nämedigine düşünýan adam kanuny garnyna düşen mesheli çörek bilen baglanyşdyrman, umumy jemgyýete gelýan bähbit bilen baglanyşdyrar.

## IX. Döwlet dolandyrşynyñ ulgamlaÿyn häsÿetnamasy.

Döwlet dolandyrşynyñ hereket etmegi,ösmegi,manysy we formasy,ugry we manysy adamlaryñ guramaçylykly we maksada okgunly jemgyÿetiñ obÿektiw zerurlygy bilen kesgitlenilÿär.

Dolandyryşda jemgyÿetçilik zerurlyklary adamlaryñ ,olaryñ kollektiwleriniñ ,umuman jemgyÿetiñ dolandyryş bähbitlerinde ÿüze çykÿar.Olar ÿagny bu zerurlyklaryñ hökmanylykdaky we aktullykdaky proseslerde ÿüze şykÿar we olary subÿektiw formada kesgitleÿär .

Dolandyrşyñ maksady dolandyrşa gatnaşyjylaryñ erki berkidilen dolandyryş çözgütlerinde öz beÿanyny tapÿar .Döwlet dolandyrşynda bu hili erk-isleg döwlet häkimedi formasynda añladylanhalkyñ erk-islegidir.Dolandyryş çözgitleri - bu sosÿal akt bolup,onda logiki formada dolandyrÿan zwenolaryñ täsiri ÿagny öñde goÿlan maksatlara ÿetmek üçin,dolandyryşda zerur bolan bähbitleri üpjün etmek üçin jemgyÿetçilik sistemasyna gönükdirlendir.

Döwlet dolandyrşynyñ emele gelmeginiñ we amala aşyrylmagynyñ sosÿal mehanizmi biri-biri bilen baglanşykly ÿeketäk zynjyry emele getirÿär:

“zerurlyklar-bähbitler-maksatlar-çözgütler-hereketler-netijeler”.

Jemgyýetçilik ýüze çykmalaryñ bu zynjyry döwlet dolandyrşynyñ teoretiki we praktiki meselelerini çözmäge kömek edýär.Döwlet dolandyrşynda ýüze çykýan zerurlyk jemgyýetiñ öşüşiniñ obýektiw proseslerini we kanunalaýyk funksýalaryny añladyp,belli bir bähbitlerde we maksatlarda subýektiw taýdan ýüze çykýarlar.

Döwlet dolandyrşynyn emele gelmeginiñ we amala aşyrylmagynyn sosýal mehanizmi dine bir sosýal ýüze çykma hökmünde emele gelmän,eýsem döwlet organlaryñ we wezipeli adamlaryñ işiniñ guramaçylyk,hukuk we beýleki görnüşlerinde ýüze çykýar.

Dolandyrylýan obýektleriñ mazmuny we formasy,funksýasy we gurluşy gös-göni obýektiw adaty-tebygy we sosýal taryhy şertler we kanunalaýyklyklar bilen kadalaşdyrylýandyr.Döwlet dolandyrşynyn ulgamynda dolandyrýan obýektler jemgyyetçilik dormuşyny döretmekde esasy funksýany alyp barýarlar we şol sebäpli hem döwlet organlaryna degişlilikde kesgitleýji bolup çykyş edýärler.

Döwlet dolandyrşy üçin onuñ komponentleriniñ ,elementleriniñ ulgamy we onuñ arabaglanşygy prinsipýal teoretiki we metodologiki mazmuna eýedir.Döwlet dolandyryş ulgamy diýlende nämä düşunmeli,hem-de nähili we haýsy tertipde oña dolandyryş ýüze çykmalar girýär,olar öz aralarynda nähili baglanşýarlar we olar hakyky täsirde bolýandygy umuman şu babatdaky ähli zat döwlet daolandyrşy bilen baglydyr.

Döwlet dolandyrşynyñ subýekti dolandyrylýan obýektlersiz hereket edip bilmeýär we dine şolaryñ jemligi döwlet dolandyryş ulgamyny emele getirip biler.Döwlet dolandyrşynyn aýratynlyklary subýektleriñ we obýektleriñ arasyndaky arabaglanşyk bilen kesgitlenilýär.Şol sebäpli subýekt –obýekt garaşlylyk ulgamy sözüñ doly we gysga manysynda häsýetlendirilýär.Giñ manyda:dolandyryş subýekti

(döwlet dolandyrÿan sistema hökmünde) –özara täsir-jemgyÿetçilik ulgam döwlet dolandyryş subÿekti döwlet-häkimet häsÿetine eÿe bolÿar we degişli taraplaryñ arabaglanşygynyñ we özara täsiriniñ hukuk formasyny kesgitleÿär.Jemgyÿetçilik ulgam(sistema)özara täsiriñ mazmununy emele getirÿär. Bu ÿerde esasy rol jemgyÿetçilik durmuşynyñ kanunalaÿyklyklarynaç zerurlyklaryna we bähbitlerine berilÿär.

Sözüñ dar manysynda subÿekt- obÿekt ulgamy ozone şulary birleşdirÿär:dolandyryş subÿekti-täsir – dolandyrylÿan obÿektler.Dolandyrylÿan obÿektler dolandyryş subÿektinin çözgüdini we hereketini we hususy funkusÿonirleme prosesinde transformirlenÿärler.

Özara täsire laÿyklykda subÿekt-obÿekt garaşlylyk ulgamynda döwlet-dolandyryş täsirini jemgyÿetçilik zerurlykçbähbit we dolandyryş maksady hökmünde häsÿetlendirmek bolar.Subÿekt-obÿekt garaşlylyk ulgamynda görkezilen ugurda, aspektlerde kesgitlenen toplumyñ dolandyryş görnüşinde formirlenÿär we amala aşyrylÿar.Her bir dolandyryş aktynda ol üç sany elementleriñ barlygyny obÿektiw taÿdan kesgitleÿär:dolandyryş subÿektini ÿa-da onuñ aÿratyn dolandyrÿan komponentini (döwlet organyny,wezipeli adamy) (dolandyrşa gatnaşyjyny);Şol tarapdan dörwdilen we amala aşyrylÿan dolandyryş täsirini;obÿektleriñ özara täsiri guramalaryñ ,edara,kärhanalaryñ we kä biradamlaryñ işi.

Döwlet dolandyrşyna nähili kesgitleme berilsede onda hökman dolandyryş täsiri bolÿar.Eger-de dolandyryş täsiri islendik döwlet organynda bolsa we ol dolandyrylÿan obÿektde adama,onuñ hereketine,işine täsir etmese,onda döwlet dolandyrşy amala aşmaz.Dolandyryş täsiriniñ ulgamyny ÿok etseñ – döwlet tarapyndan dolandyryş böleklere we elementlere bölüner.Ol bolsa biri-birine garşylyklaÿyn,konkurensiÿa formada,konflikt formada biri-birine garşy durup hereket eder.

Döwlet dolandyrşynyñ mazmuny birnäçe sosÿal güçlere we bähbitlere bölünen jemgyÿetde belli bir kesgitlenen parahatçylygy,özara ylalaşygy , maksada laÿyklygy, düşünjeliligi,adamlaryñ özüni alyp barşyny we işini,ösüşi we ylalaşykly gatnaşyklary üpjün etmekdir .

Döwlet dolandyryş ulgamynda 2 sany yzlygyna bolan täsiri tapawutlandyrmak bolar.Ÿagny obÿekt we subÿekt.Olar biri-biriniñ emele gelşi we amala aşyrylşy boÿunça biri-biri bilen baglanşyklydyr.Obÿekt yza bolan gatnaşyklar dolandyrylÿan obÿektleriñ döwlet dolandyryş subÿektlerinin doldndyrÿan komponenetleriniñ çuñlygyny,derejesini kesgitleÿär.Yza bolan obÿekt gatnaşyklaryñ bolmazlygy ÿa-da ÿetmezçilik etmegi döwlet dolandyrşynyñ subÿektiniñ rosÿanallygyny we effektiwligini kesgitlemäge mümkinçilik berÿär.Bu ÿagdaÿda dolandyrylÿan obÿektleriñ maksatlary we bähbitleri gowy añladylmaÿar.

Subÿekt yza bolan gatnaşyklar jemlikde onuñ padsistemesy,zwenolary we aÿratyn komponentleri bilen birlikde döwlet dolandyrşynyñ subÿektiniñ içki guramaçylygynyñ we işiniñ maksada laÿyklygyny we rosÿonallygyny häsÿetlendirÿär.Dolandyrÿan ulgam hökmünde döwletiñ ierarhiÿalylygy,köp komponentliligi,çylşyrymlylygy we köp elementliligi onuñ subÿekt yza bolan gatnaşyklaryñ aktuallygyny we doldndyryş yza bolan gatnaşyklarynyñ aktuallygyny we dolandyryş manysyny şertlendirÿär.Olar her bir aşakda durÿan dereje ÿokarda durÿanyñ hereketine we çözgüdine täsir edÿär.Subÿekt yza bolan täsirlere şular degişlidir:döwlet organlarynyñ işiniñ we guramaçylygynyñ kontrollygy,analizi we şoña berilÿän baha,wezipeli adamlar tarapyndan öz borçlaryny ÿerine ÿetirmekleri,hasabatnamalar,informasÿalar we ş.m...Subÿekt yza bolan gatnaşyklar obÿekt yza bolan gatnaşyklar bilen bir ÿere jemlenendir.Obÿekt yza bolan gatnaşyklar diñe subÿekt yza bolan gatnaşylar bilen birlikde her bir dolandyrylÿan

komponentiñ guramaçylygynyñ we işiniñ esasydygyny şöhlelendirÿär.

Tipikilik-bu her birinde dürli hilli komponentler bolan umumy hilli elementleriñ köpdülüligidir.Tipiki zat ähli hil taÿdan bolan elementleriñ ähliisini özüne tabyn etmeli.Bu kontekstde 2 sany teoretiki ÿagdaÿy belläp geçmek wajypdyr.Ilki bilen döwlet dolandyryş ulgamynda obÿektiw çälendirme.Bu hili çäklendirme birinjiden,adamlaryñ işiniñ,durmuşynyn möçberi we häsÿeti bilen añladylÿar.Ol bolsa jemgyÿetçilik mazmunyny añladyp,beÿleki adamlaryñ bähbitlerine degip geçÿär we şunuñ bilen birlikde döwlet dolandyrşyna degişli bolÿar. Ikinjiden betbagytçylykly mehanizmler,ol bolsa adamlaeyñ işiniñ,durmuşunyñ prosesine täsir edÿär we adam añyna we dolandyrşynyñ çäklerinde bolÿar; Üçünjiden,dolandyrylÿan obÿektleriñ işinde öz-özüñi dolandyrÿan mehanizmi adamzat faktorlarynyñ işjeñliginiñ täze kanunalaÿyklarynyñ bardygyna şaÿatlyk edÿär.Dördinjiden,beÿleki dolandyryş subÿektleriñ jemgyÿetçilik prosesine dolandyryş taÿdan täsir edÿär.Bäşinjiden,döwlet – hukuk guramaçylygynyñ ÿeke maksatlylygynyñ degişli adamlaryñ işini,durmuşuny kadalaşdyrmagy.

Döwlet dolandyrşynyñ elementleriniñ tipikiligine täsir edÿän ikinji,wajyp element döwlet dolandyrşynyñ subÿektleriniñ ierarhiÿalylygy we peramida gurluşly bolmagydyr.Dolandyrylÿan obÿektleriñ özara baglanşygynyñ zerur köpdürliligi döwlet dolandyrşyna degişlidir we ol jemlikde döwlet dolandyrşynyñ subyektini añladÿar.

Bu ÿerde döwlet-dolandyryş täsirleriñ differensiÿasyÿasy (ayry-aÿrylygy), konkretsasiyasy spesializasÿasy (ugrukdyrjylygy) hereket etmelidir.

Döwlet dolandyrşynda tipikilik bilen birlikde unikallyk möhum rol oÿnaÿar.

Unikallyk-bu ÿeketäklik,gaÿtalanmazlyk diÿmekdir.Gaÿtalanmaÿan zat bu döwlet organynyñ adamzat potansiÿalydyr.Unikallyk döwlet dolandyrşynda erkin,azat we döredijilik taÿdan çemeleşmekdir.Emma gynansakda taryh unikallygyñ döwlet dolandyryş sistemasy tarapyndan gowy ÿagdaÿda kabul edilmeÿändigine şaÿatlyk edÿär.

Döwlet dolandyrşynyñ dinamizimi ol ÿa-da beÿleki sebäplere görä özünüñ mazmunyny ÿitirÿär.Sebabi dolandyryş prosesiniñ gatnaşyjysy hemişe adamdyr we onuñ gatnaşmagynyn islendik unifikasÿasy durmuşyñ formalizasÿasyna we peselmegine getirÿär.

Döwlet organlarynyñ we döwlet wezipeleriniñ statusy-bu ÿuridiki dikeldilmedir belli bir derejede olar durnukly bolmalydyr.Emma onuñ hakyky funksÿonirlenmegi (işeñnirligi) şol organlarda we şol wezipelerde işleÿän adamlara baglydyr.Şonuñ üçin hiç bir birtipli organ we bir tipli wezipe bir görnüşde amala aşyrylmaÿar . Onuñ adamzat potonsiÿaly dolandyrÿan täsirleriñ formasynyñ,metodynyñ,anyk we differensirlenen usullarynyñ döremegi we amala aşmagy üçin mümkinçilik döredÿär.Bu ÿerden esasy ugur almaly zat döwlet organynyñ kompetensÿasyny dikeltmek,döwlet wezipesinin borçlaryny we ygtyÿarlyklaryny çäklendirmekdir.Döredijilik hemişe adam tarapyndan döredilÿändir.

Döwlet dolandyrşynyn subÿekti jemgyÿetçilik durmuşynyñ ösüp barÿan köp dürliligini gaÿtalamaly däldir.

Funksÿonal strutura gurlanda dolandyryş organlarynyñ sistemasyna dolandyryş funksÿasynyñ berilmegi.Dolandyryş funksÿasynyñ mazmuny we möçberi boÿunça guramaçylyk , ÿuridik , informasÿon we beÿleki resurslar bilen bilelikde üstiniñ ÿetirilmegibilen alynyp barylÿar.

## X. Döwlet dolandyrlyşynyň ulgamlary.

Döwlet dolandyrşynyñ elementleriniñ tipikiligine täsir edÿän ikinji,wajyp element döwlet dolandyrşynyñ subÿektleriniñ basganҫaklygy we peramida gurluşly bolmagydyr.Dolandyrylÿan obÿektleriñ özara baglanşygynyñ zerur köpdürliligi döwlet dolandyrşyna degişlidir we ol jemlikde döwlet dolandyrşynyñ subyektini añladÿar.

Bu ÿerde döwlet-dolandyryş täsirleriñ differensiÿasyÿasy (ayry-aÿrylygy), konkretsasiyasy spesializasÿasy (ugrukdyrjylygy) hereket etmelidir.

Döwlet dolandyrşynda tipikilik bilen birlikde unikallyk möhum rol oÿnaÿar.

Unikallyk-bu ÿeketäklik,gaÿtalanmazlyk diÿmekdir.Gaÿtalanmaÿan zat bu döwlet organynyñ adamzat potansiÿalydyr.Unikallyk döwlet dolandyrşynda erkin,azat we döredijilik taÿdan çemeleşmekdir.Emma gynansakda taryh unikallygyñ döwlet dolandyryş sistemasy tarapyndan gowy ÿagdaÿda kabul edilmeÿändigine şaÿatlyk edÿär.

Döwlet dolandyrşynyñ dinamizimi ol ÿa-da beÿleki sebäplere görä özünüñ mazmunyny ÿitirÿär.Sebabi dolandyryş prosesiniñ gatnaşyjysy hemişe adamdyr we onuñ gatnaşmagynyn islendik unifikasÿasy durmuşyñ formalizasÿasyna we peselmegine getirÿär.

Döwlet organlarynyñ we döwlet wezipeleriniñ statusy-bu ÿuridiki dikeldilmedir belli bir derejede olar durnukly bolmalydyr.Emma onuñ hakyky funksÿonirlenmegi (işeñnirligi) şol organlarda we şol wezipelerde işleÿän adamlara baglydyr.Şonuñ üçin hiç bir birtipli organ we bir tipli wezipe bir görnüşde amala aşyrylmaÿar . Onuñ adamzat potonsiÿaly dolandyrÿan täsirleriñ formasynyñ,metodynyñ,anyk we differensirlenen usullarynyñ döremegi we amala aşmagy üçin mümkinçilik döredÿär.Bu ÿerden esasy ugur almaly zat döwlet organynyñ kompetensÿasyny dikeltmek,döwlet wezipesinin

borçlaryny we ygtyÿarlyklaryny çäklendirmekdir.Döredijilik hemişe adam tarapyndan döredilÿändir.

Döwlet dolandyrşynyn subÿekti jemgyÿetçilik durmuşynyñ ösüp barÿan köp dürliligini gaÿtalamaly däldir.

Funksÿonal strutura gurlanda dolandyryş organlarynyñ sistemasyna dolandyryş funksÿasynyñ berilmegi.Dolandyryş funksÿasynyñ mazmuny we möçberi boÿunça guramaçylyk , ÿuridik , informasÿon we beÿleki resurslar bilen bilelikde üstiniñ ÿetirilmegi.

Guramaçylyk struktura döredilende:guramaçylyk potensialyñ umumy möçberiniñ wertikallygyna we gorizontallygyna ÿerleşmegi.

Dolandyryş işi guralanda:döwlet dolandyrşynyñ elementleriniñ social rolunuñ we adamlaryñ ÿagny ony amala aşyrmaly adamlaryñ mümkinçiligini üpjün etmek:Döwlet dolandyrşynyñ şol bir elementiniñ amala aşyrmagynyñ metodlaryny we formasynyñ köp dürliligini ulanmak;Döwlet dolandyrşynyñelementleriniñ informasÿon,pisihologik we pedogogik taÿdan dolandyryş prosesiniñ gatnaşyjylarynyñ kabul etmegi;Döwlet dolandyrşynyñ köpdürliliginiñ ösmegine ÿokarda agzalan sistemalaryñ tertibi ÿardam edÿär we oña zerur durnuklylygyñ we dinamikliligiñ berilmegi.

Öň bellenilişi ỳaly döwlet dolandyrlyşy üçin onuň kompanentleriniň elementleriniň we olaryň özara gatnaşyklarynyň ulgamlaỳyn göz öňüne getirilmesiniň prinsipial teoretiki we metodologik manysy bar. Döwlet dolandyrlyşynyň podsisstemasynyň düşündirlişi , onuň nädip we nähili tertipde dolandyrlyşynyň ỳüze çykmasy , olaryň özara gatnaşygyna baglylykda döwlet dolandyrlyşynda hemme zat diỳen ỳaly assosirlenỳär. Bu ỳerde üç sany logiki shemany ỳüze çykarmak gerek. Bu shemada döwlet dolandyrlyşynyň dürli aspektleri açylyp görkezilỳär.

Ilki bilen döwlet dolandyrlyşynyň (döwlet) subỳekti bilen doandyrylỳan jemgyỳetçilik ulgamynyň (dolandyrylỳan obỳektler) arasyndaky gatnaşyk göz öňünde tutulỳar. Bir agyzdan aỳdanymyzda, döwlet dolandyrlyşynyň subỳekti özüne gerekli bolan dolandyrylỳan obỳektler bolmasa ỳaşap bilmeỳär, olar diňe umumylykda döwlet dolandyrlyşynyň ulgamyny emele getirip bilỳärler. Soňky hökmany suratda şular üçin niỳetlenendir:

a)dolandyryşyň subỳektiniň guramasy we funksionirlenmesi—dolandyrỳan ulgam;

b)dolandyrỳan ulgam bilen jemgyyetçilik ulgamyň gatnaşyklarynyň strukturasy-- dolandyrylỳan obỳektler;

ç)jemgyỳetçilik ulgamyň komponentleri ỳa-da olaryň aỳry-aỳry ỳüze çykmalary, olar özara gatnaşykda dolandyrỳan ulgamyň strukturasyny emele getirỳärler we döwlet dolandyryş täsirini kabul edỳärler ỳa-da olaryň emele gelmeginde çykyş edỳärler.

Esasy aỳratynlyklar döwlet dolandyrlyşynyň subỳekti we obỳektiniň özara gatnaşyklarynyň häsiỳeti arkaly tertipleşdirilỳär. Şonuň üçin hem subỳekt we obỳekt ulgamlarynyň garaşsyzlygy sözüň giň we dar manysynda häsiyetlendirilỳär. Giň manyda : dolandyrỳan subỳekt (döwlet dolandyrỳan podsistema hökmünde)—özara hereket (göni we yzlykgan gatnaşyklaryň podsistemasy)—jemgyỳetçilik ulgamy (dowlet dolandyrlyşyna esaslanan jemgyỳetçilik komponentleriniň podsistemasy) .Bu ulgamda dolandyryşyň subỳekti (döwlet) döwlet -häkimiỳetli häsiỳeti we ỳurtlaryň özara hereketlerini, hukuk formaly özara gatnaşyklaryny keskitleỳär. Jemgyỳetçilik ulgamy ilki bilen özara hereketleriň mazmunyny formirleỳär, ol kanunçylygyň zerurlyklaryň , jemgyỳetçilik ulgamynyň gyzyklanmalarynyň we dolandyrỳan subỳektiniň mümkinçilikleriniň dialektiki taỳdan dürli taraplary bilen

çykyş edỳär. Bu ỳerde esasy rol jemgyỳetçilik durmuşynyň kanunçylygyna , zerurlyklaryna we gyzyklanmalaryna berilỳär.

Dar manyda, subỳekt we obỳekt garaşlylygynyň ulgamy özüne : dolandyryan subỳekt--täsir -- dolandyrylỳan obỳektler, haçan-da emläk dolandyrỳan obỳektiň tarapynda ỳerleşse, a dolandyrylỳan obỳektler bolsa onuň çözgüdini we hereketini kabul etse, öz funksionirlenme prosessinde olary transformirlese . Berlen shemada özara hereketden berlen täsir böleklere bölünỳär we ″taỳỳar″, formirlenen görnüşde alỳar. Jemgyỳetçilik ulgamynda hem onuň diňe döwlet dolandyrlyş täsiriniň tarapy bellenilỳär.

Özara gatnaşyk gözỳetiminde subỳekt we obỳekt garaşlylygynyň ulgamynda döwlet dolandyryşyň täsiriniň özüni hem jemgyỳetçilik talaby, zerurlygy hökmünde häsiỳetlendirmek bolar.

Subỳekt we obỳekt garaşlylygynyň ulgamy görkezilen obỳekt aspektlerde özüni diňe bir dolandyryşyň formirlenmeginde we realizasiỳalaşmagynda görkezmän eỳsem, ol obỳektiw taỳdan üç elementiň gatnaşmagyny şertlendirỳär we çaklaỳar: doandyrỳan subỳekt ỳa-da onuň aỳy-aỳry dolandyrỳan komponenti (döwlet organy, wezipedäki adam , dolandyryşyň gatnaşyjylary); dolandyryşyň täsiriniň olar tarapyn döredilmegi we reallaşmagy.

Geçen temalarda aỳdyňlaşdyrlan döwlet dolandyrlyşyndaky dominan alamatlar bolup onuň jemgyyetçilik—syỳasy tebigaty bolup durỳar diỳip beỳan edilỳär. Edil şonuň özi döwlet dolandyrlyşynyň esasyny we subỳektiw faktoryny Kabul edỳär, ol ilki bilen döwlet dolandyrlyşyna (maksady, funksiỳasy, guramasy we ş.m.) täsir edỳän dolandyrylỳan obỳektler bilen baglydyr. Netijede döwlet dolandyrlyşynda gaty we berk ″karkas″ emele gelỳär, ol özünde ähli dinamiki elementleri

jemleỳär. Ony şu logiki shemada göz öňüne getirmek mümkin:″tebigat→maksatlar→funksiỳalar→struktura→proses (prinsipler)″ . ″Prinsipiň ″ başga elementlerden tapawutlylykda goşa dyrnaga alynmagynyň sebäbi—ol ylmy ỳagdaỳlary amala aşyrỳar, teoretik netijeleri aỳdyňlaşdyrỳar. Galan elementler dolandyryşda ″Materializirlenendir″.

Aỳdylyp geçilen döwlet dolandyrlyşynyň antologik elementleriniň ulgamynda yzygider we berk determinasiỳa bar. Bu diỳmek bolsa, eger-de bir element başga bir zat bilen üỳtgese , täzelense we üsti doldurylsa onda ol başga zatlarda hökman ỳüze çykmalydyr, olara mahsus bolan adekwat üỳtgeşmeleri döretmelidir. Bu ỳerde işi tebigatda bolup geçỳän üỳgeşmeleriň analizinden başlamaly. Rasional taỳdan gurlan döwlet dolandyrlyşynda islendik yzdan gelỳän element öňdäkä boỳun bolmaly we oňa gulluk etmeli.

Döwlet dolandyrlyşynyň ulgamlaỳyn gatnaşygyny suratlandyrmakda—″sreze″ ỳagdaỳynda sanalỳan elementleriniň özüniň çylşyrymly, köptaraply we iỳerarhik guramaçylyga eỳedigini ỳatda saklamak gerek, olar özlerini keskitlenen podsistemalarda ỳüze çykarỳarlar: maksat podsistemasy, funksional struktura, guramaçylyk strukturasy, dolandyryş işiniň podsistemasy we prinsipleriň podsistemasy. Şonuň üçin hem ony köpdürlüligi bilen ulgamlaỳyn göz öňüne getirmek kyn, ỳöne teoretik ỳa-da praktiki taỳdan anyk iş alyp baryan adam elementiň guramaçylyk topary tarapyndan döwlet dolandyrlyş ulgamynyň antologik elementlerine geçirilỳändigine göz ỳetirmelidir.

Döwlet dolandyrlyşy—bu subỳektiw ỳüze çykmadyr. Diỳmek , obỳektiw taỳdan seretmek bilen özümiziň mümkinçiliklerimiz arkaly ony ösdürmäge hereket edỳäris, dolandyrşyň subỳekti munuň üçin köp

elementleri peỳdalanỳar, ol elementler adamlaryň aňynyň harydy bolup hyzmat edỳär. Olara şular degişli: maglumat, bilim, guramaçylyk we normatiw resurslar, idealar(model), ekspert baha bermeler, çözgüt (dolandyrỳan täsir), döwlet gullukçylarynyň täsiri we beỳleki gatnaşyjylaryň dolandyryş prosessindäki täsiri, dolandyryşyň subỳektiw netijeleri . Şu hili ähli subỳektiw elementler dolandyryşda özüni haotik, **sumbur** görnüşinde däl-de, keskitlenen ulgam görnüşinde ỳüze çykarỳar, onuň ulgamynyň nusgasy:″informasiỳa→bilim→resurslar→idealar(model)→ekspert baha bermeler→çözgüt→hereket→netije″.

Bu döwlet dolandyrlyşynyň gnoseologik elementleriniň ulgamynda dolandyryş işiniň hökmany logikasy jemlenendir. Bu ulgam konkret meseleleri çözmäge ỳardam berỳär.

Islendik podsistemany (döwlet dolandyrlyşynyň beỳleki islendik topar agzalary) suratlandyrmakda metodologik zerurlyk--dolandyrylỳan obỳektden (gurama topar), tä ỳokary döwlet häkimiỳetine çenli ähli köp görnüşli özara täsirli elementleriň ″gabalyp alynmagy″ we olaryň konstruksiỳasynyň (obỳektiw ulgamyň) ỳeke özara şertlendirlen görnüşde bolmagy möhümdir.

Bu sorag özüniň gowy öwrenilmegine laỳyk gelỳär. Sebäbi ol köp adamlar tarapyndan ỳöite garylandyr. Käbir barlagçylar bu gatnaşyklary göni, dispotik gaty görnüşde görỳärler. Beỳlekiler bolsa bu gatnaşyklarda egoistik ″men isleỳäni″ , şany , beỳleki dolandyrỳan täsirleri gyjyndyrỳan ỳüzi görỳärler . Yza bolan gatnaşyklara tükeniksiz talaby bolan görnüşi hökmünde haotik häsiỳet berilỳär.

Goşmaça näbellilikler bu berlen soragda demokratik hukuk döwleti guruljak bolnanada ỳüze çykdy, bu döwlet federalizm prinsipi bilen guruldy. Sosiologik taỳdan döwlet häkimiỳetiniň we ỳerli öz-özüňi

dolandyryşyň dolandyryjylarynyň wertikal boỳun egmekden boỳun towlamagy şu ỳagdaỳa getirỳär, ỳagny organlar özlerini kanunçylyk aktlaryndan azat hökmünde hasaplap basladylar. Onuň netijesinde bolsa umumy ylalaşykly hukuk ″meỳdanyň″ döremegi üçin döwletiň çäklerinde kynçylyklar ỳüze çykỳar. Şeỳle-de kanunyň prinsipleri bozulỳar, hukuk döwleti bolsa kanunsyz asla ỳaşap bilmeỳär. Logiki taỳdan organdaky dolandyryjylaryň düşnükli ỳagdaỳda boỳun egmezligi anologiỳa taỳdan ỳerine ỳetiriji häkimiỳet organyna geçip ugraỳar. Olar bolsa berk wertikal boỳun egijilik bolmasa özleriniň dolandyryşa bolan ukyplylygyny ỳitirỳärler.

Ỳöne kim we nähili döwlet dolandyrlyşyny düşündirse-de , onde hökmany suratda özüne köp dürli elementleri boỳun egdirỳän dolandyryjy täsirler bolmalydyr. Eger islendik döwlet organynda dörän dolandyryjy täsirler dolandyrylyan obỳektde adama belli bir derejede ỳetmese we onuň işine, özüni alyp barşyna täsir etmese onda bu görnüşdäki döwlet dolandyrlyşy reallyga öwrülip bilmez. Eger dolandyrỳan täsirlerin ulgamyny aỳyrsaň—onda çetden döwletler bölünen aỳry-aỳry bölekleri eỳelemäge çalyşỳarlar we onda elementler (eỳỳäm podsistema, topar görnüşinde däl) elementler baglanşyksyz, gapma-garşylykly ỳagdaỳda täsir edỳärler. Döwlet dolandyrlyşynyň manysy hem köp bölege bölünen, dürli islegli sosial güỳji bolan jemgyỳetde belli bir asudalygy, ylalaşygy maksada okgunlylygy adamlaryň işiniň we tertibiniň gowy bolmagyny , gatnaşyklaryň we ösüsiň garmonallygyny saklamakdan ybaratdyr.

Güỳçli gorizontal gatnaşyklary köplügi hem döwlet dolandyrlyşynyň ulgamyna gutarlan görnüşdäki, güỳçli ösen aşaky ″plastaly″ piramida görnüşini berỳär. Göni gatnaşyklarda gerekli we möhüm dolandyryşyň täsiri aỳratynlaşdyrylỳar. Yza bolan gatnaşyklarda birinji

orna özara hyzmatdaşlygyň, özara täsiriň esasy momentleri goỳulỳar. Esasy problema döwlet dolandyryş ulgamynda gatnaşyklaryň göni we yza bolan görnüşleriniň özara baglanşygynda jemlenỳär. Göni gatnaşyklaryň gapdaldaky tarapa öwrülmegi awtoritar bỳurotokratik döwlet dolandyrlyşynda bolup bilỳär we onuň birden rasionallygynyň , effektiwliginiň peselmegine getirỳär, a yzyna bolan gatnaşyklaryň tarapynda haçan-da, her kim özüni bilse we diňe öz hususy isleginiň amala aşmagy üçin hereket etse, onda ol döwletiň ysmazlygyna , dolandyryşyň ỳykylmagyna getirỳär.

Göni gatnaşyklara döwlet dolandyrlyşynyň ulgamynda, käbir administratiw-hukuk böleklerinde esasy ylmy edebiỳatlar niỳetlenendir. Göni gatnaşyklar babatda maglumatlaryň köp bolanlygy üçin, şeỳle-de yza bolan gatnasyklaryň teoriỳasy batada bolsa döwlet dolandyrlyşynda gaty az, ỳok diỳen ỳaly bolandygy üçin biz esasy gürrüňi soňky barada etmegi makul bilỳäris.

Yza bolan gatnaşyklar, olaryň özbaşdak dolandyrylỳan ulgamlardaky guramaçylygy we funksiyasy barada özüniň işlerinde N.Winer, G.Klaus, L.Bertalonfi analiz berip berip geçipdirler. N.Winer yza bolan gatnaşyga ″Geçmişdäki buỳruklaryň ỳerine ỳetirilmegi bilen geljekdäki herekedi sazlamaga mümkinçilik berỳän mazmun″ hökmünde garapdyr. Yza bolan gatnaşyk barada ỳörüte L.A.Petruşenko iş ỳazypdyr. Onuň manysy ″berlen ỳagdaỳdaky dolandyryş ulgamyndaky islendik goỳbolsun edilen iş şol dolandyryşda täze hereketiň döremegine getirỳän çeşme bolup durỳar″

Dowlet dolandyryşyň ulgamynda iki hili yza bolan görnüşi görkezmek bolar; obỳekt we subỳekt. Bular öz aralarynda özleriniň ỳerleşiş ỳagdaỳy we reallaşmagy boỳunça baglanyşỳarlar.

Obỳekt yza bolan gatnaşyklar dolandyrỳan täsiriň obỳektleriniň kabul edilişiniň derejesini, çuňlugyny , adekwatlylygyny görkezỳär.

Subỳekt yza bolan gatnaşyklar döwlet dolandyrlyşynyň subyektiniň, umuman onuň podsistemalarynyň, toparlarynyň we aỳry-aỳry komponentleriniň hususy işiniň rasionallygyny we maksadaokgunlylygyny häsiỳetlendirỳär. Döwletiň döwlet dolandyryş ulgamy hökmünde çylşyrymlylygy iỳerarhilikligi, köpkomponentligi we köp elementliligi , onuň her bir bölüminiň strukturasynyň aktualylygyny we subỳekt yza bolan gatnaşyklaryň dolandyryş manysyny şertlendirỳär. Ol her bir mümkinçiligi , görmegi düşünmegi hem baha bermegi däl-de, her bir kabul edilen çözgüdi we hereketi özüniň täsiri bilen görmegi başarỳar. Sebäbi bu ỳerde berlen informasiỳa bolan gatnaşykda esasy üns şol informasiỳa berilmeli. Subỳekt yza bolan gatnaşyklara: gözegçilik, analiz we guramaçylykly, iş boỳunça döwlet organlarynyň baha bermesi, wezipeli adamlar tarapyndan öz borçlarynyň ỳerine ỳetirilmesi, hasabatlar, maglumatlar we ş.m. degişlidir.

Şeỳlelik-de diňe obỳekt yza bolan gatnaşyklaryň subỳekt yza bolan gatnaşyklar bilen birligi dolandyrỳan her bir komponentiň işiniň we guramaçylygynyň düşündirlişini şöhlelendirlip bilỳär.

Döwlet dolandyrlyşynyň ulgamlaỳyn häsiỳetnamasy ony ähli komponentleri we elementleri bilen keskitli dinamiki umumylyga obỳektiw taỳdan birikdirỳär. Döwlet dolandyrlyşynyň çäklerinde teoretiki postulatlaryň we praktiki hereketleriň taryh analizi XX asyryň akymynda bizde soňky döwürde birlik , unifikasiỳa we tipilki ỳaly düşünjeleriň barlygyny we ỳene-de gaỳtalanỳandygyny tassyklamaga mümkinçilik berỳär. Eger-de inifisirlenen elementler (birmanyly, bir görnüşli

elementler) näçe köp bolsa şonça-da şol bir şablonlar tassyklanylỳar, şonça-da döwlet dolandyryş ulgamynyň birligi amatly bolỳar. Ỳokardan hemme strukturalar , kompetensiỳalar , ştatlar üçin baglanyşyklar döreỳär, dolandyrỳa funksiyalaryň reallaşmagy üçin mümkinçilikleriň hukuk reglamentasiyasy unifitirlenỳär we dolandyrylỳan işler tarapyndan amala aşyrylỳar. Döwlet dolandyrlyşynda umumy garaỳyş, jemgyyetçilik ỳüze çykmalarynyň we ỳagdaỳlarynyň köpdürlüligine birtaraply seredilỳän ugur bu döwürde giňden ỳaỳbaňlandyrlandyr.

Şonuň bilen birlikde bu zatlaryň hemmmesini döwlet dolandyrlyşynyň tipikliginde assosirlemek bolmaz. Tipiklik unifikasiỳany aňlatmaỳar, ol ỳüze çykmany şöhlelendirỳän aỳratynlandyrlan häsiỳeti keskitleỳji zady aňladyp, ondan iň ″janlysyny″ **gabap alỳar**.

**Tipiklik**—bu köpdürli elementleriň umumy hilidir. Her elementde-de ol dürli hilli parametrler bilen görkezilỳär. Döwlet dolandyrlyşynda nämeler tipiklik bolup bilỳär? **Birinjiden**, adamlaryň durmuş ukyplylygynyň häsiỳeti we göwrümi bolup bilỳä; **Ikinjiden ,** dolandyryşdaky we aň ỳetirşindäki çäklerden daşardaky adamlaryň durmuş ukyplylygynyň hereket prosessi; **Üçünjiden**, dolandyryjy obỳektleriň işlerindäki ozbaşdak dolandyrylỳan mehanizmlerdäki hemme zatlaryň giňeldilmrgi; **Dördünjiden** beỳleki dolandyrỳan subỳektleriň jemgyỳetçilik prosessine dolandyryjy täsirler. Bäşinjiden, döwlet hukuk organynyň özüniň maksatlylygy we adamlaryň belli-belli iş başarjaňlyklarynyň sazlanylmagy;

Döwlet dolandyrlyşyndaky elementleriniň tipikliginiň häsiỳeti döwlet dolandyrlyşynyň subỳektiniň **iỳerarhik, piramida** görnüşli gurluşy bilen baglanşyklydyr.

Döwlet dolandyrlyşynyň unikal görnüşi möhüm orun tutup ol ỳeke-tä,k özbaşdak, gaỳtalanmajak

diỳmekdir. Döwlet organynda adam patensiỳaly gaỳtalanmajak bolup hyzmat edỳär. Ol öz komponentleriniň reallaşmagy üçin özboluşly ewristik başlangyçdyr. Unikallyk döwlet dolandyrlyşyna **erkinlik** we döredijilik bilen çemeleşmegi ündeỳär. Döwletde ösüşiň yzygiderli ″ỳaşamagy″ üçin hemişe unikallygy işledip durmaly. Sebäbi ösüş üçin ilki bada dörän zadyň özi hem unikaldyr, ỳagny ỳeke **wariantlydyr,** gaỳtalanmajakdyr. Ỳöne unikallyk öňkiler bilen deňeşdirlende ỳokary wezipelerdäki tarapyndan halanylmandyr. Sebäbi ol ỳolbaşçylar gaỳtalanmajak zada däl-de, özlerine amatly bolan zada kaỳyl bolupdyrlar. Gelejekde **unikal döredijilige** ỳol açmaklyk—munuň özi döwlet dolandyrlyşynyň rasionallygyny we effektiwligini ỳokarlandyrỳar.

Şeỳlelik-de, döwlet dolandyrşyny amala aşyrmakda **tipiklik** we **unikallyk** iň ỳokary derejedäki ỳokary hilli çeşmedir.

**4.Dürli obrazlylyk—döwlet dolandyrlyşynyň ulgamynyň dinomizmi we durnuklylygynyň şerti hökmünde.**

Döwlet dolandyrlyşynyň **dinomizminiň** sarplanmagynyň sebäbi dolandyryş prosessiniň gatnaşyjylary bolup hemişe diỳen ỳaly adamlar hyzmat edỳär. Olar bu prosessde diňe belli bir çäklendirlen sferalarda gatnaşmak bilen beỳleki gatnaşyklaryň görnüşlerini bütinleỳ terk edỳärler.Köp ỳurtlar tarapyndan bu sarplanmanyň öňüni almak üçin şertler döredildi , ỳöne bu ỳerde gürrüň häkimiỳeti bölmek kosepsiỳasynyň reallaşmagy barada däldir. Gürrüň dowlet dolandyryş ulgamynyň organ ulgamy, düzüm bölekleri, elementleri hökmünde boỳun almagydyr, sebäbi olar köptaraply hem-de tükeniksiz özbaşdak ösüşe eỳedir. Döwlet dolandyrlyşynda islendik işi amala aşyrmak üçin islendik wezipedäki adama ỳeke görnüş bile, ỳeke başarjaňlyk bilen maksadyna ỳetmek

başartmaỳar. Sebäbi bu prosessde wezipäni real amal aşyrmak üçin ilki bilen differensirlenen mümkinçilikler usullar, formalar , operasiỳalar we prosedurlar gerek. Eỳỳäm munuň özi hem **dürli obrazlylygy** aňladỳar we birinji orunda durỳar.

Meseläniň çözülmeginde döwlet dolandyrlyşynyň **adam patansiỳalynyň ösüşine** görä ulgamyň döredilmeginiň aktuallygy şertlendirilỳär. Bu aktuallyk bir tarapdan hususy öz-özüni dolandyrỳanlara kömek etse , beỳleki tarapdan umumy döwlet dolandyrlyşyna hem uly ähmiỳet berỳär. Sebäbi bu ỳoldan dolandyryş üçin ilki bilen onuň ideologiỳasyny we syỳasatyny nazarda tutmalydyr. Dolandyryş medeniỳetiniň hemme adamlar üçin jemgyỳetde maglumatyň, bilimiň we terbiỳäniň ähli ulgamlary bir ỳol boỳunça yzygiderli we hemişe formirlenmelidir. Bu ugurda jemgyỳetiň dolandyryşy bilen, dolandyryşyň jemgyỳet bilen ähli ulgamlarda edil **durmuşyň özünde** baglanyşỳandygyny biz ABŞ-daky köp taryhly däpler boỳunça adamlaryň özara bilimde , jemgyỳetde, dolandyryşda, söwdada, ykdysadyỳetde we ş.m-de ỳakyn gatnaşyklary saklaỳandyklaryny , ỳapon jemgyỳetinde bolsa däp-dessuryň milli gymmatly gurluşlaryň, maglumatlaryň jemgyỳetiniň maksadynyň ỳokary netijeleri gazanmagynda uly rolunyň bardygyny arkaỳyn mysal hökmünde aỳdyp bilỳäris. Bu bolsa ỳene bir gezek dolandyryşda **dürli obrazlylygyň ähmiỳetiniň ỳokarydygyny görkezỳär.** Bu babatda öňde goỳlan maksatlara ỳetmek üçin birnäçe meseleleri düzgünleriň toplumy görnüşinde formulirlemek gerek.Maksatlaryň esasyny formulirlemek üçin:

döwlet dolandyrlyşynda öňde goỳlan zadyň amala aşmagy üçin esasy maksadyň aỳdyňlaşdyrylmagy we dogry keskitlenilmegi;

esasy maksadyň, niỳetiň amala aşmagynda önümçilik maksatlarynyň prognostik taỳdan öwrenilmegi.
Fuksional strukturanyň gurluşy üçin :
Döwlet organlarynyň podsistemasyna amala amagy üçin formalarynyň , mazmunynyň, predmetiniň bilelikde bir ugra gönükdirlen dolandyryjy funksiỳalaryň berilmegi;
Dolandyryş üçin gerek bolan çylşyrymly ỳumuşlary özbaşdak amala aşyrỳan dolandyryjy funksiỳalaryň göwrüminiň konsentirlenen göwrüminiň podsistemada ỳerleşdirilmegi;
Döwlet dolandyryş ulgamynda özüniň umumy birligini saklamak üçin dolandyryjy funksiỳalaryň ỳeterlik derejedäki dürlülik bilen üpjün edilmegi;
Dolandyryjy funksiyalaryň mazmunyna we göwrümine görä guramaçylyk, hukuk , informasion we beỳleki resurslar bilen ″üstüniň doldurylmagy″.
Guramaçylyk strukturasyny döretmek üçin:
umumy göwrümiň guramaçylyk potensiỳalyny toparyň dolandyryş funksiỳalarynyň , podsistemalarynyň indiwidual girişi bilen oňat sazlaşmak üçin wertikal we gorizontal ỳerlemek;
dürli elementleriň koordinirlenen, gorizontal gatnaşyklaryny hökmany formirlemek.
Dolandyryş işini guramak üçin:
adamlarynyň mümkinçilikleriniň we döwlet dolandyryş elementleriniň sosial rolunuň deň gelmegini üpjün etmek;
döwlet dolandyrlyşynyň şol bir elementiniň emele gelmegi üçin dürli formalaryň we usullaryň ulanylmagy.
Şu agzalan düzgünleriň ulgamlaỳyn öwrenilmegi döwlet dolandyrlyşynyň köpdürlüliginiň ösmegine we oňa möhüm şertlerin, dinamikanyň berilmegine ỳardam edỳär.

Döwlet dolandyryş edaralary döwlet edaralarynyň bir görnüşidir. Dolandyryş edaralaryna beýleki döwlet edaralarynda bolan hasiýetler hem mahsusdyr.

Ähli döwlet edaralar gurama bolup özleriniň hataryna kesgitli adamlar toparyny (kollektiw) jemleýändir. Şeýle köpçülik ýörite döwlet tarapyndan guralyp, kesgitli döwlet işiniň bir görnişini ýerine ýetirmegi maksat edinýär. Döwlet gönüden-göni öz edaralaryny döredip, olary döretmegiň düzgünini, işiniň esasy düzgünleri kadalaşdyrýar, olaryň zerur bolan ygtyýarlyklaryny kesgitläp, döwletiň adyndan onuň bähbidini goramak üçin çagyrýar.

Şunuň bilen birlikde ähli döwlet edaralary üçin syýasy häsiýetlilik mahsusdyr, sebäbi olary hemmesine döwlet häkimli ygtyýarlar berlendir.

Döwlet häkimli ygtyýarlyk häsiýetli nämäni aňladýar diýeniňde, olar döwletiň adyndan hökman bolan namalary çykarmaga, olary durmuşa geçirmegi üpjün etmekligi, şeýle-de ol namalaryň bozulan halatlarynda döwletiň mejbur ediş çärelerini ulanmaklygy üpjün edýär.

Beýleki döwlet edaralary ýaly her bir döwlet dolandyryş edarasynda özüniň guramaçylyk düzümi bardyr, ýagny içki işçi apparatyny (diwanyny) döretmegi guramakdan ybarat bolup, olaryň kömegi bilen bolsa onuň ygtyýarlyklaryny kesgitleýär. Ýuridiki nukdaýnazardan döwlet dolandyryş edaralarynyň esasy häsiýetleri bolup olaryň döwlet häkimetli ygtyýarlyklarydyr.

Döwlet dolandyryş edaralarynyň ygtyýarlyklary näme we olara näme girýär diýeniňde, onda oňa edaranyň wekilleriniň öňünde goýülan edilmeli işler, olaryň hukugy, borjy we haýsy formada we usulda işleýändikleri girýärler. Olaryň ygtyýarlyklary

ýörite döwlet tarapyndan ykrar edilen we tassyklanan düzgünnamalarda, ustawlarda (tertipnamalarda) kesgitlenýär.

Döwlet dolandyryş edaralary ýerine ýetiriş we serenjam bermek işlerini amala aşyrmak üçin niýetlenipdir, durmuşda kanunlaryñ we beýleki kada namalaryñ ýerine ýetirmegini üpзот edip hojalyk, social-medeni we administratiw syýasy gurluşlara gös-göni ýolbaşçylyk etmekligi ýola goýýar. Olar şol namalary durmuşa geçirýärler we özleriniñ tabynlygyndaky kärhanalaryñ we guramalarynyñ dürli-dürli meseleleri bilen bagly bolan her günki ýüze çykýan işlerini durmuşa geçirýärler. Şol manyda hem döwlet dolandyryş edaralery bolup, Türkmenistanyñ Prezidentiniñ gözegçiligi astynda durup, oña hasabat bermäge borçludyrlar.

Döwlet dolandyryş edaralaryñ özleriniñ işleriniñaýratynlygy boýunça hem beýleki döwlet edaralaryndan tapawutlydyr. Sebäbi kazyýet, prokuratura edaralarynyñ garamagynda hiç hili kärhanalar ýokdur, olaryñ dine öz ulgamlaryna degişli edaralary bardyr.

Döwlet dolandyryş edaralary bolsa özleriniñ garamagynda hojalyk, social-medeni meseleleri amala aşyrýan edaralary, kärhanalary saklaýarlar. Olar gündelik şol kärhanalaryñ, edaralarynyñ işlerine ýolbaşçylyk edýärler, şeýlelikde dolandyryş edaralary özleriniñ ýolbaşçylyk edýän kärhanalaryna, edaralaryna serenjam (buýruk) beriji hökmünde çykyş edýärler.

Döwlet dolandyryş edaralary ýokarda bellenilişi ýaly döwlet guramalarynyñ bir görnüşi bolup, olaryñ olaryñ hataryna döwlet edaralary we kärhanalarhem girýärler.

Dolandyryş edarasy diýip kärhana, gurama, edara bütewliligine aýdylman, olaryñ iş dolandyryjysyna (administrasiýasyna) aýdylýar.

Döwlet dolandyryş edaralarynyñ hukuk ýagdaýlary, olaryñ ygtyýarlyklary,bilen kesgitlenýändir. Munda ýokarda bbelleýşimiz ýaly wezipesi, etmeli işi, hukugy, borjy, işleýiş formasy we usuly kesgitlenip (berkidilip), olaryñ dolandyryş hukuk ukyplylygyny we işe (kämillige) bolan ukyplylygyny düzgünleşdirýär.

Döwlet dolandyryş edaralarynyñ takyk hukuk ýagdaýlary, şu aşakdaky esasy ýagdaýlarda kesgitlenýär:

1. Olar özleriniñ işlerini kanunyñ esasynda we kanuny ýerine ýetirmek amala aşyrýarlar.
2. Olar özleriniñ işlerini ýerine ýetiren mahalynda häkimiýete eýe bolup, hukuk serişdelerini ulanýarlar (hukuk kadalaryny Kabul etmek, jedelli meseleleri çözmek).
3. Döwlet dolandyryş edaralarynyñ belli-belli ulgamlary gös-göni halk tarapyndan döredilýär.
4. Olaryñ hemmesi gös-göni Türkmenistanyñ Prezidentiniñ gözegçiliginde bolup oña hasabat berýärler.
5. Olar özleriniñ ygtyýarlyklarynyñ çäginde hereket edip, özbaşdakhereket etmek hukugyndan hem peýdalanýar.
6. Her bir aşakda durian dolandyryş edarasy yokarda duran edara göni (wertikal) taýdan tabyndyr.

Şeýlelikde, döwlet dolandyryş edaralary döwletiñ işiniñ bir bölegini amala aşyrmaga niýetlenen bolup, olar döwletiñ esasy işini, ýagny, halk hojalygynyñ, social medeni we dolandyryş syýasy gurluşyñ dolandyryrlyşyny amala aşyrýarlar.

Ýerine ýetiriş we senjam beriş işi dürli döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylýar. Olar özleriniñ esasy meñzeşlikleri we tapawutlary boýunça bölünýärler.

Döwlet dolandyryş edaralary özleriniñ çägi boýunça merkezi we ýerli edaralara bölünýärler.

Merkezi döwlet dolandyryş edaralary özleriniñ ygtyýarlyklarynyñ çäginde bütin döwletiñ ygtyýarlyklarynyñ çäginde täsirleri bardyr, ýagny Türkmenistanyñ hökümetiniñ üstüne Türkmenistanyñ hökümetiniñ üstüne Türkmenistanyñ ähli ýerinde dolandyryş meselesi ýüklenendir. Ministrlikler, wedomstwolar we beýleki merkezi edaralaryñ ygtyýarlyklary hem özleriniñ dolandyrýan meseleleri boýunça bütin Türkmenistanyñ çäginde täsir edýärler.

Ýerli dolandyryş edaralary bolsa kesgitli dolandyryş (administratiw)çäginde hereket edýärler. Mysal üçin, welaýatlar , etraplar, şäherler, şäherçeler, obalar.

Merkezi we ýerli döwlet dolandyryş edaralarynyñ özara gatnaşyklary şu aşakdaky başlangyçlar esasynda gurýandyr: merkezi dolandyryş edaralarynyñ ygtyýarlyklarynyñ çäkleri, ýerli edaralarynyñ çäginden giñdir; merkezi edaralarynyñ çykarýan namalary ýerli edaralar üçin hökmanydyr. Merkezi dolandyryş edaralary ýerli edaralara umumy ygurlary we olara ýolbaşçylygy amala aşyrýarlar, öz gezeginde ýerli edaralar bolsa özleriniñ ygtyýarlyklarynyñ çäginde öz üstlerine ýüklenen wezipeleri özbaşdak amala aşyrýarlar.

Türkmenistanyñ döwlet dolandyryş edaralaryny döretmekligiñ düzgüni birnäçe toparlara bölünýärler:

1. Gös-göni Türkmenistanyñ Prezidenti tarapyndan döredilýän edaralar, mysal üçin Türkmenistanyñ Ministrler Kabineti, ministrlikler we beýlekiler;

2. Türkmenistanyñ hökümeti tarapyndan döredilýän edaralar, mysal üçin, Türkmenistanyñ Ministrler Kabinetiniñ ýanyndaky döwlet komitetleri müdirlikleri;

3. Ministrler we wedomstwolar tarapyndan döredilýan edaralar, mysal üçin, edaralaryñ, kärhanalaryñ dolandyryjylary (adminisrasiýalary);
4. Etrap şäher häkimlikleri tarapyndan döredilýän edaralar, mysal üçin, dolandyryş (administratiw)komissiýalar (toparlar).

Agzalan dolandyryş edaralarynyñ bölünişikleri olaryñ döredilmeginiñ hukuk esaslarynyñ we ygtyýarlyklarynyñ çeşmelerini kesgitleýär.

Dörediş usuly boýunça döwlet dolandyryş edaralary saýlawly, göni döretmek bilen amala aşyrylýar.

Dörediş usulyna garamazdan dolandyryş edaralary hökmany suratda döredilýärler, mysal üçin, Türkmenistanyñ Ministrler Kabineti, häkimlikler, geñeşler (arçynlar) we gerek (zerur) bolan halatynda döredilýän edaralar, mysal üçin, ministrlikler, wedomostwolar we başgalar.

Ähli ýagdaýlarda döwlet dolandyryş edaralarynyñ döreýşi ygtyýarly edaralarynyñ namalary esasynda döredilýärler.

1. Umumy ygtyýarly edaralar; mysal üçin, Türkmenistanyñ Ministrler Kabineti bütin ýurduñ çäginde döwlet dolandyryşyny amala aşyrýar.Umumy ygtyýarly dolandyryş edaralarynyñ hataryna ähli häkimlikler we öz-özüni dolandyryş edaralary geñeşler (arçynlar) hem girýärler.Olar hem özleriniñ çäginde ähli dolandyryş meselelerine jogap berýärler.
2. Pudaklaýyn ygtyýarly edaralar; bular pudak boýunça dolandyryşy amala aşyrýarlar , mysal üçin, ministrlikler, wedomostwolar we başgalar.
3. Ýörite ygtyýarly edaralar; belli bir mesele boýunça dolandyryşy durmuşa geçirýärler.

Olaryñ ýene-de pudagyñ daşyndaky we pudagyñ içindäki dolandyryşy boýunça – ministrlikleriñ, häkimlikleriñ bölümleri, kärhanalaryñ we edaralaryñ dolandyryjylary (administrasiýalary).

Özleriniñ ygtyýarynda durýan meseleleri çözmek boýunça dolandyryş edaralary:

a) Köpçülikleýin (kollegial) tertipde dolandyrylýar;

b) Ýeke-täk başlangyç esasynda dolandyrýarlar;

Maliýeleşdirmekligiñ çeşmesi boýunça dolandyryş edaralary şeýle bölünýärler:

a) Döwlet býüjeti esasynda

b) Hojalyk hasaplaşygy esasynda

Bularyñ ikisi hem giñden ulanylýan maliýe çeşmesi bolup hyzmat edýärler.

Türmenistanyñ Prezidentiniñ hukuk ýagdaýy ilkinji nobatda Türkmenistanyñ Konstitusiýasynda we Türkmenistanyñ Prezidenti hakyndaky kanuny arkaly kesgitlenilýär. Türkmenistanyñ Prezidenti barada Türkmenistanyñ Konstitusiýasynyñ 3-nji bölüminiñ 2-nji babynda, has takygy52-60 maddalarynda we Türkmenistanyñ Prezidenti hakyndaky kanunynyñ degişli maddalarynda göz öñünde tutulandyr.

2007-nji ýylyñ iýul aýynda kabul edilen Türkmenistanyñ Prezidenti hakyndaky kanuny Türmenistanda dolandyryşyñ Prezident formasyna geçilen gününden bäri ilkinji (Konstitusiýasyndan soñ) kabul edilen normatiw aktdyr. Bu kanun bäş sany babdan we ýigrimi sany maddadan ybarat bolup, Türkmenistanyñ Prezidentiniñ işiniñ hukuk, ykdysady, guramaçylyk we beýleki esaslaryny kesgitleýär, onuñ işiniñ üpjün etmek boýunça döwlet kepilleklerini belleýär, şeýle hem öz ygtyýarlarlaryny ýerine ýetirmegi bes eden Türkmenistanyñ Prezidentinine we onuñ maşgala agzalaryna kepillikleri üpjün edýär. Bulardan başga-da, Türkmenistanyñ Prezidenti hakyndaky kanuny Türkmenistanyñ Prezidentiniñ hukuk

derejesini, ýagny onuñ işiniñ hukuk esaslaryny, Prezident saýlawlary, onuñ wezipä girişmek dabarasy barada, onuñ tapawutlandyryjy nyşanlar hakynda, Prezidentiñ ygtyýarlary barada düzgünler berkidilendir. Ýene-de, bu kanunda Türkmenistanyñ Prezidentiniñ namalary, olaryñ taslamalaryny taýýarlamak we olary onuñ garamagyna bermek, Prezidentiñ namalaryny herekete getirmegiñ we çap etmegiñ tertibi, olara üýtgetmeler we goşmaçalar girizmegiñ, şeýle hem, olaryñ hereketini ýatyrmagyñ tertibini hem-de Türkmenistanyñ Prezidentiniñ döwlet üpjünçiligi barada kepillendirýär.
Bulardan başga-da, agzalan kanunda Türkmenistanyñ Prezidentiniñ ygtyýarlyklarynyñ bes edilmegi we ygtyýarlyklarynyñ geçmegi barada, hem-de öz ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirmegi bes eden Türkmenistanyñ Prezidentine we onuñ maşgala agzalaryna kepillikleri üpjün etmek hakyndaky ýagdaýlar kesgitlenýär.
Türkmenistanyñ Konstitusiýasynyñ 50-nji maddasynda we Türkmenistanyñ Prezidenti hakyndaky kanunyñ 1-nji maddasynda bellenilişi ýaly Türkmenistanyñ Prezidenti döwletiñ we ýerine ýetiriji häkimiýetiñ baştutanydyr, Türkmenistanyñ iñ ýokary wezipeli adamsydyr, ol döwlet garaşsyzlygyñ we Türkmenistanyñ Bitaraplyk hukuk ýagdaýlaryñ yurt bütewiliginiñ, Konstitusiýasyny berjaý etmegiñ we halkara borçnamalarynyýerine ýetirmegiñ kepili hökmünde çykyş edýär.
Türkmenistanyñ Prezidenti kim bolup bilýär diýlende, onda oña jogap edip Türkmenistanyñ Konstitusuýasynyñ 51-nji maddasyny görkezmek bolar. Oña laýyklykda Türkmenistanda doglan, ýaşy kyrkdan pes bolmadyk we ýetmişden uly bolmadyk, döwlet dilini bilýän, soñky on bäş ýylyñ dowamynda Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan hem-de döwlet edaralarynda, jemgyýetçilik birleşiklerine, kärhanalarda, edaralarda, guramalarda işläp gelýän Türkmenistanyñ raýaty Türkmenistanyñ Prezidentligine saýlanyp bilner.

Prezident gös-göni Türkmenistanyñhalky tarapyndan bäş ýyl möhlete saýlanylýar we kasam Kabul eden pursatyndan, öz wezipesine girişýär. Türkmenistanyñ Prezidentini saýlamagyñ we onuñ wezipesine girişmeginiñ tertibi kanun arkaly kegitlenilýär.

Türkmenistanyñ Prezidenti hakyndaky kanunyñ 7-nji maddasynda laýyklykda Prezidentiñ şu aşakdaky ygtyýarlary bardyr; ýagny, Türkmenistanyñ Konstitusiýasyny we Türkmenistanyñ kanunlaryny durmuşa geçirýär, daşary syýasatyñ amala aşyrmagyna ýolbaşçylyk edýär, beýleki döwletler bilen gatnaşyklarda Türkmenistana wekilçilik edýär;

Daşary ýurt döwletlerindäki, döwlet ara we halkara goramalarynyñ ýanyndaky Türkmenistanyñ ilçilerini we beýleki diplomatic wekillerini belleýär hem yzyna çagyrýar;

Daşary ýurt döwletleriniñ diplomatic wekilleriniñ ynanç we yzyna çagyryş hatlaryny kabul edýär;

Türkmenistanyñ Ýaragly Güýçleriniñ Belent Serkerde başysydyr, ol ähli umumy ýa-da bölekleýin mobilizasiýasyny geçirmek, Ýaragly Güýçleri ulanmak we söweşjeñ ýagdaýa getirmek hakynda buýruk berýär;

Türkmenistanyñ Ýaragly Güýçleriniñ ýokary serkerdelerini belleýär;

Türkmenistanyñ Döwlet howpsuzlyk geneşini döredýär we oña ýolbaşçylyk edýär;

Raýatlaryñ howpsuzlygyny üpjün etmek üçin Türkmenistanyñ bütin çäklerinde ýa-da aýry-aýry ýerlerinde adatdan daşary ýagdaý düzgünini girizýär;

Rehim etme hem-de günä geçme çärelerini amala aşyrýar;

Türkmenistanyñ raýatlygyna Kabul etmek we raýatlygyndan çykmak gaty batalga bermek hakyndaky meseleleri çözýär;

Türkmenistanyñ ordenleri we beýleki sylaglary bilen sylaglaýar, hormatly atlary, harby atlary, beýleki ýörite döwlet atlaryny we tapawutlandyryş atlaryny dakýar;

Türkmenistanyñ Mejlisine kanunlaryñ taslamalaryny girizýär;

Türkmenistanyñ kanunlaryna gol çekýär ýa-da özüniñ nä razy ýerlerini görkezmek bilen gaýtadan ara alyp maslahatlaşmak we sese goýmak üçin iki hepdeden gijä goýman kanuny Türkmenistanyñ Mejlisine gaýtarmaga haklydyr;

Eger Mejlis deputatlaryñ belenen sanynyñ azyndan üçden iki böleginiñ ses bermegi bilen ozal Kabul eden çözgüdini tassyklaýan bolsa, onda Türkmenistanyñ Prezidenti şol kanuna gol çekýär. Türkmenistanyñ Prezidentiniñ Konstitusiýa üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakyndaky kanunlar babatda gaýra goýmak gadaganlygyny ulanmaga hukugy ýokdur.

Türkmenistanyñ Mejlisiniñ maslahatyny möhletinden öñ çagyrýar;

Türkmenistanyñ Döwlet býüjetini we onuñ ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty Türkmenistanyñ Mejlisiniñ garamagyna we tassyklamagyna berýär;

Türkmenistanyñ Mejlisi bilen ylalaşyp Türkmenistanyñ Ýokary kazyýetiñ Başlygyny, Türkmenistanyñ Baş prokuroryny, Türkmenistanyñ Içeri işler ministrini we Türkmenistanyñ Adalat ministrini wezipä belleýär we wezipesinden boşadýar. Ol Türkmenistanda saýlawlary we sala-salyşyklary geçirmek baradaky Merkezi topary döredýär, onuñ düzümine üýtgetmeler girizýär;

Wezipä girişenden soñ bir aýyñ içinde Türkmenistanyñ Ministrler Kabinetini we onuñ düzümini döredýär, oña baştutanlyk edýär we onuñ işine ýolbaşçylyk edýär;

Türkmenistanyñ ähli kazylaryny wezipä belleýär we wezipeden boşadýar;

Türkmenistanyñ Konstitusuýasy we kanunlary bilen öz ygtyýaryna degişli edilen beýleki meseleleri çözýär.
Türkmenistanyñ Prezidentiniñ öz ygtyýarlyklaryny beýleki edaralarynyñ ýa-da wezipeli adamlaryñ ýerine ýetirmegine bermäge haky ýokdur.

Türkmenistanyñ Konstitusiýasynyñ 54-nji maddasyna we Türkmenistanyñ Prezidenti hakyndaky kanunyñ 8-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyñ Prezidentiniñ birnäçe hukuk namalaryny çykarmaga ygtyýary bardyr. Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Türkmenistanyñ Prezidenti Türkmenistanyñ ähli ýerlerinde hökmany güýje eýe bolan permanlary, kararlary we buýruklary çykýar.
2. Türkmenistanyñ Prezidentini permanlery munuñ özi Türkmenistanyñ Konstitusiýasynyñ we kanunlarynyñ esasynda we olary ýerine ýetirmek üçin Türkmenistanyñ Prezidentitarapyndan çykarylýan kadalaşdyryjy huku namalarydyr.
3. Türkmenistanyñ Prezidentiniñ kararlary we buýruklary Türkmenistanyñ Konstitusiýasynyñ, Türkmenistanyñ kanunlarynyñ we Türkmenistanyñ Prezidentiniñ permanlarynyñ esasynda we olary ýerine ýetirmek üçin Türkmenistanyñ Prezidenti tarapyndan çykarylýan kadalaşdyryjy hukuk namalarydyr. Ýöne Türkmenistanyñ Prezidentiniñ Kabul edýän we çykarýan namalary hemişe kadalaşdyryjy häsiýete eýe däldir. Türkmenistanyñ Prezidentiniñ permanlary, karalary we buýruklary indiwidual (kadasyz) hem bolup bilýändir. Mysal üçin, ýokary wezipä bellemek we ondan boşatmak, döwlet sylaglary bilen sylaglamak, düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekmek ýaly meseler çözülende Prezidentiñ namalary normatiw (kadalşdyryjy) häsiýete eýe däldir.

Bulardan başga-da Türkmenistanyñ Prezidenti döwlet dolandyryşyna degişli meseleleri çözmäge ygtyýary bar.

Türkmenistanyñ Bilim Ministrler Kabinetiniñ hukuk ýagdaýy barada aýdylanda Türkmenistanyñ Konstitusiýasynyñ V babynda, has takygy 72, 73,74,75,76 maddalarynda, hem-de 1995-nji ýylyñ noýabr aýynyñ 24-ne Kabul edilen Türkmenistanyñ Ministrler Kabineti hakyndaky kanun esasynda doly kesgitlenendir.
Şoña laýykda Ministrler Kabineti ýerine ýetiriji we serenjam beriji edara bolup, onuñ işine Türkmenistanyñ Prezidentine ýolbaşçylyk edýär. Ministrler Kabineti Türkmenistanyñ hökümetidir, ol ýerine ýetiriji we serenjam (buýruk) beriji köpçülikleýin (kollegiýal) esasda Türkmenistanyñ çäginde ähli ýerine ýetiriji we dolandyryş edaralaryny ýolbaşçylyk edip, olaryñ işleriniñ sazlaşykly bolmagyny üpjün edýär.
Türkmenistanyñ Ministrler Kabineti özüniñ işlerini amala aşyrýan mahalynda konstitusionlygy, kanunylygy aç-açanlygy we Prezidentiñ öñünde hasabatlylygy ýörelgelerinden gollanýandyr.
Ministrler Kabinetiñ Türkmenistanyñ Mejlisinde kanun Kabul etmek barada teklip girizmage barada hem haky bardyr.

Türkmenistanyñ Ministrler Kabineti gurluşy we düzümi Türkmenistanyñ Prezidenti tarapyndan kesgitlenýär. Oña laýyklykda onuñ düzümine Ministrler Kabinetiñ Başlygynyñ orun basary we ministrler girýärler.
Türkmenistanyñ Prezidentiniñ Ministrler Kabinetiñ düzümine ýokarda agzalanardan başgada beýleki maerkezo dolandyryş edalarynyñ ýolbaşçylarynywe ýerlerdäki ýerine ýetiriji häkimýetiñ wezipeli adamlaryny hem salmaga haklydyr.
Türkmenistanyñ Ministrler Kabinetiniñ düzümine girýän wezipeleri adamlar Ministrler Kabinetiniñ agzalarydyr.
düzümine üýtgetmeler girizmek meselesi hem Prezident tarapyndan amaly aşyrylýar.
Ministrler Kabinetini Prezident öz wezipesine girişen gununden beýläk bir aýyñ dowamynda düzýär, Kabinet bolsa täze

sqýlanan Prezidentiñ öñünde öz ygtyýarlyklaryny üstünden aýyrýar.
Ministrler Kabinetiñ Başlygynyñ orun basarlary we ministrler Prezident tarapyndan wezipä bellenýärler we ondan boşadylýarlar.
Ministrler Kabineti Prezidentiniñ ygtyýarlyk möhleti döwründe hereket edýär we öz ygtyýarlyklaryny täze saýlanan Prezidentiñ öñünde öz üstünden aýyrýar.
Türkmenistanyñ Ministrler Kabinetiniñ ygtyýarlyklary barada aýdylanda, onda olar Türkmenistanyñ Konstitusiýasyny, Türkmenistanyñ kanunlaryny, Prezidentiñnamalaryny, Ministrler Kabinetiniñ kararlaryny we halkara şertnamalaryny ýerine ýetirmekden ybaratdyr;
Merkezi we döwlet dolandyryş edaralaryñ arasynda ilkinji nobatda ministrlikler göz öñüne tutulýar.

Ministrlikler, Türkmenistanyñ Ministrler Kabinetihakyndaky kanun esasynda Ministrler Kabinetiniñ teklip etmegi bilen Türkmenistanyñ Prezidenti taraoyndan döredilýär. Edil şol tertipde-de ýatyrylyp we üýtgedilip bilinýär.

Ministrlige ministriñ özi ýeke-täk başlangyç esasynda ýolbaşçylyk edýär we öz wezipesine Prezident tarapyndan bellenýär hem wezipeden boşadylýar.

Ministr tabşyrylan we üstüne ýüklenen wezipeleri hut özi döwletiñ hem Prezidentiñ öñünde bolup, şol pudaga jogap berýär.

Ministr ýeke-täk pudaga jogap bermek bilen öz orunbasarlarynyñ arasynda belli-belli ugurlar boýunça işleri paýlaýarlar we olaryñ jogapkärçiligini kesgitleýär. Şonuñ ýaly hem özüniñ müdirliklerine, bölümleriñ we onuñ garamagynda durýan edara guramalaryñ hem wezipelerini kesgitläp, jogapkärçiligini kesgitleýär.

Ministr öz orunbasarlarynyñ arasynda wezipeleri paýlaýar, ministrligiñ kollegiýasynda başlyklyk edýär, ministrligiñ merkezi diwanynyñ işgärleriniñ sanyny kesgitleýär, bölümleriniñ düzgünnamalaryny tassyklaýar, olary hojalyk hasaplaşygyna gwe başga-da oña birnäçe ygtyýarlar berilýär. Ýerli döwlet dolandyryş edaralarynyñ hataryna welaýat, etrap, şäher häkimlikleri girýär, olar hem özleriniñ ygtyýarlyklarynyñ çäginde döwlet dolandyryş meselesine doly jogap berýärler.

## XI.Döwlet dolandyryş prosessinde guramaçylyk.

Döwlet dolandyrlyşynyň amala aşyrylmagy ỳagdaỳy öňünden kesgitlemäge, köp meseleleriň çözülmegine ỳardam edỳär. Giňişleỳin aỳdanymyzda bu prosessde esasy zat—guramaçylyk bolup, ol dolandyryş işiniň esasyny düzỳär. Diňe guramaçylyk dolandyrylỳan we dolandyrỳan ulgamlarda döwlet dolandyrlyşynyň rasionallygyny we effektiwligini görkezỳär . Bu—başlangyçlaryň başlangyjydyr. Ilki bilen döwlet häkimiỳetindäki we ỳerli öz – özüňi dolandyryşdaky organyň iş ỳerinden we döwletiň öňündäki borjundan aỳdyňlaşdyrma geçireliň.

Borç islendik organdaky kollektiwiň işiniň düzümindäki manysynyň açylmagyna we öz ỳeriniň anyk aỳdyňlaşdyrylmagyna öz kompanentleriniň hakykylaşdyrylmagyna mätäçdir. Munuň üçin bolsa onuň özi işiň içki mazmuny boỳunça (göwrümi, funksiỳasy, işiň usuly we formasy, onuň bahasyny we görkezijisi we.ş.m) anyk guralmalydyr. Edil şonuň ỳaly beỳleki daşarky borçlar bilen gatnaşyklarda hem (boỳun egmek ỳoly, hyzmatdaşlyk , informasion we tehniki gulluk ediş) guralmalydyr. Ondan başga-da her bir organdaky jogapkärçilik, borç özüniň ilki bilen prakseologik taỳdan (iş otagy, stol, stul, ỳagtylandyryş , arassa howa we ş.m) we ergonomik taỳdan (telefon, gullukçylar bilen

habarlaşmak üçin aragatnaşyk serişdesi, işiň tehniki serişdeleri we ş.m) tertipleşdirilmegine mätäçdir.

Häzirki zaman şertlerinde amala aşyrylmak prosessi ỳa-da jogapkärçiligiň döredilmegi şeỳle bir ỳol bilen gitmeli, ỳagny ol özbaşdak, döredijilikli we jogapkärçilikli işlemek üçin uly mümkinçilikleri döretmeli, her bir adamyň öz pikirini aỳtmaga ỳardam etmeli. Polỳak alymy S.Kowalewskiỳ bu barada şeỳle diỳỳär, eger-de jogapkär adamyň ỳoluna formolirlenen meseleler bar bolsa we jogapkär adama öz pikirini aỳtmaga şert bar bolsa onda motiwasiỳanyň güỳçli faktory emele gelỳär: dolandyryş işi şonda öz pikiriňi aỳtmak prinsipiňi üpjün edỳär:

1)Ỳerine ỳetirijiniň başarjaňlylygyna we ukyplylygyna esaslanỳar;

2)Özbaşdaklygyna;

3)Kwalifikasiỳasyna esaslanỳar;

4)Öz-özüňe gözegçilik etmäge gowy şert döredỳär;

5)Ỳerine ỳetirilişiň usullarynyň döremegine bolan täsiri üpjün edỳär;

6)Kompleksli we dürli görnüşli ;

7)Tutuşlygyna berk we adybelli ỳerine ỳetirijä görä, düşnükli, gerekli we peỳdaly element bolup durỳar;

8) Jemgyỳetçilik zerurlyklaryny üpjün etmäge gyradan gözegçilik edỳär.

Indiki mesele jogapkärçilikli toparlaryň guramasynda ỳa-da başga söz bilen aỳdylanda düzüm boỳunça organlaryň bölünmeginde jemlenendir. Däp boỳunça jogapkärçiligiň ỳagny borjuň we toparyň emele gelmeginiň esasynda (düzum taỳdan bölünişi boỳunça) ỳörüteleşme prinsipi ỳatandyr. Umuman, ol belli bir sosial-psihologik çäklere çenli aỳdyňlaşdyrlandyr, ỳöne ol çäklerden geçilende borjuň ỳerine ỳetirilmegine bolan gyzyklanma şol wagt

gaçỳar. Dolandyrlyşyň kompleksliligi boỳunça hemme ỳüze çykyp durỳan talaplar hem diňe bir borjuň däl-de, eỳsem toparyň düzuminiň dürli görnüşli bolmalydygyny şeỳle hem çözülỳän sowallaryň meỳilnamasynyň manysynyň hem özünde kompleksliligi saklamalydygyny görkezỳär. Bu ỳerde gürrüň dolandyryşyň funksiỳalaryndaky gorizontal konsentrasiyalary barada gidỳär. Edil şeỳle konsentrasiỳa özünde birnäçe alamatlary jemleỳär: dolandyryş işini manyly , ỳeterlikli we gyzykly edỳär, maglumatlary özara çalşyp durỳar, bilimi we tejribesi bilen agyrysyz ỳoklaryň ỳerini doldurỳar, birek-birege bolan gözegçiligiň täsirini güỳçlendirỳär, maglumatyň ähmiỳetini ỳokarlandyrỳar, ỳolbaşçy bilen ỳerine ỳetirijiniň arasyndaky aradaşlygy gysgaldỳar, özara şahsy gatnaşyklary gowulandyrỳar we döwlet dolandyrlyşynda meseleleriň pozitiw taỳdan çözülmegine ỳardam edỳär.
Umuman aỳdanymyzda organdaky gorizontal agzalyga saỳlaw, toparyň düzüminiň bölünişigi köp zat barada aỳdỳar. Ol dolandyryşyň we dolandyrlyşyň prosesleriniň düşündirlişine şaỳatlyk edỳär, ỳagny ỳolbaşçynyň gözegçilik edỳän işçileri näçe az bolsa, ol şonça-da işçilerini goraỳar, olary özbaşdaklykdan we jogapkärçilikden aỳyrỳar we toparda şonçada daşarky dolandyryş funksiỳalarynyň amala aşmagy azalỳar. Ol şeỳle-de dolandyryşda apparatynda her bir işiň ỳolbaşçylyk edỳänleriň arasynda , ỳerine ỳetiriji bölümiň arasynda paỳlanşynyň dogrudygyny tassyklaỳar. Organda ỳolbaşçylyk wezipesi näçe köp bolsa, şonça-da geçiriji baglanyşyklar köp bolỳar we ỳerine ỳetiriji işde gara çynyň bilen işlemäge mümkinçilik az bolỳar (Ỳagny ỳolbaşçylaryň işi düzgün boỳunça şol işi ỳerine ỳetirmäge däl-de

ony ỳerine ỳetirmek üçin buỳruk bermäge gönükdirlendir). Bu ỳerde organyň gurmasyndaky demokratiyanyň derejesi barada aỳdylỳar: wertikal düzüm näçe çylşyrymly bolsa, şonça-da birinji ỳolbaşçy bilen ỳerine ỳetirijileriň aralary uzak bolỳar we olaryň gatnaşyklary çylşyrymlaşỳar.

Elbetde, organyň gorizontal agzalygndaky toparyň düzümi şeỳle-de şol organyň özi, eger-de ol organ uly bolmasa onda hökmany çäklendirme—dolandyryşyň normasy hereket edỳär. Dolandyryşyň normalarynyň kriteriỳalaryna şular degişlidir:

a) ünsüň hakyky göwrümi we beỳleki intellektual ukyplar, bu zatlary özüniň maglumatlary ỳadynda saklap bilijiligine we işläp düzüjiligine baglylykda ortaça görnüşdäki ỳolbaşçy özünde jemleỳär;

b) bölümiň ỳa-da toparyň göz öňunde tutỳan işiniň sferasyna girỳän ỳokary derejedäki çözgüt bilen çözülen meseläniň ynandyrylmasy . Öz ỳurduň we daşarky ỳurduň tejribesinden ugur alyp dolandyryşyň nomasy otaça özünde ỳedi işçi üçin bir ỳolbaşçyny ỳeterlik hasaplaỳar (1:7), dolandyryjy prosesleriň 5- den 9 adam aralygynda derejesine we çylşyrymlylygyna baglydyr.

Ỳolbaşçynyň wezipesini amala aşyrmagynda guramada ỳene-de bir meselä seredeliň. Ỳolbaşçynyň işi guramada aỳgytly roly eỳeleỳär. Şonuň üçin hem ylmy edebiỳatda ỳüze çykỳan meseleleriň analizina esasy üns berilỳär. Köp ỳerlerde ỳolbaşçynyň işi şol bir wagtyň dowamynda işlemek, duỳmak, dolandyryş strategiỳasynyň işini üpjün etmek, ony möhüm maksatlaryň birine öwürmek, wagty dogry we doly işlemegi üçin bölmek, meseleleriň ỳüze çykyşyna gözegçilik etmek ,öňde goỳlan soraglary, haỳyşlary , işi ỳerine ỳetirijileriň işleỳşini dogry kordinirlemek, daşarky dünỳä bilen giň aragatnaşyk

saklamak we ondan özüňe gerek maglumatlary almak, ỳüze çykỳan soraglary, meseleleri görnüşine görä dogry toparlamak görnüşinde guralmalydyr diỳip hasaplaỳarlar.

Ỳolbaşçynyň wezipesiniň dogry ỳerine ỳetirilmegi sosial-psihologik esaslary üçin örän wajypdyr: günüň dowamynda işjeňligi saklamaga, keỳpiň çaglygyny saklamaga, prosesse gatnaşỳan adamlara ynam bermäge, meselä aỳdyň düşünmäge, kollektiwde gerekli mikroklimaty döretmäge mümkinçilik berỳär. Ỳolbaşçy hemise özüni ruhy taỳdan ″deňagramly″ ỳagdaỳda saklamalydyr, sebäbi onuň bar işi—adamlar bilen gürleşmek, ol gürrüňdeşlik bolsa ỳolbaşçynyň özüni duỳşy boỳunça beỳlekilere aktiw ỳagdaỳda geçỳär. Amerikan awtorlary adamlary dolandyrmakda ỳolbaşçylara şeỳle düzgünleri maslahat berỳärler: öz işçileriniň ynam duỳgusyny saklamak; şahsyỳete däl-de berlen meselä ünsi jemlemek; berkitmek usulyn peỳdalamak (gowy amala aşyrlan iş üçin işçiniň işine oňat baha bermek); aktiwlik bilen, gyzyklanma bilen diňlemek; anyk düşnükli talaplary öňe çykarmak we olara işçiler bilen gatnaşykda aỳdyňlyk , ykjamlylyk bermek.

Syỳasy prosesleriň çylşyrymlylygy, olaryň yzygiderligi koordinirlenmeginiň zerurlygy, döwlet dolandyryşyň usulynyň we formasynyň demokretizmi dolandyryşyň ″ỳygnaklarynyň″ tejribesinde giň ulanyşa şert döredỳär, onuň maksady bolup (ỳygnak, çalyşmaklyk) maglumatyň toplumynyň çalşylmagy, sintezlenmegi, idealaryň ösdürilmegi dürli ylmy, tehniki guramaçylykly, ykdysady sosial sowallaryň derňew edilmegi, topar möçberinde çözgüdiň kabul edilmegi, işçileriň öňünde goỳlan ỳumuşlaryň tertipleşdirilmegi bolup durỳar. Ỳygnaklaryň netijeliligi birnäçe şertler bilen aỳdyňlaşỳar: Administratiw-hukuk

(Ol nämäni başarỳar?), funksional guramaçylyk (Ol taỳỳarmy we onuň mümkinçiligi, ulanylmagy), sosial psihologik (şu ỳygnak bilen oňa gatnaşỳanlar gyzyklanỳarmy?), fiziologik (gatnaşyjylaryň özüni duỳşy nähili, olaryň maglumatlary bermek we kabul edip almak mümkinçiligi nähili?), tehniki (maglumaty belläp almak we ỳazmak serişdesini edinmek). Elbet-de bu ỳagdaỳda haçanda deň derejede hemme şertler göz öňüne tutulanda geçirilỳän ỳygnak özüniň iň gowy netijesini berỳär. Şonuň üçin ỳygnaga taỳỳarlyk görlende öňünden nämäniň ara alyp maslahatlaşyljakdygyny, onda kimiň çykyş etjekdigini şol maslahatlaryň nädip, nähili görnüşde maslahatlaşylmalydygyny anyklamaly. Ỳygnagyň geçirilmaginiň ỳokary derejede effektiw bolmagyny gazanmak üçin barlagçylar ỳygnagy öte ownuk meseleler boỳunça geçirmezligi maslahat berỳär. (Sebäbi ol ỳygnaga yzygiderli gatnaşyjylaryň ỳüregine düşỳär); Şeỳle-de ỳygnaga 2-3 soragdan artykmaç soraglara seretmezligi, ol soraglaryň tematik taỳdan arabaglanşygynyň bolmagy, ỳygnaga diňe gozgalỳan meselä gyzyklanma bildirỳänleri, çagyrmaklygy, gatnaşyjyaryň sanyny çäklendirmeli; patensial gatnaşyjylary wagtynda öňünde taỳỳarlamak üçin gün tertibiniň meseleleri bilen tanyşdyrmaly; ỳygnagy erkin piker alyşmak, disput görnüşinde hemmeleriň üns bermegi bilen geçirmeli; özem ỳygnagy günüň birinji ỳarymynda uzaklygy 2-3 sagatdan geçmedik görnüşinde adamlar entek ỳadamanka geçirmeli. Sebäbi bu göz öňünde tutulỳan şertler adamlara täze idealary döretmäge mümkinçlki berỳär.

Dolandyryş işiniň guramaçylygynyň güỳçlenmegi onuň amala aşyrylyş prosessindäki berilỳän bahasyna , öwrenilişine, giňeldilişine we peỳdalanylyşyna baglydyr.

Tejribe -(opyt) dolandyryşyň iň ỳokary derejesidir. Bir tarapdan , ol tejribe taydan synaglaryň, barlaglaryň dürli görnüşli dolandyryş peỳdalanylmalaryndan ỳüze çykan netijedir. Diňe tejribe-(opyt) dolandyryş prosessindäki işleriň real amala aşyrylmagynyň netijesinde gazanylan ỳokary netijelere şaỳatlyk edỳär. Beỳleki tarapdan, zehinli, doredijilikli pikirlenỳän inisiatiw wezipedäki adamlar hemişe özleriniň amala aşyrỳan işlerine täze, oỳlanylan , original zatlary girizỳärler. Esasy zat hemişe bu işde yzygiderli täze görnüşleri yzarlap tapmak hem ondaky syrlary ỳokary netijeler üçin berkitmek we aktiwlik bilen halka ỳetirmek.

XX asyryň soňuna çenli milli , dünỳewi görnüşdäki dolandyryşyň dürli hem sosial tipleri ỳüze çykdy we toplandy . Köp dürli monarhik formadaky dolandyryşyň , syỳasy diktatorçylyk režimleriň, uruşlaryň we krizisleriň birnäçe etaplary geçirildi.

50 ỳyldan gowrak wagtdan bäri demokratiỳanyň artykmaçlylary we kemçilikli taraplary baradaky düşünje çuňňur öwrenilip başlanỳar hem onuň effektiwligini we rasionallygyny ỳokarlandyrmagyň mehanizmleri täzeden işlenilip başlanỳar. Dolandyryş tehnologiỳasynyň köpdürli görnüşleri tejribede ỳüze çykaryldy. Dolandyryşyň personalynyň ösüşi üçin dolandyryşyň hukuk usuly belli boldy. Dolandyryş maglumatlary üçin aktiwlik bilen işiň kompỳuter arkaly amala aşyrylmagy ỳaỳbaňlandy. Indi ỳokary netijeleri dolandyryşda gazanmak üçin stimullirlenmegiň roly aỳdyňlaşdyryldy. Diňe ỳekeje zat ỳetenok: isleg we bu zatlary ele almak üçin erk . Dolandyryşyň tejribesiniň oňat aşyrylmagy üçin guramaçylyk gerek we döwlet dolandyrlyşynyň stili üçin möhüm atribut bolmak gerek. Gelejekde adamzat we onuň ỳaşaỳan dürli ỳurtlary uly kynçylykly problemalar garaşỳarlar. Bu çylşyrymly problemalary

çözmek üçin bolsa ỳokary dolandyryş prosessleri möhümdir.

Döwletiň we jemgyỳetiň işiniň konsentirlenen ỳüze çykmalary boỳunça jemgyỳetçilik ösüşindäki döwlet dolandyryşynyň ″öňüni alyş ỳagdaỳyny″ döretmekde esasy zat—döwlet dolandyrlyşynyň hut özüniň amala aşmak prosessi bolup durỳar. Ol dowlet dolandyrlyşynda belli bir maksatlara prinsipler esaslanan podsistemalary görkezỳär. Onuň manysy döwlet doandyrlyşyna öz-özüni üỳtgetmeklik , öz-özünde ösüş geçirmeklik, öž-özüni gowulandyrmaklyk ỳaly taraplary bermekden ybaratdyr.

Döwlet dolandyryşyň **amala aşmasynyň maksadynyň orientasiỳasy** birinjiden , döwlet häkimiỳetindäki dolandyryş täsirinde maksimal ỳokary derejedäki ỳagdaỳy üpjün etmek we dolandyrỳan obỳektleriň—hemme jemgyỳetçilik ulgamynyň ỳerli öz-özüni dolandyryşyny zerurlyklar we kanunçylyklar boỳunça saklamak. Ikinjiden, dolandyryan we dolandyrylỳan obỳektleriň arasynda rasional we effektiw gatnaşygy saklamak. Üçünjiden, döwlet dolandyrlyşynyň guramaçylyk bölümini optimal ỳagdaỳda saklamak. Dördünjiden, dolandyryşdaky hemişelik jemgyỳetçilik sarp edỳän maddy zatlarynyň otnositel we absolỳut azalmagyna gözegçilik etmek. Bäşinjiden, döwlet dolandyryş işiniň formalarynyň usulynyň we beỳleki elementleriniň effektiwligini ỳokarlandyrmak .

Döwlet dolandyrylyşynyň amala aşyrylmagynyň umumy maksadynyň orentasiỳasyny şertli ỳagdaỳda iki maksatly topara bölüp bolar: **içerki** we **daşarky**. Daşarky maksatlar dolandyryjy täsirleriň effektiwliginiň, tertipleşdirilmeginiň we ulgamlaşdyrylmagynyn ỳokarlandyrylmagyndan durỳar. Içerki maksadyň amala aşmagy üçin ilki bilen dolandyryş ulgamynyň özüni, onuň

görnüşiniň gowulanmagyny rasionallygyny, içerki durmuş ukyplylygyny doly durmuşa geçirmeli. Soňra **maksatlar** obỳektiň analiziniň we özgermeginiň netijesinde anyk hem takyk ỳagdaỳa geçỳär. Şonuň üçin hem döwlet dolandyrylyşynyň amala aşyrylyş prosessiniň möhüm elementi -- onuň **maksadynyň ylmy** esaslandyrmasy bolup durỳar, maksadyň esasynda bolsa döwlet dolandyryşy amala aşyrmagyň ỳüze çykmalary, predmeti, strukturasy, aktuallygy, yzygiderligi durỳar. Esasy zat hem, döwlet dolandyryşyny amala aşyrmakda biziň hakykatdanam näme isleỳändigimiz **aỳdyňlaşdyrylmalydyr.**

Döwlet dolandyryşyny amala aşyrmakda maksatlar bilen bir hatarda, olaryň esasy möhüm elementi bolup onuň **predmeti** çykyş edỳär. Çünki, **amala aşyrmakda** nähili real prosessleriň bardygyny bilmek we olary gowulandyrmak zerur. Bar bolan **prosessiň** predmetiniň **ikitaraply häsiỳeti** bar: Gnoseologik we predmet-praktiki , bular öz gezeginde dolandyryşy amala aşyrmakda **obỳektleriň teoretiki** taỳdan we **obỳektleriň praktiki** taỳdan emele gelmesiniň bardygyna şaỳatlyk edỳär.

Umumy hem giňişleỳin ỳagdaỳda döwlet dolandyryş prosessi barada aỳdanymyzda, onuň **predmetiniň bloklarynyň amala aşyrlyşynda** şulary aỳtmak bolar:

a) Dolandyrỳanlaryň we dolandyrylỳanlaryň arasyndaky gatnaşygyň berkemegi we gowulanmagy , bu bolsa ″esasy maksatlaryň ″ amala aşmagyna ỳardam edỳär;

b)Çuň demokratiỳalaşdyrylmagyň, raỳatlaryň prosesslerde giňden gatnaşmagynyň esasynda döwlet dolandyrlyşynyň jemgyỳetçilik taỳdan yzygider ösmegi;

ç) Sosial, guramaçylyk, hukuk şerti , onuň her bir elementiniň effektiwligi maksady bilen döwlet dolandyryş işiniň ulgamlaỳyn rasionallaşmagy ;

d)Dolandyryş tejribesi üçin **girişi** , adamyň obỳektiw işi ele almak we ylmy formalary , usullary, serişdeleri effektiw ulanmagy üçin informasion, guramaçylyk hem beỳleki şertleriň, faktorlaryň, stimullaryň döremegi;
e)saỳlap alnan ulgamyň yzygiderli we ylmy gowulanmagy, peỳdalanylmagy , ähli katigoriỳadaky dolandyryjy kadrlaryň derejesiniň ỳokarlanmagy, döwlet wezipesini inisiatiw , jogapkärçilikli ỳerine ỳetirmekde usullaryn, serişdeleriň we stimul formalaryň ösmegi;
i)sosial-psihologik faktorlaryň giňden ulanylmagy ;

Bular döwlet dolandyrlyşynyň ỳörüteleşdirlen pudaklaryna degişlidir, bu pudaklarda olar hem öwrenilmeli, hem praktiki taỳdan real ỳagdaỳa geçmeli. Döwlet dolandyryşynyň amala aşyrmaklygynyň maksatlarynyň we predmetleriniň çylşyrymlylygy amala aşyryş prosessinde **belli bir prinsipleriň** peỳdalanmaklygy şertlendirỳär.

**Esasy prinsipler:**

Birinji **ulgamlaỳyn** prinsipi, prosessdäki uly göwrümli bölegiň duzümini , döwlet häkimiỳetiniň organlarynyň we ỳerli öz-özüňi dolandyryşyň podsistemalaryny şertlendirỳär.

Ikinji, **kompleksliliк** prinsipi, döwlet dolandyrlyşyndaky elementleriň köpdurlüligini olaryň dürli taraplaryny, mazmunyny, serişdelerini, aspektlerini, formalaryny, usullaryny dolandyryşa real täsir edişi boỳunça anyklamagy talap edỳär.

Üçünji, **tükeniksizlik** prinsipi, döwlet dolandyryşy amala aşyrmakda bu prinsip her gün yzygiderli we gaỳragoỳulmasyz hereket etmeli.

Dördünji,döwlet dolandyryş ulgamy islendik bir ″radikal″ ozgerişi kynlyk bilen başdan gaçirỳär, hat-da öňki yagdaỳyny hem ỳitirỳär. Şol wagt uly bolmadyk hereketler özüniň bitewiligini saklamak bilen ulgamda

amala aşyrlanda, ỳuwaş-ỳuwaşdan ony täze derejä , ukyplylyga eltỳär. Bu prinsip soňunda jemläp alanymyzda**, meỳilnamalaşdyryş** prinsipidir. Ỳokarda görnüşi ỳaly, bu prinsipe ỳetmek üçin ỳuwaş-ỳuwaşdan amala aşyrlan hereketler gerek. Prinsipleriň ählisini hökman biri-biri bilen gowy gatnaşykda, koordinirlenen ỳagdaỳda peỳdalanmak gerek.

Döwlet dolandyrlyşyny amala aşyrmaklygyň prosessinde umumy döwlet derejesinde we ähli jemgyỳetiň masştablarynda doly we dogry guramaçylyk gerek.

Esasan hem ösỳän ỳurtlar döwletiniň ỳokarlanmagy üçin birnäçe ministerlikler , komitetler , komissiỳalar görnüşindäki strukturalary, programmalary düzỳärler we olary durmuşa geçirỳärler. Hat-da syỳasy partiỳalaryň programmalaỳyn dokumentlerinde ỳörite **döwletiň ösüşi üçin niỳetlenen** bölüm bardyr. Muňa mysal, ABŞ, Ỳaponiỳa, Ỳewropa jemgyỳetleri. Döwletiň ỳokarlanmagy, ösüşi babatyndaky bu meseleler, soraglar boỳunça halkara hyzmatdaşlyklary öz ỳerini eỳeleỳär we ol ỳerde ỳörite halkara guramalar hereket edỳär. Meselem, eger-de biz bu babatynda Russiỳa döwletini agzasak , onda döwlet dolandyryşyny amala aşyrmak prosessini häzirki zaman derejesinde guramak demokratik Russiỳada hem edil öz wagtydyr.

## XII. Döwlet dolandyryşynyň hukuk tertibiniň fomalary

Döwlet dolandyryşynyň hukuk tertibiniň elementleriniň we manysynyň açylmagy ilki bilen onuň predmetine we mazmunyna seretmezden ″hukuk tertibini″ umuman aỳdyňlaşdyrmakdan ybaratdyr. Bu düşünje hukuk nazaryỳetinde umumy öwrenilỳänem bolsa, oňa düşünmek üçin dürli usullara gözegçilik edilỳär. Köp babatda tertibiň şeỳle sypatlary manydaş hökmünde ulanylỳar: ″hukuk″, ″kanun çykaryjy″, ″normatiw″, ″ỳuridiki″. Şeỳle-de bularyň özleriniň teoretiki we praktiki manylary we berlen prosessiň derejesine hem ỳagdaỳyna täsir edỳän nỳuanslary bar.

Hukugyň (jus) we kanunyň (lex) tapawutlandyrylmagy gadymy rimlilerden gelip, adamzat taryhyna kepil geçỳär. Milan Bartoşek bu düşünjeleri şeỳle aňladỳar: jus—Rim hukugynyň dürli aspektlerini, onuň dinden, adatdan , obỳektiw hukukdan, subỳektiw hukukdan, sud önümçiligindäki hukukdan aratapawudyny ỳüze çykarỳan esasy düşünjedir; lex—hökmany ỳola goỳlan we Kabul edilen ỳuridiki reglamentasiỳa.

Hukuk adamlaryň jemgyỳetçilik we hususy durmuşy, olaryň zerurlykary şeỳle-de gyzyklanmalary bilen çuňňur baglydyr. Hukuk bu diňe bir ỳokary synpyň häkimiỳeti däl-de , eỳsem aňyň, özüňi alyp barşyň, işiň we adamlar bilen gatnaşygyň kesgitli komponentidir. Hukuk kanunda berkidilen ỳagdayynda özünde ỳuridiki güỳjüň täsirini jemläp bilỳär.

Döwlet organlarynyň ỳerine ỳetiriji we kanun çykaryjy işlerinde hukugyň esasy çeşmesi biziň taryhymyzda, rewolỳusiỳadan soňky we rewolỳusiỳadan öňki döwürde gerekli ünsden peỳdalanylmandyr we hukuk ideasy jemgyỳetçilik pikiri hökmünde yaỳramandyr we ol osüşe ymtylmandyr. XX asyryň başynda bu barada

B.A.Kistỳakowskiỳ şeỳle ỳazỳär: ˝Biziň ˝baỳ˝ edebiỳatymyzyň geçmişinde jemgyỳetçilik ähmiỳetli hukuk barada ỳekeje-de traktat, iş ỳazylmandyr . Ylmy ỳuridiki barlaglar bizde elbetde bolupdyr, ỳöne olar hemişe hünärmenleriň dine gazanjyny düzüpdir…Häzir hem biziň intellegensiỳamyzyň köp dürli idealarynyň ỳerleşen gözỳetimindäki hukuk ideasy hiç hili roly oỳnamaỳar. Diňe edebiỳat biziň jemgyỳetçilik akyl ỳetirişimizde bu probeliň şaỳady bolup çykyş edỳär˝. Biziň günlerimizde şonça ỳyllar geçenden soň demokratik hukuk döwletini gurmak meselesi goỳuldy we hukugyň aň hem sylag-hormat taỳdan ỳagdaỳy gowulyga tarap üỳtgedi.

Hukuk tertibi özi bilen sosial, normatiw we praktiki aspektleri gorkezỳär. Ol diňe kanuny zerurlyklaryň ỳüe çykan ỳagdaỳynda belli bir görnüş hem ugur boỳunça hereket edỳär. Özüňi alyp barşyň resminamalary işlenilip düzülende hemişe adamlaryň durmuşy barada maglumatlary bilmeklik kynçylyklary döredỳär. Ol özüňi alyp baryş bolsa geçmiş baradaky maglumatlaryň esasynda geljekde göz öňünde tutulỳar hem amala aşyrylỳar. Ỳagny sosiologik manyda hukuk tertibiniň prognoz häsiỳeti bardyr. Ol bolsa argumentlere gulluk edỳär.

Berlen aspekt şeỳle-de kanunlaryň manysy barada soragy ỳüze çykarỳar, ỳagny material we prosessual duzumli kanun çykaryjylyk deň derejede şahsyỳetiň hukugyna we azatlygyna gabat gelmek baradaky soragdyr. Bu manyda legitimlik we kanunylyk düşünjelerini tapawutlandyrmak mümkin. Eger-de kanun ỳuridiki normadaky talap boỳunça görkezilen hereketleri esasynda ölçenilỳän bolsa, onda legitimlik hukugyň hut özüniň kanunylygyny, kanunyň nähili derejede jemgyỳetçilik durmuşyny görkezişini we şonuň bilen bile adamlaryň ynamyna girişini görkezỳär. Sosiologik aspekt tertibi üçin prinsipiallaşandyr.

Normatiw aspekt—işläp düzme we normalaryň ỳuridiki berkidilmesi. Bu normalar özleriniň mazmunyna we maksadyna görä baglylykda dürli-dürli kabul edilỳärler; käwagtlar olar azatlygy hem çäklendirỳärler . Binäçe normalar düỳbünden özleriniň çäklerini we sanksiỳalaryny bilmeỳärler, olar adamlara tipiki, konstruktiw, tejribeleri rasional jemgyỳetçilik durmuşynda berỳärler. Ol hukugyň normalarynyň bolümleriniň hataryna şular girỳär: zähmet, maşgala, ỳaşaỳyş, ỳer .

Tradision özüň alyp baryş normasynda üç esasy element tapapawutlandyrylỳar. Gippoteza—şerti , ỳagdaỳy, hereket edỳän durmuş gatnaşygyny görkezỳän norma. Dispozisiỳa—subýektiň etmişinde we hereketinde ýüze çykýan ýuridiki hukuk we borç. Sanksiýa—döwlet häkimiýeti tarapyndan dispozisiýanyň gözegcilik edilmedik ýagdaýynda kabul edilen häsiýetli çözgütler. Hukuk tertibiniň normatiw aspekti köp babatda döwlet organlarynyň ýuridiki özüňi alyp barşyň normalaryny formilirlemegine baglydyr. Islendik bir ýuridiki resminamada hemişe anyklyk , takyk many , esaslandyrlan talap bolmalydyr. Ỳuridiki normalary işläp düzmekde üç sany momentlere düşünmek hökmandyr: özüňi alyp barşyň normasy; olar öz gezeginde durmuş problemalaryny çözenlerinde diňe özüňi alyp barsyň mehanizmini görkezýärler we özleriniň esasy maksadyny diňe praktiki taýdan ulanylanda aýdyňaşdyrýarlar. Ỳöne döredijilik normasynda bu zatlary ýatdan çykarýarlar we şol normalary problemalary çözgüt hökmünde peýdalanmga çalyşýarlar. Netijede—belli ýagdaý: her bir güne täze özüňi alyp barşyň normasy döredilýär. Döredijilik normasy we onuň önümçiligi—özlerinde özüňi alyp barşyň praktikasyny—normanyň durmuşda hakyky hereketini aspektlerinde jemlemelidir. Bu ýerde bir zady bellemek hökmandyr, ýuridiki norma eger-de onuň realizasiyalary

belli bir guramacylyk—döwlet strukturalaryna daýanmasa we olaryň mumkinçilikleri bilen üpjün edilmese, onda ol gury howadyr.

Hukuk tertibi—bu ýuridiki formalary, ýerine ýetirisde hökmany bolan adamlaryň özüni alyp barşyny döretmegiň, paýlamagyň döwlet işidir, ol döwlet işi jemgyýetçilik pikiriniň we döwlet apparatynyn mümkinçilikleri bilen üpjün edilýär.

2.Döwlet dolandyrlyşynyň hukuk tertibiniň predmeti we metody.

Döwlet dolandyrlyşynyň hukuk tertibi—bu döwletiň döwlet organlarynyň guramaçylygy boýunça dowletiň ýerine ýetirýän işidir. Ol aýratyn predmeti özünde jemleýär. Sebäbi ol ýuridiki kesgitlenen dowlet häkimiyetiniň dolandyryş prosesslerinde serişdeler, realizasiýanyň preseduralary bilen baglydyr. Umuman aýdanymyzda onuň esasy wezipesi bolup, döwlet organlarynyň dolandyryş işiniň we guramaçylyk strukturalarynyň, funksiýasynyň, maksadynyň tertipleşdirilmegi bolup durýar.

Döwlet we jemgyýetçiligiň reallygynyň dowlet dolandyrlyşynyň huku tertibiniň predmeti bolup çykyş edýän birnäçe aspektlerini aýratynlandyrmak bolar:

Döwlet dolandyryş taşiriniň emele gelmeginiň serişdesi bolan döwlet bilen jemgyýetiň arasyndaky, raýatlaryň arasyndaky gatnaşyk ; bu ýerde birinji derejeli manyda döwlet dolandyrlyşynyň hukuk mehanizminiň obýektiwizasiýalaşmagy bolup durýar;

organlaryň we döwletiň arasyndaky olaryň alnyp barlyşynyň predmetiniň we döwlet häkimiýetiniň bölünmegi boýunça içki gatnaşyk;

özara erki boýunça adamlaryň arasyndaky gatnaşyk.

Döwlet dolandyrlyşy häkimiýetli dolandyryş täsiridir. Ol döwlete we jemgyýetiň guramaçylyk güýjüne daýanýar.

Döwlet dolandyryjy gatnaşykladaky gatnaşyjylaryň erkin güýjüne däl-de, ol dolandyrlyşy borçly ýagdaýda ýüze çykarýar. Onda döwlet işi bilen meşgullanýan döwlet organlary we işgärleri kesgitlenen ugurda we görnüşde hereket etmäge borçlydyrlar. Döwlet dolandyrlyşynyň manysy bir zatda jemlenýär, ýagny dolandyryş täsiri biri islän wagty ýa-da şoňa bolan birinde isleg dörän wagty formirlenmän , eýsem ol dolandyrylýan obýektlerde zerurlyk ýüze çykýar. Şonuň üçin döwlet dolandyrlyşynda ähli zat ýuridiki taýdan ýazylan bolmaly, şol sanda organlaryň we olaryň çäkleriniň azat işi alyp baryşy hem ýazylmalydyr.

Döwlet dolandyrlyşynyň hukuk tertibiniň merkezinde döwlet organynyň hukuk statusy ýerleşendir. Onuň gowrümi we strukturasy barada ýuridiki edebiýatlarda dürli pikirler bar. Döwlet organynyň hukuk statusy ýuridiki manysy bolan üç topar elementlerden durýar.

Birinjiden, ol özüne döwlet organynyň ýerleşişini we tebigatyny jemleýär. Olaryň kanyn çykaryjy , yerine ýetiriji we sud häkimiýetine degişli bolmagy hukuk statuslarynyň esaslarynyň emele gelmegine getirýär. Bu alamat organlaryň täsir edjiliginiň wertikal we gorizontal liniýalaryny açyp görkezýär.

Döwlet organynyň hukuk statusy döwlet-hukuk tebigatyny we döwlet dolandyrlyşyndaky ulgamyň organynyň ýerini häsiýetlendirmekden ybaratdyr.

Ikinjiden, hukuk statusynyň ″göteriji″ momenti bolup, döwlet organynyň kompotensiýasy—dolandyryjy funksiýalaryň ýuridiki köp dürlüliginiň ýüze çykmasy we aýry dolandyryjy obyektlerde döwlet organy bilen gatnaşykda dolandyryjy funksiýalaryň we güýçleriň ýüze çykmasy bolup çykyş edýär. Bu ýerde ýuridiki taýdan berkidilýär: takyk döwlet organy üçin dolandyryjy funksiyalaryň toplumy; adekwat güýçler; dolandyryjy

funksiýalyň amala aşyrylmagynyň metodlarynyň we funksiýalarynyň güýçleriň düzümi. Ỳuridiki praktikada dolandyryjy funksiýalaryň ýerine dolandyryjy döwlet organlaryny wezipeleri suratlandyrylýar. Netijede, onuň nähili serişde bilen dolandyrmalydygy näbelli bolup galýar. Üçünjiden, döwlet organynyň hukuk statusy özüniň guramaçylyk strukturasynyň ýuridiki berkitmesini göz öňünde tutýar. Her bir döwlet organynyň kompetensiýasy diňe bir reallaşmagy däl, eýsem wezipeli adamlar tarapyndan reallaşdyrylmagy bolup durýar. Umuman aýdanymyzda hukuk tertibiniň predmeti bolup döwlet dolandyrlyşynyň maksady, funksiýasy, strukturasy, formasy, usuly, stadiýasy,prosedurasy , operasiýasy, prinsipi we beýleki köp elementleri çykyş edýär. Bu tertipleşme dolandyryjy institutlatra degişlidir.

Hukuk tertibiniň predmetinde onuň usuly özüniň ayratynlyklary bilen hereket edýär, ol iki momenti häsiýetlendirýär: hukuk tertibiniň subýekti (çeşme) ýagny, organ; many we mazmun . hukuk tertibiniň subýekti döwlet organlarynyň kesgitlenen mümkinçiliklerine, häsiýetine, işiniň çäklerine gönükdirlendir. Ony şeýle tapawutlandyrýarlar: merkzleşdirmek boýunça we imperatiw (ýokardan aşak) boýunça sazlamak;

Desentralizirlenme, dispozitiw sazlamak, munda hukuk sazlama işi ylalaşyk, şertnama boýunça amala aşyrylýar. Dolandyryjy prosessleriň hukuk tertiplerinde şeýle usullary tapawutlandyrylýar:

Pozitiw borç—belli bir adamlar borçnamalary boýnuna ýüklemek; gadagan edilen hereketleri amala aşyrtmakdan ýüz döndertmek;

Rugsat edilen öz hususy aktiw hereketlerine hukuk berilmegi. Ylmy işlerde hukugyň umumy nazaryýeti boýunça ýuridiki normalaryň şeyle klassifikasiýalaryny belläp geçmeli:

Regulýatiw normalar.
Goranyş normalary.
Ỳörüteleşdirlen normalar: umumy, deffnitiw , deklaratiw, operatiw, kollizion (normalaryň arasynday sazlaýyş saýlawlary).

Özüni alyp baryş normalaryň mazmuny boýunça şulary tapawutlandyrmak bolýar: absalýut kesgitlenen, otnositel kesgitlenen, ýagdaýa görä, alternatiw , fakultatiw, imperatiw , dispozitiw, esasy detalizirlenen, wariatiwlenen, umumy aýratyn we maslahat berilýän, giňeldiji.

Şeýlelik bilen döwlet dolandyryşynyň hukuk tertibiniň predmeti bolup döwlet-hukuk institutlary, aňy, özüňi alyp barşy we adamlaryň işi bolup durýar. Bu predmetde dürli hukuk tertibiniň usullaryndan hukuk statusyna yzygiderlilik we maksada okgunlylyk berip biljek serişdeler, usullar , strukturalar, normalar ulanylýar. Şonuň üçin köp zat bu ýerde ýuridiki taýdan şöhlelendirilýän we berkidilýän hukuk formalaryna baglydyr.

Döwlet organlarynyň hukuk ýagdaýyny keskitlemek maksady bilen ulanylýan hukuk formalary olara guramaçylyk strukturasyny, ulgamyny, funksionirlenmeginiň rasionallygyny bermekde esasy ähmiýeti bardyr. Hukuk akty näçe güýçli we ýokary bolsa şonça-da onuň döwlet dolandyrlyşynda umumylygy üpjün etmäge mümkinçiligi ýokarydyr. Şeýle-de döwlet dolandyrlyşynyň hukuk taydan tertipleşdirilmeginiň formalary öz häsiýeti, mazmuny boýunça döwlet dolandyrlyşynyň hukuk tertipli ulgamynyň köp dürlüliginiň sazlaşdyrylmagy zerurdyr.

Şonuň üçin döwlet dolandyrlyşynyň formalarynyň hataryna talaplaryň, dolandyryş usullaryny üpjün edýän zerurlyklaryň birnäçesi girýär. Bu yerde göz öňünde hukuk normalarynyň öz wagtlylygy, we olaryň manysyna görä aktuallygy tutulýar. Döwlet dolandyrlyşynyň hukuk tertibiniň formalary gerekli derejede stabil ýagdaýda

bolmaly. Döwlet organlarynyň status ýagdayyny yzyny üzmän çalyşmak bolmaýar. Sebäbi adamlar ol borçlary düşünip aňlap , ýetişmeýärler. Adamzat durmuşynyň dürli meselelerine jogap berjek soraglaryň mümkinçiligini saklap biljek normalary saýlap almagy başarmak zerurdyr. Bu ýerde esasy zat hukuk normlarynyň dolulygy we içki taýdan sazlaşygydyr.

Kostitusiýalar öz gezeginde jemgyýetçilik gatnaşyklaryndaky kesgitlenen ulgamyň şöhlelenmesi bolup çykyş edýärler we jemgyýete bitewi düzümi bermek bilen onuň işleýşini hem-de ösüşini ýerleýän ″Genetiki kody″ berýär. Beýleki normatiw hukuk aktlaryndan tapawutlylykda konstitusiýany esasy kanun— hukuk hartiýasy hasaplapdyrlar. Konstitusiýa esasy roly kanunçylyk tertibini dürli dolandyryşda özbaşdak ulanyp bilýän subýektleri bolan federatiw döwletde oýnaýar. Şeyle döwletleriň hataryny Russiýa Federasiýasy hem girýär. Onda 89 subýektler öz konstitusiýalaryny (respublikanyň) kabul etmäge hukuk taýdan güýçlidirler. Bu zatlary agzamagymyzyň sebäbi konstitusion derejäniň hukuk aktlarynda häkimiýetiň prinsipleriniň we olaryň emele geliş mehanizmleriniň strukturasy durýandyr.

Konstitusiýa , şeýle-de kanunlar özlerinde ruhy we harplary jemleýär diýip tekrarlaýarlar. Harplar hemişelik hem hakyky bolýarlar, ýöne ruh olara görä güýçlidir. Şonuň üçin hem hemişe harplary (aň, akyl, adalgalar, ýagdaýlar we ş.m.) okamagy başarmaly däl-de, eýsem olaryň içindäki ruhuň manysyny açmak zerurdyr. 1802-nji ýylda Gamilton Konstitusiýany ″kiçijik we ýaramsyz instrument″ diýip atlandyrýar. Ondan 70 ýyl geçenden soň Genri Adams bu barada şeýle diýýar: ″1789-njy ýylyň ulgamy hatardan çykdy. Şonuň üçin respublikanyň tertibi baradaky panihida hem täzelik däldir. Ỳöne Konstitusiýa

we respublika hemişe ýaşaýarlar we biri-birini goldaýarlar״.

Biz Konstitusiýa nähili ähmiýet bersegem ilkinji nobatda onuň ähli esaslaryny praktiki reallaşmagy, onuň jemgyýetiň ösüşine we ýagdaýyna edýän täsiri tutýandyr.

Döwlet dolandyrlyşynyň hukuk tertibiniň esasy formasy bolup kanunlar çykyş edýärler. Kanun—bu aýratyn tertipde döwletiň durmuşy baradaky esasy meseleler boýunça kabul edilen normatiw hukuk aktydyr, ol umumy döwlet güýjüni ýüze çykarýar we ýokary ýuridiki häkimiýete (Konstitusiýadan soň) eýe bolýar. Kanun hukugyň manysy we mazmuny , gözbaşy boýunça material alamatlar bilen häsiýetlendirilýär. Ol bolsa kanunyň ýuridiki esasyny we aýratyn hukuk döredijilik prosedurasyny şöhlelendirýär. Hukuk tertibi kanyn çykaryjylyk formasynda jemgyýetde gerekli abrayyndan peýdalanýar.

Dolandyryş—jemgyýetçilik durmuş işjeňliginiň spesifiki sferasydyr. Dolandyryşdaky gatnasyklaryň hukuk tertibi diňe bir dolandyryş apparatynda hereket edýänleriň gyzyklanmalaryny däl, eýsem dolandyryşa, döwlet organlaryna, umuman ilatyň gür bölegine degişli bolan ýüzleriň ähli̇sini özünde jemleýär. Bu ýerde döwlet dolandyryş padsistemalarynyň dürli guralmagynyň we funksianirlenmeginiň obýektiw taýdan zerurlygy kanunlaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Kanuny hukuk normatiw aktlarynyň hataryna şular girýär:

a)umumy federal;

b)federasiýanyň subýektleriniň umumylygy;

ç)wedomst normatiw aktlary;

d) lokal (içki guramaçylyk);

e)ýerli aktlar.

4.Döwlet dolandyryşyň hukuk tertibiniň strukturasy.

Görşümiz ýaly, hukuk tertibi her hili görnüşi bolan hukuk normatiw aktlaryň köp dürlüliginden durýar. Bu ýerde köp dürlülik hukuk tertibinde bir meseläni çözmek üçin dürli çözgütleriň ulanylmagyndan gelip çykýar. Käbir ýagdaýlarda döwlet organynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş organlarynyň hukuk statusy olaryň ýüze çykarlyşynda ýola goýulýar. Başga bir ýagdaýlarda şol organlaryň hukuk statusyna üýtgeşmeler girizmekligiň zerurlygy ýüze çykýar. Üçünji bir ýagdada ýerli ýola goýuş özüňi alyp barşyň tertibini özünde jemleýär.

Umuman aýdanymyzda hukuk tertibiniň strukturasy iki we duş gelýän ýagdaýlaryň täsiri bilen emele gelýär. Bir ugur boýunça olar hukuk tertibiniň emele gelen hukuk aktlarydyr, beýleki bir ýagdaý boýunça ol döwlet dolandyrlyşynyň hukuk tertibini diktowka edýän döwlet dolandyrlyşynyň elementleri, prosessleri we gatnaşyklarydyr. Şu ýerde onuň döwlet dolandyrlyşynyň tipikligi we unikallygy bilen baglydygyny aýtmalydyrys. Elbetde, dolandyryşda uniwersial usullar dolandyryş işinde giňişleýin we ulgamlaýyn peýdalanylýar.

Döwlet dolandyrlyşynda unikal elementleriň ulanylmagy öz gezeginde giňişligi, özbaşdaklygy , inisiatiwligi talap edýär. Bu ýerde berk hukuk reglamentasiýasy mümkin däldir, ol artykmaçdyr. Eger-de hukuk tertibne şol elementleriň özüni tutuşlygyna gönükdirenimizde , onda usullar, proseduralar , olaryň ulanylmagy üçin gerek bolan ″meýdanyň″ çäkleri özara sazlaşmalydyr. Dolandyryşda kanunylyk keskitlenen çäkleri, masştablary , özbaşdak dolandyryş işindäki mazmuny we jogapkärçiligi göz öňüne getirmän bilmeýär.

Hukuk tertibiniň strukturasy döwlet dolandyryş elementleriniň her birine onuň reallaşmagynyň effektiwligini üpjün edýän hukuk formasynyň berlen görnüşinde bolmalydyr. Ol özüne şulary birikdirýär:

a)kanuny sazlama;
b)döwlet dolandyrlyşynyň elementleriniň normtiw keskitlenilmegi;
w)dolandyryş prosessleriniň içki podsistemalaýyn normatiw sazlanylmagy;
g)uly bolmadyk territoriýalarda özüňi dolandyryşyň sazlanylmagy ;
d)dolandyryjy prosessleriniň hukuk goraýjylygynyň sazlanylgy.

Hukuk tertibinde esasy orun material hem-de prosessual normalara , hukuk mehanizmlerine degişlidir.

Döwlet dolandyrlyşynyň hukuk tertibiniň prosessiniň özi ulgam taýdan guralan ýagdaýda bomalydyr. Onuň amala aşyrylmagynda mümkin bolan aragatnaşyga eýe bolmak gerekdir: döwlet dolandyryş podsistemalarynyň hukuk drejesini kesgitleýän wagt boýunça paýlanylýän hukuk akty; hukuk normalarynyň mazmuny boýunça ; döwlet dolandyrlyşynyň territorial, funksional we beýleki podsistemalaryny özünde saklaýan organlar boýunça; döwlet dolandyrlyşynyň guramaçylyk strukturasynyň birinji deejesine degişli bolan ýuridiki güýçli hukuk aktlary.

## EDEBIÝAT


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
11. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
12. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.
13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.

15. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat, 2009.
16. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat, 2009.
17. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
18. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
19. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi.

(Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna// Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
28. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ýylyň 14-nji maýy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maý.
29. Теория государственного управления М.1997
30. Радугина А. Основы политологии. М.1999
31. Политология М, 1996
32. Краткий политический словарь М.1989
33. Социальное Управление курс лекций. РАГС. М 2000.
34. Социальный Менеджмент. Учебное пособие. М. Высшая школа. 2001.

**Mazmuny**

**Giriş..........................................................................7-8**
**I. Döwlet dolanşygy ulgamlaýýn jemgýetçilik äheňi......9-13**
**II. Jemgyÿetçilik prosesleri döwlet dolandyrşynyñ obÿekti Hökmünde.......................................................................13-17**
**III. Döwlet dolandyryşynyň alnyp barylmagy...............17-27**
**IV. Türkmenistanyň döwlet dolandyryşy.......................27-35**
**V. Döwlet gurluşunyñ we döwlet dolandyrşynyñ formalary.....................................................................36-41**
**VI. Döwlet dolandyrşynyñ guramaçylyk gurluşy..........41-47**
**VII. Döwlet dolandyryşynda kanunçylyk.......................47-63**
**VIII.Döwlet dolandyryşynda kanun esaslary.................64-68**
**IX. Döwlet dolandyrşynyñ ulgamlaÿyn häsÿetnamasy..68-73**
**X. Döwlet dolandyrlyşynyň ulgamlary........................74-99**
**XI. Döwlet dolandyryş prosessinde guramaçylyk......99-109**
**XII. Döwlet dolandyryşynyň hukuk tertibiniň fomalary.................................................................110-120**
**Edebiÿat.................................................................121**

© Döwlet dolandyryşynyň  nazaryýeti
© Muhammet Akmyradow.
©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti